**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**A. Artykow, D.Serdarowa**

# Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk

**(Ýokary okuw mekdebiniň “Geografiýa” hünäriniň talyplary üçin okuw kitaby).**

**Aşgabat- 2010**

**OUT 01.08/00-09**

A.Artykow, D.Serdarowa

Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk. Synag okuw kitaby.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty

*Syn ýazanlar:* geografiýa ylymlarynyň kandidaty, B.Çaryýew geografiýa ylymlarynyň kandidaty T.Babaýewa

2010-njy ýyl. 121 sah.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.

Ylmy redaktor: geografiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent, T.Amanmämmedow

## Giriş.

Garaşsyz,baky Bitarap Türkmenistan döwleti öz ösüşiniň täze eýýamyna, Beýik Galkynyşlar we Täze ykdysady özgertmeler zamanasyna aýak basdy. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmäge, galkyndyrmaga, özgertmäge aýratyn üns we badalga berdi. Onuň döwletiň başyna geçen pursatyndan ilkinji kabul eden permanlarydyr,kararlary Türkmenistanda "Bilim-terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmek", Türkmen ylmyny dünýä derejeleririne çykarmak, taýýarlanylýan hünärmenleriň iş başarjaňlyk derejesini halkara ülňülerine laýyk getirmek barada boldy. Hut şondan ugur alnyp mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerde okuw meýilnamalary, maksatnamalary,ylmyň ileri tutulýan pudaklary özgerdilip, dünýä derejelerine ýetirilip başlandy. Täze okuw dersleri girizilip, okuwyň möhletleri kämilleşdirlip ugrady.Mekdeplerde öwredilmegi zerur hasaplanan "Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk " dersi hem şolaryň biridir.

"Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk" dersini öwrenmegiň maksady ýaşlara
berilýän bilimiň derejesini ýerli maglumatlara daýanyp hil taýdan ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Öz ýaşaýan köçäň, öz obaň,goňşy-golamyň etrabyň,kiçi etrabyň,welaýatyň barada taryhy çeşmelere salgylanyp Hormatly Prezidentimiziň Watan bähbitli tutumly işleri bilen baglanyşdyryp, dogduk mekanyň barada düýpli bilimler bermek,ýurduň beýik ykdysady ösüşlerine
goşant goşmakdan ybaratdyr.

Dersi öwrenmek arkaly berilýän bilim-terbiýeçilik işleriniň derejesini
hil taýdan döwrüň talap edýän derejelerine çykarmak, Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan köpugurly özgertmelerine buýsanç, Watana söýgi,Hormatly

Prezidentimize, Türkmenistan diýarymyza ynsanperwer hünärmen ýaşlary terbiýelemek,öz ýaşaýan obaňa,ülkäňe, etrabyňa,şäheriňe, onuň tebigatyna, tebigy baýlyklaryna, ilatynyň ýaşaýyş derejesine,köpugurly hojalyk pudaklaryna, zähmet adamlaryna hormat goýmak, gözellik, ahlak, ekologik,ykdysady, watançylyk ruhly terbiýeler toplumyny bermeklikdir. Şonda Hormatly Prezidentimiziň "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr" diýen parasatly pähiminiň mazmunyny, ýerli maglumatlar, gezelençler, syýahatlar, jahankeşdelik we beýleki usullar arkaly her bir ýaş ynsanyň aňyna, ýüregine ýetirmek arkaly watan barada has giň, has köp düşünje bermek, ülkäňe buýsanjy, söýgini, tebigata we onuň baýlyklaryna guwanmak terbiýesini bermek arkaly Hormatly Prezidentimiziň "Bilim-terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmek" baradaky Maksatnamalaryna goşant goşmak öwrenmäge girişilen bu dersiň esasy wezipesidir. Mekdep ülkäni öwrenişi geografiýa dersleriniň ulgamy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olary bolsa biri-birinden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däldir. Türkmenistanyň orta mekdeplerinde öwredilýän V-IX synplaryň geografiýa dersleri biri-biriniň üstüni dolduryp durýar. Elbetde her synpda öwrenilýän dersiň öz aýratynlyklary bar. Fiziki geografiýa dersleri öwredilende geologiýa, toprak geografiýasy, meteorologiýa gidrologiýa ýerüsti keşbi-geomorfologiýa ugurlaryndan meýdan şertlerinde terbiýeçilik, ykdysady geografiýa ugurlaryndan ilat, hojalyk we onuň pudaklary, ulaglar we aragatnaşyk, dolandyryş-çäk bölünişigi aýratynlykda, uly synplarda bolsa käte hemmesi toplumlaýyn öwrenilýär. Şonda esasy we üns berilýän bilim terbiýäniň netijeli we hil tarapyna berilýär. Ony ýokary hilli berjaý etmek geografiýa mugallymlarynyň başarjaňlygyna işjeňligine, ugurtapyjylygyna, okatmak we terbiýe berijilik işine jany-teni bilen berlenligine öz ýaşaýan ýeriniň taryhyny, şu gününi, geljegini oňat bilýänligine, iň esasysy bolsa okatmagy dürli usullar arkaly gurap bilşine baglydyr.

Geografiýa mugallymy (egerde olar mekdepde birnäçe bolsa, bileleşip) mekdepde dersleri özara bir ulgama berk baglanyşdyryp ülkäni öwrenişiň guralyşyny,okadylyşyň häzirkizaman toplumlary bilen utgaşdyrmagy başarmalydyr. Her bir synp aýratynlygy, okuwçy aýratynlygy nazarda tutulyp ülkäni öwreniş işleri meýilleşdirilmelidir. Ülkäni öwreniş okuwçylaryň ýaş aýratynlygy, öwrenilýän sapaklaryň görnüşleri esasynda alnyp barylmalydyr. Geografiýa dersleri arabaglanyşygy biri-birini gaýtalamaly däl. Her synpyň geografiýa dersleriniň öwredilişiniň ülke maglumatlaryny peýdalanmakda öz mynasyp orny hasaba alynmalydyr. Bu bolsa geografiýa dersleriniň her biriniň öz mynasyp orny, wezipesi, öwrenýän pudagy bardyr diýildigidir.

Geljekki ýurt eýeleri, ertirki hünärmenler başarjaň hem guramaçy, guýmagursak bolmaly, onuň ýüki ýetik, bilimi, durmuş tejribesi ýetik, öz ýaşaýan ýeri barada köp düşünjeli, giň göz ýetimi bolan we dünýä garaýyşly ynsan bolup ýetişmelidirler. Ýaşlykdan öz dogduk obaňy gowy öwrenseň, geçmiş bilen şu günüň tapawudyna, ruhy galkynyşyň ýeten sepgitlerine aýdyň göz ýetirip bilersiň. Öz dogduk mekanynyň obanyň mähriban hem gözel tebigatyny öwrenmek, Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda bitirilýän ägirt uly işleri synlamak, ösýän, özgerýän, gurulýan, galkynýan watanyňa guwanmak, begenmek ösüşlerine şärik bolmak bagty kiçi we uly ýaşly okuwçylarda, talyp ýaşlarda deňsiz- taýsyz söýgi döredýär. Dürli ugurly hünärler edinmek, watana peýdaly raýat bolmak terbiýesini berýär.

Mähriban watanyň topragynda köp syýahat etdigiňçe, köp zatlar gördügiňçe, onuň tükeniksiz, ümmülmez giňişliklerine, tebigatynyň owadanlygyna şonçada köp haýran galýarsyň. Beýik we eziz Watanyňy şonçada köp söýýärsiň.

Elbetde ony talapkär, watansöýüji, ruhubelent geografiýa dersini okadýan mugallymyň peýdalanýan ülkäni öwreniş prinsipli okadyş usuly arkaly gazanyp bolar.

Eýsem **“ülkäni öwreniş”** näme? **<u>Ülkäni öwreniş</u> -** ýerli ilatyň dogduk mekany, obasy, ýaşaýan köçesi, şäheri, ülkesi hasaplanýan ýurduň bir bölegini hemmetaraplaýyn öwrenmeklik diýmekdir.

Ülkäni öwreniş – bu tebigat we jemgyýetçilik barlaglarynyň toplumlaýyn utgaşykly ulgamydyr. Ülkäni öwreniş öz ýaşaýan ýeriňiň tebigatyny, ilatyny hojalygyny, taryhyny we medeniýetini öwrenýär. Toplumlaýyn (kompleksleýin) ülkäni öwreniş şol meseleleriň hemmesini özara baglanyşykly, pudaklaýyn ülkäni öwrenişde bolsa olary aýry-aýralykda öwrenýär. Ülkäni öwreniş tebigaty, medeni ýadygärlikleri goramak wezipeleri bilen baglanyşykda ösdürülýär. Ülkäni öwrenişiň esasy wezipesi bolsa informasiýalar, medeniýete degişli materiýal – maddy predmetler – zatlar, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň nusgalary, ülkäniň hojalygynyň we medeniýetiniň beýleki maglumatlaryny toplamakdyr. Olar ders mugallymlarynyň gözegçiliginde we ýolbaşçylygynda gezelençleri we syýahatlary guramak arkaly amala aşyrylýar we bilelikde ülkäni öwreniş, syýahatçylyk diýip atlandyrylýar. Geçen asyryň başynda Türkmenistana syýahat eden belli rus-sowet alymy akademik A. Ýe. Fersman: “Biz tebigatyň çuňňur we paýhasly barlanmagy netijesinde diňe bir düşünjäniň dälde, eýsem işiň hem döremegini isleýäris. Biz Watanymyzyň giň gujagynda ýöne gezip ýörmek bilen çäklenip bilmeris. Biz ony özgertmeklige gatnaşyjylar hem-de täze durmuşy döredijiler bolmalydyrys” diýip syýahatçylyga, jahankeşdelige aýratyn üns bermelidigini belläpdi. Gezelençler, syýahatlar, jahankeşdelik diňe ýurduňy içgin bilmek bolman eýsem terbiýäniň bir bölegi hasaplanýan bedenterbiýedir hem.

Okuw ýörişleri gezelençler diňe ýoldaşlyk duýgusyny ösdürmäge dälde eýsem bedeniňi berkidýär, mertligi, tutanýerliligi, ugurtapyjylygy ösdürmäge hem kömek edýär. Öz gözüň bilen görüp synlamak arkaly töweregimizdäki tebigat,

hem-de ýaşaýyş bilen tanyş bolmak, açyk howada bolmak, pyýada, haýsy hem bolsa ulagyň bir görnüşinde gezip görmek, ol zatlary kitaplardan, gazet-žurnallardan okap bileniňden has gyzyklydyr we özüne çekijidir.

Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk gadymy hem ýaş, garramaýan geografiýanyň aýrylmaz bir bölegidir, okadylyşyň bir usulydyr. Ülkäni öwreniş usulynyň geografiýa derslerinde peýdalynylyşy ýaly artykmaçlyk ýokdur.

Netijede ülkäni öwrenişi taryh, tebigat, geografiýa, arheologiýa ýaly tapawutlandyrmak bolar. Geografiýa bilen ülkäni öwrenişiň öwrenýän obýektleri we usullary gabat gelýär. Käteler ükäni öwrenişi "kiçi geografiýa", "kiçi watany öwreniş" diýip hem atlandyrýarlar. Käbir alymlar bolsa ülkäni öwrenişi öz ýaşaýan ýeriňiň, dogduk mekanyňyň geografiýasy hem diýýärler.

Ülkäni öwrenişiň guralyşy, wezipesi we görnüşleri boýunça (formasy) şeýle tapawutlandyrýarlar.

**1. Döwlet ülkäni öwrenişi.** Ol gönüden göni döwlete dahylly bolup gözegçiligi arçynlar, häkimler, ministrler kabineti amala aşyrýar. Taryhy, taryhy- - geografiki, tebigy mirashanalar (muzeýler) ylmy barlag edaralary we guramalary hem oňa gatnaşýarlar. Bu topara degişli muzeýler welaýat merkezlerinde, paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşip, olarda halkymyzyň döreden milli we taryhy, ruhy miraslary, Türkmenistanyň Baş Milli muzeýi, Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýi, Türkmenhaly Mirashanasy, ruhy buýsanjymyza öwrüldi. Gurulýan tebigat muzeýleri hem olaryň üstüni ýetirer.

**2.Mekdep ülkäni öwrenişi.**Ol esasan mekdeplerde okuw-terbiýeçilik işleriniň köpugurlulygy bilen bagly wezipeleri çözýär.

Onda okuwçylar mekdebiň golaýynda mugallymyň ýolbaşçylygynda dürli çeşmeler arkaly gözegçilik geçirýärler. Okuw terbiýeçilik

mazmunly maglumatlary toplaýarlar. Mekdep ülkäni öwrenişiniň esasy aýratynlygy, muňa mugallym we okuwçylar gatnaşýarlar. Onda mugallym öwreniljek, syn ediljek ýeri özi saýlaýar, kesgitleýär.Okuw meýilnamasy esasynda geçiriljek barlagy anyklaýar, synpy, işi ýerine ýetirjek okuwçylar toparyny,barlag usullaryny anyklaşdyrýar hem-de olara ýolbaşçylyk edýär.Onuň netijeli bolmagy hem okuwça, hem mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Toplanan maglumatlar örän uly peýda berip biler. Ülkäni mekdepden öwrenip başlamak bolsa, ýaşlaryň geljekki ylmy barlag işleriniň ilkinji başlangyjydyr. Mekdep ülkäni öwrenişini daşky gurşawy goramak, ekologiki meseleleri çözmäge gönükdirmekligiň hem ähmiýeti uludyr.

**3. Jemgyýetçilik ülkäni öwrenişi.** Onuň düzümine medeniýet öýleri,syýahat-gezelenç, jahankeşdelik edaralary we hususy-özbaşdak ekskursion toparlar degişlidir. Olar gezelençleri, syýahatçylygy, jahankeşdeligi guraýarlar. Ülkäni öwrenilişiň jemgyýetçilik-syýasy, sagaldyş işlerinde, medeni aň bilim, ruhy galkynyş işlerinde ähmiýeti örän ulydyr. Onuň okuw-terbiýeçilik, bilim berijilik işlerindäki ornunyň bolsa bahasy ýokdur.

Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk dersi tutuş bir göwredir. Olary biri-birinden aýratynlykda göz öňüne getirmek mümkin däldir. Yokarda belläp geçen düzüm böleklerimiz biri-biri bilen eriş-argaç sepleşip gidýär,üstüni doldurýar. Döwlet ülkäni öwrenişi döwlet tarapyndan amala aşyrylýar, maliýeleşdirilýär, berk gözegçilik edilýär. Toplanan maglumatlar, nusgalar berk ygtybarly saklanýar,üsti ýetirilýär, doldurulýar. Ýörite ylmy barlaglar geçirilip, sergiler guralýar. Olar ýerli, sebit, döwlet mirashanalarynda tapylgysyz miras hökmünde aýawly saklanylýar, goralýar. Hemmeler öwrener, görer ýaly şertler döredilýär.

Mekdep ülkäni öwrenilişi bolsa okuw terbiýeçilik işlerini guraýar. Onuň maksady okuw meýilnamalaryny oňat özleşdirilmegi sapak wagty, sapakdan daşary çäreler arkaly guramakdan, synpyň okuwçylarynyň ählisini onuň işine çekmekden, okuw maksatnamasyna girizilmedik mowzuklary gezelençler, syýahatlar gurap (okuwçylary mejbur etmezden, meýletin) okuw terbiýeçilik işlerini netijeli ugra gönükdirmekden, çagalar we ýetginjekler edaralary bilen bile ülkäni öwreniş gurnaklaryny guramakdan ybaratdyr. Jemgyýetçilik edaralarynyň wezipesi bolsa sebitlere, tebigatyň täsin ýerlerine, taryhy medeni ýerlere syýahatlary, dünýä ýurtlaryna, sagaldyş, dynç alyş ýerlerine jahankeşdeligi gurap, medeni dynç alyş, saglygy berkitmek arkaly sagdyn raýatlary ýetişdirmekden ybaratdyr. Iň esasy zat bolsa Watansöýüjiligi, tebigata aýawlylygy, hakyky watana berlen ýaşlary terbiýelemekden ybaratdyr.

## §1. Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynyň Bilim ulgamynda ülkäni öwrenişiň we syýahatçylygyň orny.

Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan bir agyzdan ykrar edilen Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz meýdanynyň ululygy boýunça dünýäde 50-nji, ilat sany boýunça 140-njy ýeri eýeleýär. Şeýle derejeli ýurtda ýaşaýanlygymyz üçin biz özümizi bagtly ynsanlar hasaplaýarys. Beýik Taňrynyň nazar salan ýyl boýy güneşli, täsin tebigatly, Mendeleýewiň periodik sistemasyndaky ähli elementleri özünde jemleýän, dürli ir-iýmişlere eýe bolan ýurt bu gün ösýär, özgerýär, gurulýar, özüniň Hormatly Prezidentiniň töweregine berk jebisleşip, onuň tutumly işlerini goldap, alyp barýan döwletli, il bähbitli içeri we daşary syýasatyny makullap Beýik Galkynyşlar, ykdysady özgertmeler ýoly bilen müňýyllyklary nazarlaýan asuda, rahat durmuşly

önüm bolçulykly ýagty ertirlerine, röwşen geljegine barýar, ony gurýar, döredýär. Halkara bileleşiginde özüniň mynasyp ornuna eýe bolýar. Hemme taraplaýyn täzelenýän, ilatynyň eşretli durmuşda ýaşamagy, özgertmeleriň dünýä derejesinde bolmagy ugrunda ýadawsyz işleýän ýurdumyzyň Prezidentiniň başlangyjy bilen ilatymyzyň milli medeni-ruhy baýlyklary, gymmatlyklary, geçmişde toplanan hazyna-mirasymyz tutuşlygyna halkymyzyň özüne gaýtarylyp berilýär. Bular tutuş ýurtda ykdysady, hojalyk ulag, aragatnaşyk ulgamlaryndaky ýaly bilim-terbiýeçilik, ylmy-tehniki öňe gidişler toplumlaryna hem gös göni degişlidir. 2007-nji ýylyň fewralynda halkymyz tarapyndan biragyzdan saýlanan Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Döwlete baştutan bolan gününde Türkmenistanda täze döwür Beýik Galkynyşlar we ykdysady özgertmeler eýýamy-türkmeniň Galkynyş zamanasy başlandy. Hormatly Prezidentimiz Döwlet baştutany hökmünde kasam kabul edeninden soň (14.02.2007-nji ý.) bilim-ylym ulgamlary täze basgançaklara ýokary göterildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda çykaran ilkinji permany "Bilim-terbiýeçilk edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda", şol ýylyň 4-nji martynda kabul eden karary "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek" hakynda boldy. Ozalky dowam eden okuw möhleti orta mekdeplerde 10 ýyla, ýokary okuw mekdeplerinde 5 ýyla, käbir hünärler boýunça 6 ýyla ýetirildi. Çagalar baglarynda, mekdeplerde toparlaryň düzümi, synplarda okuwçylaryň sany 25-30 birlige çenli azaldylydy. Mekdepleriň, ýokary mekdepleriň öwredýän dersleriniň hili dünýä talaplaryna ýetirildi. Täze okuw dersleri, saglyk, bedenterbiýe, daşary ýurt dilleri, daşky gurşawy goramak, ýaşaýyşy öwreniş, jemgyýeti öwreniş ýaly hem-de alýan hünäri boýunça zerur hasaplanan dersler girizildi. 2007-nji ýylyň 30-njy martynda Maryda geçirilen döwlet maslahatynda 2007-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işgärleriniň

aýlyk haklary, talyp haklary ilkinji nobatda ýokarlandyryldy. Mugallymylaryň, terbiýeçileriň, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň iş ýükleri kadalaşdyryldy. 2008-nji ýylyň 12-nji iýunynda Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet Uniwersitetinde geçirilen göçme hökümet mejlisinde Ylymlar akademiýasynyň işine seredildi. Aspiranturalar, doktaranturalar, ordinaturalar (medisina ugry boýunça) täzeden açyldy. Bular Türkmenistanda "Bilim –terbiýeçilik ulgamynyň" işiniň dünýä ölçegleriniň ülňülerine laýyk getirilmeginiň beýik başlangyjy boldy. Döwlet baştutany hökmünde Hormatly Prezidentimiziň gol çeken bu resminamalary Türkmeniň Täze Galkynyşlar we Beýik özgertmeler zamanasynda, altyn asyrymyzda hemmetaraplaýyn ösen, dünýä ylymlaryna akyl ýetirip bilýän täze nesli kemala getirmegiň, beden, ruhy taýdan sagdyn raýatlary kemala getirmegiň, hünär derejesi ýokary, islendik wezipeden baş çykaryp bilýän hünärmenleri taýýarlap, kemala getirmegiň anyk we aýdyň ýollaryny salgy berýär. Ýyllar bu beýik başlangyjyň nä derejede dogrudygyny tassyklady. Türkmen okuwçylary dersler boýunça geçirilýän Dünýä bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edýärler. Soňky ýyllarda bu ugurda ýaşlarymyz baýrakly orunlary eýeläp watanyň abraýyny has beýgeldýärler. Ähli ugurlar boýunça Döwlet möçberinde ders bäsleşikleri yzygiderli ýola goýuldy. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen mekdep okuwçylarynyň çagalar baglarynda terbiýelenýänleriň arasynda ýaş aýratynlyklary bilen bagly döredijilik, çeper döredijilik, sungat – aýdym – saz folklor, „iň eýjejik gyzjagaz“,saýrak jüýjeler, okuwçy gözeli, „Ýaňlan diýarym" ýaly bäsleşikler, sport ýaryşlary guralyp, ýeňijiler döwlet derejesinde sylaglanýar. Mekdepleri gutarýan aýratyn zehinli okuwçylar dünýäniň abraýly okuw jaýlarynda okamaga talyplyga kabul edilýär. Türkmenistanly ýaşlaryň her ýyl müňlerçesi Russiýa Federassiýasynyň, Hytaý Halk respublikasynyň, Belorussiýanyň, Rumynýanyň, Türkiýänyň, Horwatiýanyň,

Günorta Koreýanyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň we beýleki döwletleriň ýokary okuw mekdeplerine ugradylýar. Paýtagtymyz Aşgabatda, welaýat merkezlerinde, käbir şäherlerde aýratyn zehinli çagalaryň mekdepleri, mekdep internatlary, Döwletliler köşgi ýaly bilim ojaklary işleýär. Çagalaryň dynç almagy, saglygyny dikeltmegi üçin Gökderede, Awazada dynç alyş merkezleri ýylyň bütin dowamynda işleýärler. Aşgabatda, welaýat merkezlerinde ýörite çagalara niýetlenen dynç alyş toplumlary, sport toplumlary, “Buz köşgi”, ertekiler dünýäsi, gurjak teatrlary çagalaryň hyzmatynda. Türkmen telewidiniýesiniň “Ýaşlyk ýaýlymy, ,,Güneş” žurnaly, ,,Nesil” gazeti okuwçylara ýörite niýetlenendir. Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan bilim ulgamyndaky tutumly işlerini okuw usuly kitaplarsyz, görkezme esbaplarsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Şeýlelikde bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde ýurdumyzyň geljegi, ýaş nesle bilim-terbiýe bermek işini döwrüň ösýän, özgerýän talalaplaryna laýyk kämilleşdirmek baş wezipesi bolup durýar. Olaryň esaslarynyň biri hem okatmagyň usullaryny kämilleşdirmek, okuw serişdelerini dünýä ölçeglerine laýyk taýýarlamakdan ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiziň ,,Bilim terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” permany we ,,Türkmenistanda Bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” kabul eden karary onuň özüniň ýolbaşçylygynda taýýarlanan “Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanunynda has ösdürildi. Bu kanunynyň 2-nji maddasynda döwlet syýasatynyň ýörelgelerinde bilim babatda döwlet syýasaty aşakdaky ýörelgelere esaslanýar.

1). Öz ukyplaryny we zehinlerini doly ulanyp bilmeginde her bir adamyň
hukuklarynyň deňligi.

2). Bilimiň ynsanperwer häsiýeti, umumyadamzat gymmatlyklarynyň,

adamyň janynyň we saglygynyň, şahsyýetiň erkin ösmeginiň ileri tutulmagy.

3). Bilimiň Türkmenistanyň halkynyň milli taryhy, medeniýeti we däp-
dessurlary bilen sazlaşykly arabaglanyşygy.

4). Raýatlyk we watan söýüjilik, zähmetsöýerlik, adam hukularyna we
azatlyklaryna sarpa goýmak, daş-töwerekdäki tebigata, maşgala, watana
söýgi duýgylaryny terbiýelemek.

5). Döwlet tarapyndan berilýän bilim hyzmatlarynyň ähli görnüşleriniň
Türkmenistanyň her bir raýaty üçin elýeterli bolmagy.

6). Her bir raýat üçin umumy orta bilimiň hökmanylygy we döwlet-bilim
edaralarynda onuň mugtlugy.

7). Bilimiň üznüksizligi we onuň basgançaklarynyň biri-biri bilen
baglanyşykly yzygiderliligi.

8). Bilim ulgamynyň ylym we önümçilik bilen utgaşmagy hem-de onuň
beýleki ýurtlaryň bilim ulgamlary bilen özara baglanyşygy zerur
hasaplanýar. (Türkmenistan gazeti №216. 20-nji awgust. 2009 ýyl.)

Şu kanununyň 23-nji maddasy bolsa mekdepden daşary okuwa we terbiýä bagyşlanandyr. Onuň birinji bölüminde: Mekdepden daşary okuw we terbiýe bilim ulgamynyň aýrylmaz bölegidir we çagalaryň, okuwçy ýaşlaryň ukyplaryny we zehinlerini ösdürmäge, olaryň gyzyklanmalaryny, ruhy talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

2). Çagalaryň we ýaşlaryň köptaraply gyzyklanmalaryny we ukyplaryny ösdürmek maksady bilen

mekdepden daşary bilim edaralarynyň ulgamy döredilýär: medeni estetiki, tebigy ylmy, tehniki, sport we beýlekler.

Bilim hakynda Türkmenistanyň täze kanunyny amala aşyrmak, berjaý etmek ähli ugurdaky dersler bilen bile geografiýa dersine we olary okadyp bilim terbiýe berýän mugallymlaryň, hünärmenleriň watanyň öňündäki beýik hem-de mukaddes borjudyr. Öwrenýän“Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk” dersimiz bolsa geografiýanyň aýrylmaz bir bölegidir.

Ýokarda belläp geçen permanlarymyz, kararlarymyz, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda taýýarlanan „Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanuny “Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk” dersinden Täze Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynda oýlanyşykly, bilim-terbiýe berijilik derejesi ýokary bolan okadylyşy talap edýär. Täze şertler diýilende hazirkizaman ylmy tehniki özgerişler, dünýä bilim ulgamyndaky gazanylýan, durmuşa ymykly ornaşýan tehnologiýalar, okatmagyň interaktiw-multimediýa usularyna içgin aralaşyp bilmek, okuwçynyň öz daş töweregindäki bolup geçýän wakalara, hadysalara akyl ýetirip bilijilik we ukyplaryna aralaşyp bilmek, onuň ruhy dünýäsindäki öwrülişiklerine düşünmek göz öňüne gelýär. Bu gün tutuş ýurtda okuw meýilnamalary täzelenýär, okuw kitaplary, okuw usuly esbaplar döwrüň özgerýän talaplaryna laýyk getirilýär. Her oba, köçe, daýhan birleşigi, etrap, kiçi etrap, welaýat ösüp özgerip dur. Ýollar, köprüler, desgalar, ruhy gymmatlyklar – teatrlar, stadionlar, mekdepler, çagalar baglary, sagaldyş öýleri, ilata hyzmat edýän ulgamlar düýnkiden has başga hili özgerýär. Türkmenistanyň ähli obalary, kiçi etraplary, oba we şäher etraplary, şäherçeler, şäherler, welaýatlar, Awaza, Garagum, Köpetdag, Köýtendag tutuş gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Edilýän işlere akyl ýetirmek olaryň ösüşine özgerişine buýsanmak ülkäni öwrenişi, syýahatçylygy okadýan mugallymdan täzeçe pikirlenmegi,

gözlemegi, agtarmagy, maksada okgunlylygy aýratyn talap edýär. 2009-njy ýylyň tomsunda (iýulyň 8-i) ,, Awaza” Milli syýahatçylyk zonasynyň 1-nji tapgyrynyň işe girizlmegi “Watançy”, “Hazyna”, “Çarlak” myhmanhanalarynyň ulanmaga berilmegi Türkmenistanda syýahatçylyk toplumynyň täze eýýamynyň başlanandygynyň buşlukçysydyr. Bu ýerde dynç almak, saglygyňy dikeltmek, gezelenç, syýahat etmek jahankeşdelik bilen utgaşdyrylýar. Ol diňe uly ýaşlylar üçin bolman eýsem çagalar, okuwçylar, ýaşlar üçin tolgundyryjy wakadyr. Ülke maglumatlaryny ýygnap, öz Watanyňa gezelenç, syýahat edip toplan, öwrenen zatlaryň barada buýsanyp bilim terbiýeçilik işlerini guramakdan uly bagt ýokdur. Watana, onuň tebigatyna guwanmak, buýsanmak gözellik terbiýesini bermek, Türkmenistana wepaly ýaşlary, Hormatly Prezidentimize sylag-hormatly geljekki ýurt eýelerini kemala getirmek bolsa täze şertlerde mugallymyň mertebesini abraýyny, zehin ukybyny kesgitleýji terezidir.

Geografiýany we ony okatmagyň ülkäni öwreniş prinsipi we çemeleşmesi üçin esasy ylmy nazary usullar Täze Galkynyşlar we Beýik özgertmeler zamanasynda mugallymlar üçin ähmiýeti juda uly baýlyk-gymmatlyklardyr. Ol baýlyklara içgin aralaşyp, ilik-düwme öwrenen bilim-ylym işgäri bolsa ýurduň baş baýlygydyr. Okatmagyň, bilim-terbiýe bermegiň gözbaşynda bolsa Hormaty Prezidentimiziň Türkmenistanda “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” (15.02.2007ýyl.), “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” (04.03.2007 ýyl.) karary, 2009-njy ýylyň 19-njy awgustynda kabul edilen “Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanuny, Türkmenistanyň baş kanuny, Konstitusiýasy (oktýabr 2008 ýyl.) dur. Okatmagyň dürli usullaryny gözleýän, agtarýan mugallymlar üçin bolsa Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýyldan bäri yzygiderli sowgat-peşgeş berýän kitaplary: “Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary”, “Türkmenistan

sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy”, “Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr”, “Ösüşiň täze belentliklerine tarap” atly kitaplary, “Ahalteke bedewi biziň buýasnjymyz we şöhratymyz”, “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly kitaplary, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow Gysgaça terjimehal kitaby, onuň Ministrler kabinetiniň mejlislerinde eden çykyşlary, daşary ýurtlara we ýurdumyzyň welaýatlaryna sapary wagty eden çykyşlary, Ylymlar akademiýasynda, ýokary okuw mekdeplerinde eden çykyşlary baş ýol ýörelgämiz-nazary usulymyzdyr. Hormatly Prezidentimiziň 2009-njy ýylyň 5-nji martynda Ýaşulularynyň Lebap welaýatynda geçirilen maslahatynda eden çykyşynyň bir uly bölegi ülkäni öwreniş we syýahatçylyk bilen gös-göni bagly boldy. Şonda Döwlet baştutany ülkäni öwreniş esasynda mekdeplerde, obalarda, etraplarda mirashanalary döretmegiň baş ugurlaryny salgy berdi. Aşgabatda, welaýat merkezlerinde taryhy ülkäni öwreniş muzeýlerini-mirashanalary döretmek hakyndaky permanlary, olara goýberilýän serişdeler barada gol çekýän kararlary mugallym üçin ülkäni öwreniji, syýahatçy üçin usuly nazary esasdyr.

Döredijilikli işleýän mugallym-terbiýeçi üçin welaýat gazetleri, merkezi gazet-žurnallar, Türkmenistanyň tele-radio ýaýlymlary baş usuly maslahatçydyr.

## §2. Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk dersiniň ösüş taryhy.

Dünýäniň gadymy ylymlarynyň biri bolan geografiýa adamzadyň ösüş medeniýetiniň–siwilizasiýanyň başlanan döwürlerinden gözbaş alyp gaýdýar. Döräli bäri ençeme özgerişlikleri başdan geçiren geografiýa biziň günlerimizde juwanlanýar,täzelenýär,şahalara bölünýär.Netijede bolsa ondan edilýän talaplar özgerýär.Okatmakda ondan edilýän mazmun

hem üýtgeýär.Onuň okadylyşynyň, öwredilişiniň aýrylmaz bölegi bolan “Ülkäni öwreniş ”çemeleşmeleri hem täze many-mazmuna eýe bolýar .Häzirki ylmy-tehniki progresiň, öňe gidişlikleriň zamanasynda okatmagyň multimediýa,interaktiw usullary bilim-terbiýeçilik işinde berk ornaşýar.Geografiýanyň ders hökmünde öwredilip başlanan pursatyndan bäri ençeme täzelikler,açyşlar bolup geçdi.Şonda geografiýanyň we onuň öwredilişiniň ülkäni öwreniş prinsipiniň ösüş aýratynlyklarynyň taryhyna gysgaça ser salmak zerur we hökmanydyr.Häzir öz ösüşiniň Täze Galkynyşlar zamanasynda dünýäde mynasyp ornuny eýeleýän Türkmenistan Watanymyz geçmişde Russiýanyň we dargan Soýuzyň düzüminde bolupdy.Russiýada bolsa okuw dersi hökmünde geografiýany okatmak XVIII asyryň başynda girizilipdi. Şol döwrüň mekdeplerinde okuwçylara berilýän geografik düşünjeler dürli mazmunly maglumat beriji häsiýetde bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde bolsa mekdeplere ülkäni öwreniş pikirleri-ideýalary aralaşyp başlapdyr. Görnükli rus alymy M.W.Lomonosow 1761-nji ýylda ýerli ilatyň çagalaryny ülkäni öwreniş boýunça barlaglary geçirmäge ilkinji synanyşyklary etmäge girişipdir. Şonda öz ýaşaýan ýeriniň mineral baýlyklarynyň nusgalyklary toplanyp bilesigeliji çagalarda bu işe uly gyzyklanmalar döräpdir.

Görnükli alym ülkäni öwreniş boýunça 30 soragdan ybarat ilkinji anketany düzüpdir.Ony amala aşyrmaga ýörite ekspedisiýa guralman, ýerli ilatyň kömeginden peýdalanylypdyr.1782-nji ýylda şäherlerde başlangyç uçilişeler açylýar.Olar mekdeplerde ülkäni öwrenişiň esasyny goýupdyr.1788-nji ýylda başlangyç okuw jaýlarynyň resminamalaryna döwlet derejesinde seredilýär.Şonda 4-nji synpdan başlap onuň mugallymlaryna ülkäni öwreniş çärelerini geçirmek tabşyrylýar. Soragnamalarda:ýaşaýan ýeriňi, daglary, düzlükleri, tokaýlary, derýalary, kölleri, tebigaty, hojalygy we onuň pudaklaryny, zawod-fabrikleri,

maldarçylygy okuw jaýlaryny, ýadygärlikleri, çeper döredijiligi, ilaty we onuň düzümini,şäherleri, her ýeriň gerbini öwrenmek we dogry ýazgy etmek tabşyrylýar, ýörite okuw kitaplary döräp başlaýar.

XIX asyryň dowamynda Russiýa geografiýa jemgyýeti (1845-nji ýyl) döredilýär.K.D.Uşinskiniň,D.D Semýonowyň ýolbaşçylygynda 1860-1862 ýyllar arasy 3 goýberlişden ybarat "Geografiýa sapaklary" okuw kitaplary çykýar.XlX asyryň aýagyndan 1914-nji ýyllar arasy mekdeplerde geografiýanyň öwredilişine kembaha garalan pursat hem bolupdy.Şonda geografiýa durmuşdan üzňe,gurak bir derse öwrüldi. 1915-nji ýylyň martynda birinji Bütinrussiýa geografiýa mugallymlarynyň maslahatynda geografiýa we onuň ülkäni öwreniş prinsipi (ýörelgesi) täzeden dikeldildi.

Dürli taryhy döwürlerde ülkäni öwreniş dürli garaýyşlar sebäpli öz mynasyp ornuny eýeläp bilmändi.Mekdep durmuşynda hakyky bolmaly ýerini tapmady.Okatmagyň öňde baryjy usullary,şol sanda ülkäni öwreniş prinsipi mekdep durmuşyndan çetde bolupdy. Döwrüň,heňňamlaryň täzelenmegi bilen mekdep ülkäni öwrenişine hem giň ýol açyldy.1918-nji ýylda hökümet karary esasynda zähmet mekdepleri döredildi,mekdep hakyky durmuşa golaýlaşdy. Okatmakda ülkäni öwreniş prinsipleri güýçlendi. Birinji basgançakly mekdeplerde 3-nji synpdan başlap ülkäni, Watany öwreniş girizilip,mekdebiň golaý daş-töweregi öwrenilip ugrady.1920-1930-njy ýyllarda ülkäni öwrenişiň ösüp başlan döwri boldy. Ülkäni öwreniş boýunça Merkezi ülkäni öwreniş(SBK) býurasy döredildi.Onuň wezipesi-ülkäni öwrenişiň merkezi guramaçylyk,ylmy-usuly bitewi merkezligidir.Şu döwür mekdep ülkäni öwrenişiniň ösüp,bilim-terbiýeçilik işlerinde adygyp başlan döwrüdir. Ýörite ekskursion, turistik işleri guraýjy edaralar, ýaş naturalistler öýi, gezelençleri guraýjy merkezleriň ösüp başlan pursatlarydyr. 1934-nji ýylyň 16-njy

maýynda döwlet karary bilen „Başlangyç we orta mekdeplerde geografiýany okatmak hakynda“ karar kabul edilýär.Ýurtda geografiýany okadýan mugallymlaryň jemgyýetleri döredilýär. Mekdeplerde, ýetginjekler öýlerinde ülkäni öwreniş gurnaklary döredilip we işläp başlaýar.1948-nji ýyldan başlap mekdebiň, obanyň, dogduk mekanyň V-VII-VIII synplardan ýörite öwrenilip başlaýar.1954-nji ýyldan VII –synpda öz ýaşaýan ýeriňi öwrenmek boýunça 3 sagatlyk wagt bölünip berilýar.Ülkäni öwreniş işlerine ýetginjekler öýleri, çagalaryň ekskursion –turistik stansiýalary uly usuly –guramaçylyk kömeklerini berdi. 1957-nji ýyldan 5-nji synpda 2 ekskursiýa gezelenç, 6-njy synpda tebigata toplumlaýyn gezelenç,7-nji synpda öz ýaşaýan ýeriňi öwrenmek boýunça güýzki gezelenç,8-nji synpda senagaty ,hojalygy öwrenmek boýunça güýzki ,oba hojalyk kärhanasyny öwrenmek üçin ýazky ekskursiýa-gezelençler, okuw maksatnamalaryna girizildi. Pedagogik ylymlar akademiýasy, geografiýadan pedagogik okaýyşlar girizilip usuly tejribe alyşmak mümkinçilikleri artdy.,,Mekdepde geografiýa“ žurnaly baş usuly kömekçi boldy. Ülkäni öwrenişi mahabatlandyryjy markalar ,nyşanlar,döşe dakylýan nyşanlar peýda boldy. Geografiýanyň dürli ugurlary,bölümleri boýunça sudur,ýörite, toplumlaýyn kartalar,atlaslar döredilip,okuw kitaplarynyň hili ýokarlandyryldy. Ülkäni öwreniş boýunça öňdebaryjy iş tejribeleri neşir edilip mugallymlara ýetirildi.

Ülkäni öwrenişi guramagyň dürli görnüşleri :gurnaklar,ülkäni öwreniş geografik gezelençler ekspedisiýalar,mekdep we dürli derejedäki ders bäsleşikleri, minerallaryň we dag jynslarynyň , gazylma baýlyklaryň nusgalaryny taýýarlamak, mekdep ülkäni öwreniş mirashanasyny döretmek,diwarlyklar döretmek medeni, tebigy ,taryhy ýadygärlikleri goramak we olar barada maglumatlary jemlemek işleri giň gerim aldy.Şonda çagalaryň tomusky dynç alyş döwri ýerlikli peýdalanyldy. ,,Bir damja suwda tutuş

dünýäni bilmegiň başlangyjy” bolsa öz mekanyňy öwrenmekden başlanýar.

Ülkäni öwreniş işi esasan mekdeplerde amala aşyrylýar.Geografiýa,taryh, biologiýa, dil bilimleri ugrunyň mugallymlary ony esasy guraýjylardyr. Okuw maksatly ülkäni öwreniş onuň esasyny düzýär. Höwesjeň ülkäni öwrenijiler bolsa öz jemgyýetçilik birleşigini döredýärler. Bu jemgyýetler Russiýada 1765-nji ýylda döreýär. Döräli bäri bu jemgyýet köp işleri bitirdi .Ol öz düzümine ylmy, pedagogik, beýleki medeni güýçleri özüne birleşdirip köpçülikleýin häsiýete eýe bolýar.Dünýäniň dürli ýurtlarynda ülkäni öwrenişiň maksady öz ýaşaýan ýeriň,dogduk mekanyň barada köp zatlary bilmäge, öwrenmäge, taryhyň jümmüşlerinde açylman, gömülip galan taryhy ,edebi ruhy mirasy tapmaga we olary ýaşlara bermäge ugrukdyrylandyr . Şular göz öňünde tutulyp 1954-nji ýylda ozalky soýuzyň mugallymçylyk ýokary okuw mekdepleriniň geografiýa hünäri boýunça okuw maksatnamasyna”Ülkäni öwreniş boýunça praktikum”dersi girizildi. Bu bolsa orta mekdeplerde we ýokary pedagogik okuw jaýlarynda ülkäni öwrenişiň ösmegine uly şert döretdi.Köp mugallymlar bu ugurda baý iş tejribesini topladylar.Geografiýany okatmakda 1-njiden baý ýerli maglumatlar toplandy. 2-njiden geografik düşünjeleriň kemala gelmegine ýerli çeşmeler döredi .3-njiden dogduk mekanyň , ülkäň barada alnan bilimler ýeterlik suratlar, çyzgylar arkaly durmuş bilen has ýakynlaşdy. Türkmenistanda hem ülkäni öwreniş her döwürde öz mynasyp ornuny tapdy. Öz ülkäňiň tebigatyny öwrenmek we goramak , tebigy baýlyklary ýüze çykarmak ,taryhyny we medeniýetini öwrenmek , ýerli we tutuş ýurduň hojalyk pudaklarynyň gazananlaryny, önümçiligiň öňde baryjylarynyň gazananlaryny we tejribelerini öwrenmek, öz ülkäň hakyndaky bilimleri mahabatlandyryp, wagyz etmek oňa degişli ylmy maglumatlary-habarlary bir ýere jemlemek , bibliografik maglumatlary we suratlary , nusgalyklary toplamak ,ülkäni öwreniş otaglaryny

,mirashanalary, lektoriýeleri ,gezeleçleri, ýörişleri, syýahatlary, sergileri, uly bolmadyk ylmy barlag ekspedisiýalary we mirashanalary guramak  türkmen ülkäni öwrenişiniň esasyny tutýar. Ülkäni öwrenişiň bir ugry ýerli ülkäni öwreniş mirashanalarydyr. Olar belli bir geografik ýa-da dolandyryş çäginiň, sebitiň, etrabynyň, obanyň,şäherlerde kwartalyň-mähelläniň taryhy ýadygärliklerini tebigy,medeni gymmatlyklaryň tebigy ylmy we çeper kolleksiýalary, halk sungatynyň eserlerini ýygnaýan, öwrenýän, wagyz edýän ylmy-barlag hem-de aň-bilim edarasydyr. Mirashanalar ülkäni öwrenişiň giň ýaýran görnüşleriniň biridir. Russiýada olar 18-nji asyryň aýaklarynda 19-njy asyryň başlarynda peýda bolup ugraýar.Türkmenistanda ozalky Zakaspi oblastynda 1897-nji ýylda ilkinji ülkäni öwreniş mirashanasy döredilýär.Garaşsyzlygymyza çenli döwür içinde Türkmenistanyň ähli welaýat merkezlerinde, iri şäherlerinde, etrap merkezlerinde taryhy ülkäni öwreniş mirashanalary işledi. Mekdeplerde geografiýa, ülkäni öwreniş gurnaklary peýda boldy .Okatmagyň ülkäni öwreniş prinsipleri boýunça ýerli alymlaryň alyp baran ylmy barlag işleri, ussat,täzelikçi mugallymlar ýetişdi.Türkmenistanda hem pedagogik ylmy-barlag instituty, mugallymlaryň hünär ýokarlandyryş okuw merkezleri – institutlar (kämilleşdiriş diýip atlandyrylan) kurslary işläp başlady .Ülke maglumatlary esasynda ylmy barlaglar geçiren işgärleriň, mugallymlaryň arasynda ylymlaryň doktorlary, kandidatlary, professorlar ýaly ylmy derejeli, atly milli hünärmenler ösüp ýetişdi.Olaryň bitiren işleri dessine önümçilige-mekdep mugallymlaryna ýetirildi.”Mugallymlar gazeti“, ”Halypa“ ýaly öňde baryjy usullary ýaýradýan wagyz edýän döwlet derejeli neşirler döredildi.Türkmen telewideniýesinde ýörite ýaşlar, çagalar, mugallymlar üçin sahypalar berildi.Paýtagtymyz Aşgabatda Baş ülkäni öwreniş muzeýi işledi.Türkmenistanda ülkäni öwreniş syýahatçylyk bilen utgaşykly alnyp baryldy. Okuwçylaryň güýzki, gyşky,

ýazky we tomusky dynç alyş döwri dürli gezelençler, ýörişler, syýahatlar bilen tapawutlandy.Dynç alýan okuwçylara Türkmenistanyň tebigatynyň täsin ýerleri taryhy –medeni, tebigy, arhitektura ýadygärlikleri bilen tanyşmaga şert döredidi. Bu bolsa diňe çagalara ruhy, gözellik, tebigata söýgi terbiýesini bermän eýsem beden saglygyny dikeltmäge hem oňat şertler döretdi.

Ýurdumyzyň dürli ýerlerinde öz işlerine ýüregi bilen berlen mugallymlar ösüp ýetişdi . Olar öz okuw-terbiýeçilik, ylmy-barlag, usuly işlerini ülkäni öwreniş bilen berk baglanyşdyrdylar. Zähmet Gahrymany R.Uhulowa(Sarahsdan), Halk mugallymy H.Borjakow(Sakardan)ussat jahankeşde mugallymlar S.Saparalyýew (Daşoguzdan),Ü.Esen,Ö.Mäterow(Marydan)R.Ubaýdowa(ol Krupskaýa adyndaky baýragyň eýesi, Türkmenabatdan), A.Akbäbaýew, A.Muhammetgurbanow (Marydan) M. Rahymow(Daşoguzdan), J.Ahmedow(Atamyratdan)ýaly usulyýetçi mugallymlar, K.Weýsow, N.Oraýew, A.Babaýew, A.Arnageldiýew, Ö.Gurbanow, A.P.Lawrow, G.Gurbandurdyýew, S.Atanyýazow ýaly alymlar Türkmenistanyň belli ülkäni öwrenijileridir. Türkmenistanyň ýokary okuw mugallymçylyk mekdepleriniň professor-mugallymlary hem bu işe önjeýli goşant goşdular. Professorlar R.Asadowa, N.Nartyýew, Ý.Itibaýew, M.Kurambaýew, dosentler Ý.Atamyradow, T.Musagulow, uly mugallym N.Seýtiýew dagy ýurdumyzda tanalýan usulyýetçi ülkäni öwrenijilerdir.Magtymguly adyndaky TDU-nyň, Azady adyndaky TDDMI-niň we beýlekileriň hasabyna sanawy uzaltmak bolardy. Häzir mekdeplerde öz işine berlen ýaş mugallymlaryň ýüzlerçesiniň işleýändigini hem goşsak ülkäni öwrenijileriň nähili uly baýlyk hazynadygyna buýsanýarsyň.

Garaşsyz,baky Bitarap Türkmenistanyň bahasyz bu uly ruhy baýlygy hazynasy, onuň baş obýekti mugallym hormatdan peýdalanýar.Ülkäni öwreniş , syýahatçylyk ýurduň tebigatyny ,

onuň baýlyklaryny goramagyň derwaýys ,möhüm şertlerinň biridir.Hut şu nukdaýnazardan ugur alyp döwlet ekologik ,ylmy,medeni aň-bilim dynç-alyş we sagaldyş,estetik, gözellik taýdan bähbit getiýän ülkäni öwrenijileri, gezelençleri,syýahatlary guraýjylary hormatlaýar,ähli tarapdan goraýar,goldaýar. Döwlet Baştutany, hökümet tarapdan goralýan, goldanýan ýurtda öz Watanyňa hyzmat edip işlemekden öwrenmekden,öwretmekden uly bagt ýokdur.

## §3. Mekdep ülkäni öwrenişinde dogduk mekany öwrenmegiň meýilleşdirilişi.

Dogduk mekanyň, öz ülkäň ,obaň diýmek bu-ynsanyň dünýä inen ýeri , obasy, köçesi, kwartaly hasaplanýar.Ony öwrenmeklik bolsa zerur bolup durýar. Öz ülkäň, mekanyň,obaň hökmünde esasan okaýan mekdebiniň daş-töweregi göz öňüne gelýär. Çünki ol hemişelik we yzygiderli gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär we elýeterlidir.Kähalatlarda bolsa onuň çägi obanyň çäginden çykyp, dolandyryş çäk bölünişiginiň tutuş etrap,welaýat derejesine çenli giňelýär.Okuw prosesinde ýygy-ýygydan gözegçilik geçirilýän meýdan çägi daýhan birleşiginiň, kiçi etrabyň , tutuş welaýatyň möçberini bilmek, gözegçilik etmek zerurlygyny talap edýär.Şonda mekdebiň ýerleşýän ýeriniň töwereginiň gözegçilik işlerine kiçi synp okuwçylaryna, has uly aralyklary bolsa ýokary synp okuwçylaryna tabşyrmak göz öňünde tutulmalydyr.Usulyýetçi mugallymlaryň köpüsi dogduk mekanyň, ülkäň hökmünde mekdebiň ,obaňyň daş-töweregindäki 5-7 km töweregiň (radiusyň)içini, merkezini teklip edýärler.Kiçi synp okuwçylary gözegçilik işlerini fiziki geografiýa dersleri boýunça mekdebiň töwereginde,obanyň çäklerinde alyp barmagy maslahat berilýär.Uly synplarda öz “etrabyň”,”welaýatyň” temalary öwrenilende Vll-X synp okuwçylaryny çekmek bolar. Öz mekanyň, obaň ülkäň

hökmünde mekdebiň golaý daş-töweregi göz öňüne gelýär we ülkäni öwreniş işlerini şol çägi çuň öwrenmek arkaly özleşdirmeli bolýar.

Geografiýany okatmakda ülkäni öwreniş prinsipleri öz obaňy,mekanyňy belli bir maksatly öwrenip, mähriban ýeriň, mekanyň barada bar bolan maglumatlary toplap,jemläp, baýlaşdyryp olary ylmy taýdan gözden geçirip, gaýtadan işläp,tertipleşdirip,bitewileşdirmegi amala aşyrýar.Ülkäni öwrenmeklige iki sany çemeleşme gurap bolar.

1. Ony tutuş öwrenmek;

2.Belli bir zerur hasap edilen bölegini öwrenmek arkaly amala aşyrmak mümkin.Emma nähili çemeleşilende hem olaryň ikisiniň ýygnan-toplan maglumatlaryny umumylaşdyrmak, deňeşdirmek we tutuş öwrenilýän çäk boýunça göz öňüne getirmeleri jemlemek gerek.Mugallymyň gözegçiliginde ülkäni öwrenişiň hemme usullaryny,ýa-da bölekleýin usullaryny peýdalanmak zerurdyr.

Ol usullar: edebiýatlar, meýdan gözegçilikleri,kartalaşdyrmak, san maglumatlary toplamak,synlamak-görmek(wizual),anketa,şahsy gürrüňdeşlik,surata almak ýaly usullardyr.

Edebiýatlar usuly-dogduk mekanyňy,ülkäňi ol barada çap edilen gazet žurnal,dürli kitaplar arkaly öwrenmekdir.Bu öwrenilýän ýer oba,ülke, mekan barada bilimleriňi artdyrmak,öz işiňde öň edilen işleri, öwrenilenleri gaýtalamazlyklyga kömek edýär.Ülkäni öwreniji öz ýaşaýan ýeriniň taryhy barada çözgüt çykarmaga şert döredýär.Edebiýatlary öwrenmek barlan çägiň barada zerur bolan ylmy çözgütlere gelmäge nazary mümkinçilik berýär.

Meýdan gözegçilikler usuly-adatça tebigy şertleri-hadysalary öwrenmekde ýygy-ýygydan ulanylýar.Meýdan gözegçiligi stasionarda (geografiýa meýdançasynda) ýa-da meýdanda tehniki serişdeleri ulanmak arkaly alnyp barylýar.Şonda mekdepde bar bolan enjamlar,instrumenfler,

fotoapparatlar, kinoapparatlar,wideokameralardan peýdalanylýar.Meýdan gözegçiliginde tehniki howpsuzlyk çäreleri berk berjaý edilmelidir.Gözegçilik mahaly daşky gurşawa,tebigata zeper ýetirilmeli däldir.Gözegçilik žurnaly,düşürilen suratlar ýerine ýetirliş yzygiderliliginde geçirilmelidir.

Kartografik usulda öwrenilýän ýerdäki tebigatyň giňişlikdäki ýagdaýy,hojalyk işleri bilen bagly barlag geçirilende karta bilen işlemek maksady bilen bagly peýdalanylýar.Her bir barlag karta bilen başlanýar,onuň netijesi hem düzülýän karta geçirilýär.Barlagyň möhüm bölegi öwrenilýän ýerde ýönekeý göz-ölçeg sýomkasy geçirilip dürli mazmunly karta düzülýär.Onda käbir topografik enjamlaryň kömeginden peýdalanylýar.

San-Statistik usul-öwrenilýän ýeriň ilaty,hojalygy,ykdysady aragatnaşyklary seljerilende, san görkezijileri işlenende,masştab düzülende ululyklar kesgitlenende, tablisalar,çyzgylar ,diagrameslar döredilende esasy görkezijilerde bolan sanlar bilen işlenende peýdalanylýar.

Synlamak usuly(wizual) predmetler,hadysalar bilen gös-göni gözegçilik geçirlende ulanylýar. Ol adatça mekdep ülkäni öwreniş barlaglarynda, gezelençlerde, ýörişlerde syýahatlarda ulanylýar.Emma bu usul beýleki usullar bilen utgaşdyrylanda oňat netije berer.

Anketa-sorag-jogap-usuly-ýerli ilat bilen,ýaşulular bilen ýörite şahsy gürrüňdeşlik geçilende,ozal bar bolan maglumatlar anyklananda,taryhy we durmuş faktlary täzeden gözden geçirlenende kömek berýär.

Surata düşürmek, kinosýomka etmek usuly ülkäni öwreniş barlaglarynyň aýrylmaz, bitewi serişdeleriniň biridir.Bu usul arkaly kinosýužetler,foto albomlar döretmek arkaly gyzykly maglumatlary döredip bolar.Onuň kömegi bilen

mekdep ülkäni öwreniş mirashanasyny,burçuny dürli ekspoziýalar arkaly baýlaşdyryp bolar.

Bulardan başga-da öz obaň,mekanyň ülkäň barada tebigatynda, hojalygynda, ilatyň medeni-durmuş şertlerinde bolup geçen özgermeler barada geçmişiň we häzirki döwrüň edebiýat maglumatlary esasynda,ylmy-barlaglara bagyşlanan gazet žurnal makalalary esasynda,köne we täze döredilen geografiýa-taryh kartalary esasynda,adamlaryň özaralarynda ýazgylary esasynda ýyl ýazgylary,hatlar esasynda, suratlar,resminamalar esasanda hem baý maglumatlary toplamak mümkin. Mugallymyň kömegi,maslahaty bilen okuwçylar, arçynlyklaryň, häkimlikleriň, döwletiň ülke barada çykaran permanlary,kararlary bilen bagly,uly ýaşlylaryň gürrüňleri bilen bagly resminamalary jemläp netije çykaryp,öwrenip biler.Her bir çylşyrymly ýagdaýda mugallym toplanan maglumatlary,çeşmeleri seljerip okuw-terbiýeçilik işinde okuwça hemaýatçy bolmalydyr.Şonda tebigy hadysanyň görnüşi,wagty,netijesi barada anyk görkezilen ýazgy döredilmelidir.Maglumat alnan ýer,wagty,maglumat bereniň ady,salgysy,işleýän ýeri,wezipesi anyk belgilenmelidir. Her hili ýagdaýda-da toplanan maglumat,okuw prosesinde, synpdan daşary çärelerde öz beýanyny tapmalydyr,peýda bermelidir.Metbugat bilen aragatnaşyk saklanyp durmalydyr.

Ülkäni öwrenişde tebigaty öwrenmegiň aýratyn ähmiýeti bardyr.Onda mekdebe golaý çägiň tebigatyny-geologik gurluşy,relýefi ýerkeşbi,peýdaly gazylma baýlyklary,klimaty,derýalary, kölleri,beýleki suw desgalary,toprak,ösümlik örtügi, haýwanat dünýäsi barlanylýar-öwrenilýär.Onda belli bir ýer –stansiýa saýlanylyp alynýar,ýa-da gezelenç,ýöriş wagtlary aýratyn öwrenilýär.Muny belli bir (saglyk ýagdaýy oňat) okuwçylar topary amala aşyrýar.Olaryň ýeterlik taýýarlygy,her kime berkidilen ýumuş öňünden gözden geçirilýär.Zerurlyk bolanda nobatçy okuwçy

taýýarlanylýar.Talap edilýän priborlar,enjamlar,kartalar,kompaslar bilen üpjün edilýär.

Tebigatyň elementlerini öwrenmek-barlamak üçin okuwçylara şeýle meýilnamany hödürlemek gerek:

Şol ýeriň kartasy,ýerkeşbiniň häsiýetnamasy ,relefiň görnüşleri(dag ,depe, çöketlik, çukur, çöl, tokaý, oazis) howanyň ýagdaýlary, pasyllar, ýeliň ugry, güýji, temperatura, ygallar asmanyň açyklyk derejesi(muny ýerli ýagdaýa görä (sagat 7-de, 13-de,19-da)howanyň üýtgeýşi,suw ýagdaýy,ösümlik toprak örtügi,haýwanat dünýäsi, gazylma baýlyklaryň,daşky gurşawyň ýagdaýy, derýalaryň suw režimi , iýmitlenişi ýaly öwrenmeli zatlary ýeterlik salgy bermeli.

Okuwçy nirede, nähili ösümlik ýokdugy ýa-da agdyklyk edýändigi, guşlaryň we haýwanlaryň hemişelik ýaşaýanyny we göçýänini, olaryň iýmitlenişi baradaky maglumatlary toplamaly.Bu işler esasan okuw maksatnamasyna girizilen güýzki we ýazky gezelençler wagty ýerine ýetirilmeli. Esasy üns fenelogik gözegçilik bolmaly we ýörite žurnal döredilmeli. Onda güýzki we ýazky geçirilýän hojalyk işleri hasyl ýygnamak, ýerleri arassalamak öri meýdanlarynyň we mallaryň ýagdaýy, ýazky ekişe taýýarlyk işleri gözegçilik edilýär.

Tebigaty goraýyş işleriniň ýagdaýy öwrenilmelidir.Guşlaryň we haýwanlaryň özlerini alyp baryşlary, derýalaryň hapalanyş, tokaýlaryň goralyş derejesi, erroziýa hadysalary öwrenilmelidir.Mugallym gezelenç, ýöriş wagty oňa gatnaşyjylaryň hersine bir ýumuş tabşyrýar,biri daş-töweregi ,biri agaçlary ,biri guşlary biri, mör-möjekleri, biri haýwanlary, biri suwuň häsiýetlerini, ýene biri howany ,bulutlary,temperaturany, ýene biri tokaý ýaşaýjylaryny ,ýene biri hasyl ýygnalyşyny we şuňa meňzeş işlere gözegçilik edýär. Ýyl pasyllary hem onuň bir bölegi bolup durýar.Şonda günüň düşüş burçy, ýylylyk derejesi, ygal, basyş doly hasaba alynýar.

Egerde gözegçilik güýz geçirilýän bolsa guşlaryň,mör-möjekleriň hereketi, möwsümleýin meýdan çäreleri, sürülýän ýerlerde hereket edýän guşlaryň görnüşleri, ösümlik, agaç görnüşleri, ýapraklaryň düşüş derejesi ýörite ýazgy edilýär. Gözegçilikde medeni we ýabany ösümlikleriň wegetasiýasy hem doly öwrenilmelidir. Geologik gurluş toprak öwrenilende geçirilýän barlaglar anyk bolmaly. Duşýan minerallar , toprak kesimleri öwrenilende ýörite nusgalyklar alnyp bellik edilýär.Her bir öwrenilýän obýektde gorizontyň esasy ugurlarynyň(d.g, g.o,g.d,g.b)ýagdaýy öwrenilip janly bedenlere edýän täsiri barada netije çykarylýar.Güýzlük ekilen ekinleriň ekilen wagty,gögeren wagty, ilkinji ýapraklary çykaryşy ýörite bellik edilýär.Mugallymyň kömegi bilen landşaft profili gurulýar. Toprak nusgalyklary alnanda hem onuň alnan ýeri, näçe çuňlukdan alnyşy ,grunt suwunyň derejesi ýörite belgilenilýär.Fenelogik žurnalda tebigata gözegçilik edýän aýyň(meselem noýabr ,mart) howa kalendary berilýär.Kalendarda ortaça aýlyk temperatura,ygal we ygally günler:gar,ýagyş(mm),duman,açyk günler,bulutly ýarym bulutly, şemally, atmosferanyň dürli hadysaly günleri görkezilýär.Kalendarda ýeliň ugry,basyş hem görkezilýär.Gözegçilik tamamlanandan soň olar umumylaşdyrylýar. Iriki doňaklyk, sowuk urma ,janly tebigatda suwuň doňma,ygallaryň bugarma ýaly hadysalary hem öz beýanyny tapmaly.Atmosferadaky gabat gelen adaty däl hadysalar,gün,aý tutulmasy,ýyldyrym çakmasy,gök gürrüldisi, älemgoşar, harasatly ýeller,güýçli ygallar,gurakçylyk ýaly görnüşler hem gündelikde ýöredilýär. Ülkäni öwrenişde görkezilen usullar , çemeleşmeler olar geçirilip gutarandan soň ýörite jemlenýär. Mugallymyň kömegi bilen okuwçylar öz işlerini, gurnaklarda maslahatlarda jemleýärler.Nutuk,referatlar bilen çykyş edýärler.Ýerli we merkezi metbugatda habarlar çap etdirýärler. Düşürilen suratlar bilen ýörite albomlar döredýärler.Wideo-kamera düşürilen

şekilleri bolsa multimedia , interaktiw usullar arkaly okuw terbiýeçilik işlerinde tanyşdyrýarlar, dürli bäsleşiklere hödürleýärler.Has işjeň gatnaşan okuwçylar höweslendirilýär we sylaglanýar.Ülkäni öwreniş usullary bilen öz obasyny, dogduk mekanyny öwrenen çagalarda mähriban tebigatyna buýsanç, oňa çäksiz söýgi ,Watanynyň bir ülüşi bolan ene mekanyna hormat,Watana,Hormatly Prezidentimize wepalylyk terbiýesi kemala gelýär. Ýurdy,Watany söýmek Prezidentimize wepalylyk duýgulary bolsa mekdepden, öz ýaşaýan ýeriňden başlanýar.Şonuň ýalyda öz obadaşlaryňyň bitirýän işleri, ýurtda amala aşyrylýan köp ugurly özgertmeler okuwçylarda Watana zerur bolan haýsy hem bolsa bir hünäre söýgi duýgusyny oýarýar.

## §4.Öz ýaşaýan ýeriňiň ilatyny we hojalygyny öwrenmek.

Döwletiň we jemgyýetiň baş baýlygy onuň ilatydyr.Çünki ilat esasy önüm öndüriji, sarp ediji, olary paýlaýjydyr.Ülkäni öwrenişde ýaşaýşymyzy üpjün edýän senagat, azyk, ulag, aragatnaşyk ýaly bir-biri bilen berk sazlaşykly ykdysady kuwwatymyzy pugtalandyrmakda, olaryň sazlaşygyny ygtybarly ýokarlandyrmakda ilatyň zähmet çekýän bölegini öwrenmegiň uly durmuş-ykdysady bähbitleri bardyr. Öz obaň, köçäň , daýhan birleşigiň şäherlerde kwartalyň, kiçi etrabyň (mähelläniň) ilaty öwrenilende bu iş mugallym tarapyndan öň oýlanyşykly düzülen meýilnama esasynda geçirilýär. Obanyň, köçäniň ilaty öwrenilende onuň sany, ösüşi, milli düzümi , ýaşy ýaly demografiki görkezijiler toplanýar.Ilatyň köpelişi, doglyş, adamlaryň obadan şähere, şäherden oba, başga ýerlere hereketi, olaryň obada ýerleşişi, gürlügi ,hasaba alynýar.Obanyň, etrabyň, kwartalyň doly we anyk ady, döredilen ýyly olaryň goňşylary–köçeleri-etraplary , daýhan birleşigindäki tutýan orny (merkezde,geňeşlikde, şäherdäki), hojalyklaryň sany(öýleriň sany, etažlylygy-girelgeleri-podýezleri, her jaýda,

köçede ýaşaýanlaryň umumy sany,) öýlerde ortsaça ýaşaýan jan sany, işe ýaraýan adamlar we olaryň iş ýerleri, ilatyň ýaş – jyns düzümi , obada- şäherde ýaşaýanlaryň ilat ýazuwlary boýunça sany, her ýyldaky sany we köpelişi, geljekdäki ösüş derejesi hem hasaba alynmalydyr. Dogduk diýaryň ilaty, tutuş etrabyň, welaýatyň, ýurdyň ilatynyň aýrylmaz bir bölegidir .Obada ýaşaýanlaryň önümçiligi guraýşy ýer, suw,toprak,, howa, gazylma baýlyklar, ösümlikler bilen nähili baglanyşýar?,zähmet serişdeleri ilata nähili täsir edýär?, daşky gurşaw adamyň hojalyk işinine oňaýly ýa-da ýaramaz täsir ediş derejesi hem ýeterlik öwrenilýär.Oba ilatynda,(kwartalda, mähellede) görnükli şahsyýetler, adamlaryň aýry toparlarynyň(önümçilikde, saglyk, bilim,ylym, sungat, sport, ulgamynda) ýeten sepgitleri hem ünsden düşmeli däl. Meselem: O.Ärsaryýew, H.Myradow, S.Çerkezow, S.Rozmetow, M.Sopyýew, Magtymguly, Seýdi, Zelili, Mollanepes, Andalyp, S.Jepbarow, M.Garlyýew, Ö.Nobatow, A.Garlyýew, M.Kulyýewa, Ýusup Berdiýew, D.Hojabaýew, A.Orazdurdyýew, A.Ataýew, P.Rejepow, Gurban Durdy, J.Hekimow, J.Mähremow, Ereşguly Haýtmyradow, Ümür Esen, H.Borjakow we tükeniksiz sanawly beýlekiler.Has irki döwürlerde ýaşap öten obadaşlar barada ýaşulularyň dilden berýän gürrüňleri, ýazuw çeşmeleri, metbigat habarlary, makalalar kitaplar, resminamalar, olara degişli hormatly atlar, sylaglar hem ýörite toplanmalydyr.

Adamlaryň oturymly ýerleriniň döreýiş taryhy hem ynandyryjy bolmalydyr.Döwletli, Altyn Sähra, Ruhubelent, Altyn Asyr, Türkmen köli, Awaza, Garlyk, Şatlyk, Ýaşyldepe ýaly we beýleki atlaryň döreýşi, şu güni ,geljegi gowy öwrenilmelidir. Meselem Seýdi şäheri ozal Neftezawodsk-Şagal ýaly, Şatlyk şäheri –Şehitli , Türkmenbaşy-Krasnowodsk-Gyzylsuw – Şagadam ýaly atlandyrlandygy hiç kimi parhsyz goýmasa gerek.Oba öň nähili atlandyrlypdyr, daýhan birleşigi, mikroraýon, etrap, haçan döredilipdir-olary

ýeterlik bilmeklik uly okuw terbiýeçilik gymmatlykdyr. Diňe Türkmenabat şäheriniň, Mary şäheriniň azyndan 5-10 atlandyrlyşy bolupdyr. Geçmişde obadaşlarymyz bol suwly,hasylly ýer toprakly, oňat howaly öri meýdanly çäkleri saýlap mesgen tutunypdyr. Ýaş ülkäni öwreniji obanyň, şäheriň ýerleşen, ornaşan ýeriniň oturumlaşmaga, öý edinmäge, önümçiligi guramaga baha bermegi başarandygyna hem öz barlaglary netijesinde göz ýetirmelidir. Bu öwrenmekde, “tanyşdan-nätanyşa”, “ýakyndan-daşa”, ”belliden-näbellä”, ”ýönekeýden-çylşyrymla” ýaly yzygiderli prinsipde amala aşyrylmalydyr. Esasy zat bolsa “bir damja suwda tutuş dünýäni” öwrenip bolýandygyna akyl ýetirmekden ybaratdyr.

Öz dogduk mekanyň ilatyny öwrenmek şol ýeriň hojalygy we onuň pudaklaryny öwrenmek bilen berk baglanşyklydyr.

Hojalygy öwrenmekligiň öz aýratynlygy bar. Ol ilki bilen şol öwrenilýän ýeriň tebigaty , tebigy şertleri bilen baglydyr. Ony öwrenmegiň ýörite meýilnamasy düzülýär. Ilki döwürleýin neşirler , degişli edebiýatlar , tebigat bilen, hojalyk bilen iş salyşýan edara-guramalaryň–gulluklaryň hasabatlary (ýer ölçeg, geodezik, arhitektor, ýer fondy, suw, howa, ýol gulluklary,) .Toplanan we alnan maglumatlar köp bolmaly däl. Uly göwrümli hasabatlary derňemäge, gaýtadan işlemäge okuwçynyň hem mugallymyň hem mümkinçiligi ýok. Şonda ýygnalýan maglumatlar sanlar,anyk faktlar alynsa ýeterlik. Hojalygy öwrenmegiň ýönekeý meýilnamasy şeýleräk bolmaly. Ony gözegçilik , barlag geçirilýän ýeriň ýagdaýyna görä üýtgetmek bolar.

1. Oba hojalygy. Ýer üpjünçiligi we onuň paýlanylşy. Ekerançylygyň ýöritelişişi , aýry ekinleriň geografiýasy. Mehanizasiýa üpjünçilik derejesi, olaryň görnüşleri, agrotehnika we meliorasiýa, ortaça we ýokary hasyllylyk. Önümçiligiň öňde baryjylary. Maldarçylyk pudakllary we olaryň ekerançylyk bilen arabaglanşygy .

2.Senagat. Senagatyň ýöritelişişi,ösüş döreýiş taryhy, çig we ýangyç, energiýa üpjünçiligi, öndürilýän önümleriň görnüşleri we olaryň sarp edijileri.Senagatyň ýerli, etrap,welaýat,döwlet kärhanalary bilen baglanşygy, ykdysady hyzmatdaşlyk .

3.Ýerli kärhanany öwrenmek .Kärhananyň ady, döredilen wagty , salgysy, önümleri, çig maly, işçi güýji, ýangyç-energiýa üpjünçiligi, önümleriň düşýän gymmaty, ýerleşdirilişi, ortaça aýlyk haky,ýerli kärhana (çörek zawody, un kombinaty, süýt zawody, haly fabrigi ýaly ) dürli görnüşde bolup biler. Muny öwrenmek gezelenç görnüşde guralyp bilner. Işe başlamazdan öň her okuwça ýumuş tabşyrylýar we olar ilki kömek, maslahat sorap, ýolbaşça, inženere, baş hünärmenlere ýüz tutyp biler. Soň işe girişiňp tehniki howpsuzlygy berjaý edip ýol belediň (ekskursowodyň) kömegi arkaly zerur maglumatlar toplanýar. Oba ýerinde okuwçylara agronom, weterinar wraç, kärendiçiler toparynyň ýolbaşçysy (brigadir) buhgalter,ykdysatçy gerek maglumatlary berer. Oba hojalyk kärhanasy şeýle meýilnamada öwrenilýär.

1.Daýhan birleşigiň ady, döredilen ýyly, dürli döwürlwerde bolan özgermeler.

2.Geografik ýerleşişi, serhetlri,şäherlere golaýlygy(km)

3.Ýer üsti keşbine , fiziki-gegrafik häsiýetnama.

4.Umumy ilaty, çagalar, işleýänler, pensionerler. Daýhan birleşigiň agzalary, kärendeçiler, ýer eýeleri, mülkdarlar.

5. Obalaryň sany, kärendeçiler topary(brigadalar). Möwsümleýin oturymlar we işleýänler.

6.Tehniki üpjünçilik. Traktorlar, maşynlar, enjamlar, dökün, suw üpjünçiligi .

7. Önümçiligiň guralyşy topar, kärende, mülkler. Hünärli işgärler.

8.Oba hojalyga ýaramly ýer fondy.Sürülýän ýer , ot ýatyrylýan ýer, öri meýdanlary,baglar, üzümler, mellek ýerleri.Ekin dolanşygy.

9.Tehniki, däneli, gök-bakja ekinleri miweler, üzümler. Olryň hasyllylygy. Ekin dolanşyk işleriniň guralyşy.Dökün görnüşleri we üpjünçilik derejesi. Kartoşka öndürilişi.

10.Maldarçylyk we onuň görnüşleri. Her görnüşiň sany. Sanyň üýtgeýşi. Et,süýt,ýumurtga,ýüň öndürlişi. Önümleriň ýerleşdirilişi. Mallaryň saklanylyşy. Fermalar, çopan toparlary, kärendeçi–maldarlar. Etiň, süýdüň, ýumurtganyň, ýüňüň düşüş gymmaty, alynýan girdejiler. Öňde baryjy maldarlar.

11.Hojalygyň beýleki pudaklary: ýüpekçilik, bal aryçylyk, balykçylyk, tokaýçylyk.

12.Kömekçi hojalyklar. harazlar, mal soýulýan ýer, ussahanalar, haly, azyk sehleri .

13.Pul serişdeleri.girdejiler, çykdajylar. ortaça zähmet haky.

14.Medeni-durmuş desgalary. Çagalar bagy, mekdepler, klublar, kitaphana, hassahanalar, sport sagaldyş, stadion ýaly desgalar. Olaryň işleri.

15. Hojalygyň ösüşiniň esasy ugurlary .

Toplanan maglumatlar umumylaşdyrylýar we netijesi gurnaklarda, sapakda diňlenilýär.Mekdep mirashanasy hem onuň hasabyna baýlaşdyrylýar, täzelenýär, üsti ýetirilýär.

Oba ilatly punkty, kwartal(şäherde) öwrenilende şeýle meýilnama esasynda barlag geçirilýär.

1.Obanyň(kwartalyň, köçäniň) ady Geografik ýerleşişi topografik maglumatlar-geografik koordinatlary, goňşy obalar(köçeler) bilen aralygy ýerli ähmiýeti (arçynlyk, geňeşlik, daýhanbirleşigiň merkeziligi). Etrapda, welaýatda, ýurtda tutýan orny (M. Sopyýew, S.Rozmetow, Çohpetde, H.Hajyýew, Zamahşar, Farap, Bedirkent, Gökje). Ýer üsti

keşbi, topragy, suwy, klimaty, gazylma baýlyklary, ösümlik we haýwanat dünýäsi. Dürli taryhy döwürlerde ösüşi.

2.Härirki resmi ady. Adynda bolup geçen özgermeler. Özgermeleriň ähmiýeti we zerurlygy.

3.Tutýan meýdany we onda bolup geçen özgermeler (Birata, Bitarap Türkmenistan, Babadurmaz we ş.m)

4.Tebigy şertleri, geologiýasy, derýalary, kölleri, kanallar,ýaplar, goralýan ýerler, gazylmalary. Topragy.

5.Obanyň döreýiş taryhy. Has irki döreýşi. Ilkinji oturumlaşan adamlar gurluşyklary. Medeni-durmuş desgalary. Garaşsyzlyk ugrunda göreşijiler. Harby hereketlere gatnaşanlar. Zähmet adamlary.

6.Ilaty.umumy sany, ösüşi, jyns-ýaş, milli düzümi, bilim derejesi, zähmet-hünär endikleri, Adamlaryň aýratyn toparlarynyň iş endikleri.

7.Hojalygy we onuň pudaklary . Önümçilik aragatnaşyklary ýerli senagat önümçiliginiň ýerleşdirilişi.

8.Ulag üpjünçiligi,aragatnaşyk.

9.Ilatly oturymyň syýasy-dolandyryş orny.

10.Medeni-durmuş desgalary olaryň ulanylyşy.

11.Ilatly oturumlaryň görnüşleri we ýöriteleşişi.

12.Içerki tapawutlary. Mikroraýonlar, kwartallar, köçeler, arhitektura aýratynlyklary, bezeg-haşam işleri, biçüwleri. Köne we täze desgalary

13.Aýratyn ähmiýetli taryhy, medeni-tebigy desgalar. Täsin ýerler, baglar we seýilgähler, ýadygärlikler desgalar, çüwdürimler. Ilata medeni-durmuş taýdan hyzmat edýän ýerler.

14.Obanyň,mikroraýonyň,etrabyň geljekdäki ösüşini görkezýän maglumatlar.

Bu meýilnamalar ülkäni öwrenişiň möhüm,özbaşdak öwrenilýän şahasydyr. Gözegçilik, syn etmek netijesinde,okuwçylaryň gözýetimi giňelýär. Öz dogduk ülkesi barada düşünjesi artýar. Öň bolmadyk täze maglumatlaryň üstünden barylmagy mümkin. Alnan,toplanan maglumatlary

tertipleşdirip, belgiläp ýerli ülkäni öwreniş mirashanasyny baýlaşdyrmaga tabşyrýar. Onuň eksponatlary arhiw, gürrüňçiler tarapyndan, edebiýat çeşmelerinden, ýerli ýadygärliklerden halk döredijiliginiň çeşmelerinden obanyň, şäheriň taryhyna degişli rowatlaryň hasabyna köpelýär.Ýerli mirashana tabşyrylyn eksponatlary dürli taryhy döwürler bilen baglanyşdyrlyp ýerleşdirilýär. Şonda Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanasyny aýratyn bölümde ýerleşdirmek gerek. Çünki bu döwür biziň täze taryhy zamanamyzyň ykdysady,syýasy,ruhy galkynyşymyzyň zamanasy, ”Döwlet adam üçindir” diýen zamanadyr.

Ülke maglumatlary öwrenilende oba, şähere degişli täsin wakalara, tebigy hadysalara, taryhda we jemgyýetde öz asylly zähmeti bilen, ylmy medeniýeti, sungaty, çeper döredijiligi bilen yz galdyryp giden şahsyýetlerimize aýratyn orun bermek gerek.

Meselem Murgap etrabynyň “Şordepe “ obasy dünýäde üzümiň ýeketäk başga ýerde duşmaýan görnüşi bilen, Köneürgenç etrabynyň “Watan “obasy geçen asyryň aýagynda bu ýere düşen “Türkmenbaşy “ meteoroidiniň düşen ýeri, Çerkez obasy Magtymgulynyň dünýä inen ýeri Yzmykşir meşhur Zamahşaryň jaýlanan ýeri, Baýramaly dünýäde böwrek kesellerini bejerýän ýer hökmünde tanalýar. Mary, Ahal meşhur waharmany, Lebap–gülabysyş, Farap sogany, buýan köki, Daşoguz garrygyz, gürbek gawunlary, şalysy, güjüm agajy bilen meşhurdyr. Ony okuwçynyň özi toplasa , özi öwrense onuň belli bahasy ýok. Mugallym şonda öz şägirdiniň–okuwçysynyň zähmetine–tapyndysyna mynasyp baha berip ony höweslendirmelidir.Şeýdip taryhymyza hormat, şahsyýetlerimize, zähmet adamlaryna buýsanç, öz obaňa etrabyňa söýgi, Watana, Hormatly Prezidentimize sylag sarpa, wepalylyk we watansöýüjilik terbiýesi öz-özünden peýda bolýar. Bu mugallymyň zähmetiniň egsilmez miwesidir.

Dogduk ülkäň, mekanyň, obaň, kiçi etrabyň öwrenilende, onuň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary barlananda mugallymyň özi we okuwçysy ýurdy ösdürmek baradaky maksatnamalary ymykly öwrenip, özleşdirip, okuwça düşündirip, maslahat, kömek berip işe girişmelidir. Şonda Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry "milli maksatnamasy, Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň , şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatyny durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy, Hormatly Prezidentimiziň welaýatlary 2008-2012-nji ýyla we 2020-nji ýyla çenli ösdürmek baradaky konsepsiýaly,soňky ýyllarda welaýatlara iri şäherlere, obalara edýän iş saparlary wagtynda öňe sürýän meýilnamalary usuly esas bolmalydyr. Mugallym olardan öz okuwçysyna degişli oba, etrap, şäher, welaýat boýunça edilmeli işler baradaky bölümleriň mazmuny bilen tanyşdyryp we edilmeli anyk işileri maslahat bermeli.

## §5. Öz ýaşaýan ýeriňi öwrenmegiň görnüşleri.

Mekdep ülkäni öwrenişde öz ýaşaýan ýeriňi, dogduk mekanyňy, kwartalyňy öwrenmegiň dürli görnüşleri bardyr. Ýerli şertleri nazara almak bilen mugallym ony başgaça meýilleşdirip, amatly hasap eden usullaryny peýdalanyp biler. Häzirki döwürde ülkäni öwrenişiň usullaryny 2 topara-kategoriýa bölýärler.

1-nji topar-kategoriýa. Meýilnama, maksatnama esasyndaky okuw degişlidir, ol hem sapak döwründäki we sapakdan daşary okuwlar görnüşinde bolup biler.

2-nji topar-kategoriýa. Meýilnamadan, maksatnamadan daşary, synpdan daşary okuw. Türkmenistanyň Bilim Ministrligi tarapyndan tassyklanan we hödürlenýän orta

mekdepleriň 5-9-njy synplary üçin geografiýa dersi boýunça okuw maksatnamasynda (2007-nji ýyl) geografiýa derslerini öwrenmek üçin jemi 340 sagat wagt bölünip berilýär. Şonda her synp üçin ülke maglumatlaryny okuw, okuwdan daşary öwrenmek üçin sagatlar göz öňünde tutulypdyr.

5-nji synpda öz ýaşaýan ýerimiziň, ýer üstüniň ýazmaça häsiýetnamasyny düzmek, belli bir derýany öwrenmek, tebigy toplum barada ýazmaça maglumat bermek, howa kalendaryny düzmek, Goraghana, botanika bagyna, zoologiýa muzeýine, ülkäni öwreniş muzeýine syýahat, gezelenç guramak. 6-njy synpda okuw gezelençlerini, ýörişlerini guramak, 7-nji synpda öz ýaşaýan ýeriňiň suwlaryna häsiýetnama düzmek, toprak nusgalary bilen tanyşmak, dermanlyk öasümlikleri öwrenmek, tebigy toplumlara fiziki-geografiki häsiýetnama bermek, her çärýekde bir gezek okuw gezelençlerini guramak, 8-nji synpda goralýan ösümlik we haýwan görnüşleriniň sanawyny düzmek, mineral baýlyklarynyň känlerine baryp nusgalyklary taýýarlamak, ilatyň ösüşini seljermek, öz ýaşaýan ýeriňiň hojalygyna häsiýetnama bermek, okuw ýylynyň her ýarymynda bir gezek okuw-önümçilik syýahatlaryny guramak (zawoda, fabrige, ulaglar kärhanasyna, oba hojalyk pudagyna, medeni-durmuş edarasyna), 9-njy synpda hem öz ýaşaýan Watanymyzyň bir künjegine syýahat, gezelenç guramak bellenilýär. Görnüşi ýaly okuw maksatnamasy esasynda hem, maksatnamadan daşary ülkäni öwrenişiň guralyşynyň hem maksatlary birdir. Okuwça öz ýaşaýan ýeri barada köp düşünje bermek, okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini ýokarlandyrmak esasy wezipedir. Ülkäni öwreniş wagty toplanan çeşmeler her synpyň degişli temalary öwrenilenende başarjaňlyk bilen peýdalanylmalydyr.

Okuw sapaklaryny ülke maglumatlary bilen baýlaşdyrmagyň möhüm ähmiýeti bar:

1. Toplanan materiýallar aýawly saklanmaly. 2. Nusgalyklar, gerbariler, minerallaryň toplumlary sapak wagty,

synpdan daşary çärelerde zerur hasap edilen wagty bölekleýin ýa-da tutuşlaýyn ulanylmaly. 3. Maglumatlary toplan okuwça (okuwçylar toparyna) minnetdarlyk bildirmeli. Bu işleri ilki bada daş-töwerek, tutuş oba, ilatyň hojalyk işi, tebigatdaky üýtgeşmeler baradaky temalar öwrenilende ulanyp başlamaly. Howa gözegçilik, nusgalyklar toplamak, önümçilik bilen tanyşmak arkaly okuwçynyň öz gözi bilen görenleri esasynda guralan sapak hem gyzykly, hem ýatda galyjy, özleşdirilişi oňat bolýar. Gözegçiligiň çägini giňeldip, baý maglumatlary toplap guralan sapagyň hili ýokary hem-de durmuş, daşky töwerek bilen baglanşygy gözýetimiňi giňeldýär. Uzak ýerler nätanyş zatlar, beýleki ýerleriň tebigaty, hojalyk işi, adamlaryň ýaşaýyşy bilsigeljiligi, ajaýyp tebigata söýgini artdyrýar. Mugallymyň ýolbaşçylygynda we gözegçiliginde, okuwçylaryň gatnaşmagynda toplanan maglmatlar litosfera, gidrosfera, atmosfera, biosfera, tebigatyň düzümleriniň özara baglanyşygy, öz ýaşaýan ýeriňiziň ilaty (5-nji synp). Litosfera we ýer üstüniň gurluşy, atmosfera we klimat, gidrosfera, biosfera, materikleriň we okeanlaryň tebigy toplumlary (6-njy synp), Türkmenistanyň ýer üstüniň gurluşy, Türkmenistanyň klimaty, suwlary, topraklary ösümlik we haýwanat dünýäsi, daşky gurşawy goramak, tebigat we adam, tebigy etraplary, temalary öwrenilende (7-nji synp), Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişigi, tebigy baýlyklary, ilaty, hojalyk pudaklary, senagaty, oba hojalygy, ulaglary, durmuş hyzmatlary, durmuş ykdysady etraplaşdyryş temalary öwrenilende (8-nji synp), Dünýäniň tebigy baýlyklary, tebigatyň we jemgyýetiň özara baglanyşygy, Dünýäniň ilaty, hojalygy aýry döwletler we ykdysady aragatnaşyklary temalary (9-njy synp) öwrenilende peýdalanmak maslahat berilýär.

Dürli synpda okaýan okuwçylary ülkäni öwreniş, syýahatçylyk işlerine çekmegiň öz aýratynlyklary bar. Kiçi synplarda okuwçy ilki mekdepden uzak bolmadyk ýerler bilen, ýakyn, tanyş, belli ýerler bilen tanyşdyrylýar. Ösümlikler,

haýwanlar, guşlar, baglar, suw çeşmeleri we şu günki howa bilen, howa ýagdaýy bilen tanyşmak, gözegçilik, syn etmek geçirilýär. Eýýäm “Tebigaty öwreniş dersini öwrenýän” okuwçylarda (2-nji synpdan) sapak tebigat bilen baglanşdyrylyp öwredilse olarda geografik göz öňüne getirmek düşünjeleri baýlaşýar. Gözegçilik gündeliginiň dörediliş usuly hem oýlanyşykly ýöredilýär.

5-7-nji synplarda sapak we sapakdan daşary okuw eýýäm amaly okuw bilen gös-göni utgaşdyrylýar we tebigatda geçirilýär. Olar öz dogduk mekanynda dürli topografik sýomkalar, meteorologik, gidrologik gözegçilikleri, toprak barlaglaryny geçirip bilýärler. Uly synp okuwçylary tebigata, uzak aralyklara, önümçilik edaralaryna gezelençleri gurap bilýärler.

Haýsy synpyň okuwçysydygyna seretmezden, ülkäni öwrenişiň dürli çemeleşmeleri göz öňünde tutulýar. Sebäbi geografiýadan okuw materiýalyny öwrenmek ülkäni öwreniş ýörelgesine esaslanýar. Ülkäni öwreniş çagalary özbaşdak barlag işlerini geçirmäge höweslendirýär, geografiýanyň tebigat bilen ylmy esasda baglanyşdyrmagyň ylmy derejesini artdyrýar. Ülke maglumatlaryny toplamaklygyň esasy görnüşleriniň biri karta bilen baglanyşdyrylan, san maglumatlaryny peýdalanmagy gürrüňdeşlik bilen utgaşdyrylýan usuldyr. Onuň hem dürli görnüşleri-formalary bar.

A). Barlag gürrüňi-durmuş bilen nazary maglumatlary delillendirýän maglumatlary deňeşdirýär, başarnyk bilen öň öwrenilenleri täzeden esaslandyrýar.

B). Mähriban ülkäni öwrenmegiň köp dürli görnüşleri bar. Olaryň iň möhümi okuw maksatnamalary esasynda amala aşyrylýan her synpa niýetlenen okuw gezelençleridir. Gezelenç okuwynda okuwçynyň öz obasy, mekany barada toplumlaýyn düşünjeli bolmagy zerur. Mugallym öwreniljek, barlanyljak ýeriň marşrutyny anyklaýar, edilmeli toplanmaly çeşmeleri

meýilleşdirýär. Şonda her bir öwrenilýän obýekte degişli enjamlar, gezelenjiň wagty, dowamlylygy anyk kesgitlenilmeli, tehniki howpsyzlyk, azyk, ulag, lukmançylyk hyzmaty ýaly meseleler anyklanylýar. Okuw gezelençlerinde geodezik işler geçjek meýdan, suw çeşmelerini öwrenmek, meteorologik, toprak, ösümlik öwreniji topar, surata alýan, nusgalyklar, gerbariler ýygnaýan toparlaryň wezipeleri düşündirilýär. Uly ýaşly okuwçylar okuw önümçilik, tejribeçilik işlerini daş-töwerege gözegçilik ýol ýazgylary, ölçegler bilen bilen utgaşdyrýar. Ykdysadyýet bilen bagly gezelençler ykdysady geografiýada özleşdirilenler bilen baglanyşdyrylýar. Mekdeplerde ýerli kärhana, tebigata syýahat, biologiýa, himiýa, taryh, dil ugry boýunça bilelikde guramak tejribesi maslahat berilýär.Okuw maksatly gezelençler mugallym mekdep müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary bilen, synpdan, mekdepden daşary wagtlarda müdiriň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary, müdir, ata-eneler toparynyň ýolbaşçysy, oba arçyny, çagalar bilen işleýän polisiýa wekili, saglyk öýüniň ýolbaşçysy bilen ylalaşyp amala aşyrmaly. Gezelençleriň giň ýaýran görnüşi dogduk mekanyňa synp okuwçylary bilen syýahat ýörişidir. Syýahatçylyk-turizm bu diňe ülkäni öwrenmek bolman eýsem bedenterbiýe sport-sagaldyş, bilim-terbiýe beriş ýaly toplumlaýyn häsiýete eýe bolmalydyr. Turistik ýöriş wagty okuwçylar mähriban diýarynyň tebigaty, ilatyň hojalyk işi bilen ýerinde tanyşýarlar. Saglygy berkidiji dynç alyşy alyp barmak bilen barlag geçirýärler. Turistik ýörişiň ugur almak özbaşdak gözegçilik etmek, ýerli ilat bilen gürrüňdeşlik geçirmek, öz mümkinçiliklerini synlap görmek ýaly bilim-terbiýe berijilik endiklerini hem öwrenýärler. Ýörişleriň gezelençlerden tapawudy ýörite düzülen meýilnama boýunça saýlanyp alnan obýekti düýpli öwrenýärler. Ýörişleriň iki görnüşi tapawutlanýar:

1. Has giň ýaýrany bir, iki günlük ýörişdir. Onda okuwçylar ülkesiniň täsin ýerlerini, tebigatyny, senagatyny, oba

hojalygyny, ulaglary, ilaty we ilatly ýerlerine syýahat edýärler. Ol okuwçylar köpçüligini bu işe çekýär.

2. Ikinji görnüş has dowamly bolýar. Ol adatça möwsümleýin dynç alyşda-kanikulda guralýar. Bu görnüş esasan tomus wagty geçirilýär. Emma okuw ýyly tamalanýan pursat ýa-da onuň ahyrynda guralmagy hem mümkin. Ülkäni öwreniş ýörişleri, gezelençleri çylşyrylymly, synpdan, mekdepden daşary daşary çäredir. Okuwçy köp wagtlap tebigat bilen, hojalyk işleri bilen ýüzbe-ýüz galýar. Şonda ony guraýjylar olary zerur edebiýatlar, baryljak ýerler, kartalar, gündelik ýazgy etmek, hasabat, nutuk taýýarlamak eksponatlar toplamak ýaly, sergiler guramak işleriniň oýlanşykly meýilnamalar, gündelik režim bilen üpjün edilýär. Her bir turistik topar degişli guramalar tarapyndan tassyklanýar. Toparyň düzümi (synplar boýunça), sany (15 okuwçy), topar ýolbaşçysy ýörişe ugraýan toparynyň ýolbaşçysynyň borjy, tehniki howpsyzlyk düşündiriş işleri, toparyň okuwçylarynyň saglyk ýagdaý gözegçiligi, ýörişiň başlan we gutarýan wagty, düşlän ýeri, ýörişe zerur bolan enjamlar bilen üpjünçiligi, medisina esbaplary-dermanlar, palatkalar, pyýada, welosipetli, gaýyk, lyža, ulag üpjünçiligi ýeterlik bolmalydyr. Köp wagtlyk ýörişiň dowamlylygy 6-7-nji synp okuwçylary bilen 20 günden, 8-10-njy synp okuwçylarynda 30 günden ýokary bolmaly däl. Topar aragatnaşyk enjamlary-telefon, kompas ýaly zerur gurallar bilen üpjün edilmelidir. Düşleg naharlanylýan, dynç alynýan möhlet ýörite režim esasynda bolmalydyr. Gijelerine howanyň ýaramaz wagty, ygalda, harasatda, garaşylmadyk ýagdaýlarda ýöriş etmek duruzylýar we gadagan edilýär. Topar ýolbaşçysy her bir gatnaşyjynyň fiziki taýýarlygy, ýol-köçe hereketini özleşdiriş derejesi, meýdanda özüni alyp barmagynyň kadalaryny berjaý edişi, surat, wideo ýazgy edijileriň taýýarlygy, toparyň her gatnaşyjysynyň özüne tabşyrylan wezipä düşünişi, azyk-derman önümleri, egin-eşik üpjünçiligi, dynç alyş, gijeki düşlew wagty zerur serişdeler

bilen üpjinçilik, maliýe serişdeleriniň ýagdaýlary, ene-atalarynyň, hossarlarynyň, hemaýatkärleriniň salgysyny alan bolmalydyr. Ýörişi guraýan edaranyň rugsat haty, ýol listi,marşrutyň shemasy,mekdep müdiriniň rugsat haty ýanynda bolmalydyr. Her okuwçy bilen özüňi alyp barmak barada düşündiriş geçirilip gol çekilip ony mekdep müdiri tassyklamalydyr. Ýörişe gatnaşýanlar ýatmak-turmak, dynç almak, naharlanmak düzgünini berk berjaý etmeli. Rugsatsyz topardan gitmek, galmak, sowulmak, nätanyş adamy getirmek, onuň bilen bile gitmek, daga dyrmaşmak, agaja dyrmaşmak, nätanyş ýerde suwa düşmek, bökmek, uklamak, ösümlikleri dadyp görmek, iýmek, haýwanlary öjükdirmek, oýun etmek, ýylanlary, mör möjekleri tutmak, ellemek, ýoldan sowulmak, rugsatsyz ot ýakmak, ýoldaşyň bilen gereksiz oýun etmek, iteklemek, gorkuzmak, zaýalanan önümleri iýmek, näsaglygyňy gizlemek, elektrik enjamlaryny ellemek, maşyna asylyp münmek, bökmek gadagan edilýär. Ýöriş wagty biri-biriň bilen golaý ýöremek, garaşylmadyk waka ýüze çyksa derrew ýolbaşçyny habarly etmek maslahat berilýär.Sowuk ursa,gün ursa, ýyldyrym çaksa, ýykylyp bir ýeriňi agyrtsaň hem derrew kömek almaga howlukmaly. Topar ýolbaşçysy her düşlewde, ýatylmaly ýerde hasaby alýar, okuwçylary barlaýar. Terbiýeçiden, mugallymdan rugsatsyz giden bar bolsa ony anyklaýar we degişli ýere (ene-atasyna, mekdebe, polisiýa bölümine) habar berilýär. Her gün ýagdaý barada mekdebe, çagalar edarasyna görkezilen wagt hasabat berýär. Mugallym ýolbaşçy çölde, tokaýda, dagda, suwly ýerlerde, howanyň ýaramaz wagty, senagat merkezinde enjamlar, elektrik gaz, ýangyn howply ýerlerde aýratyn jogapkärçilik çekýändigini unutmaly däl.Seresaplylyk,tehniki howpsuzlyk ýokary derejede berjaý edilmelidir.

Olar ýöriş tamamlanandan soň toplan materiýallaryň we olaryň saklanylyşyny üpjün edilmegini gazanmalydyr. Ýolbaşçy mugallym-terbiýeçi toplanan materiýallary

umumylaşdyryp gaýtadan işlemäge, muzeýe, mekdep muzeýine, arhiwine, okuw otaglaryna, ýörişi guran edara tabşyrmaga, mekdep mirashanasyny baýlaşdyrmaga borçludyr. Mekdep, çagalar, okuwçylar, ýygnanyşyklarynda, dabaralarynda, maslahatlarda, agşamlarda gezelenç barada habardar etmelidir. Her okuwçynyň ýörişden soňky saglyk ýagdaýy barlanylmalydyr. Mekdep usuly toparynda, pedagogiki geňeşde hasabat bilen çykyş edýär. Köp günlük gezelenç barada ata-eneler maslahatyny geçirýär. Sarp edilen maliýe serişdeleriniň hasabatyny berilýär. Mekdepde turistik gezelenç hakynda duşuşyk guralýar. Wiktorinalar, sergiler, bäsleşikler meşhur adamlar bilen duşuşyklar geçirilýär. Has işjeň okuwçylar sylaglandyrylýar. Minnetdarlyk bildirilip höweslendirilýär. Ülkäni öwrenmekde gezelenç, ýöriş, syýahatlardan başga hem ençeme görnüşler peýdalanylýar.

Olardan geografiýa gurnaklary, olimpiýadalar, bäsleşikler, geografiýa hepdelikleri, wiktorinalary, ertirlikler, agşamlar muňa anyk mysaldyr. Gurnaklar okuwçylar toparyndan (ýaş, synp aýratynlygy boýunça) ybarat düzülýär. Aýda bir gezek maslahat geçirilýär, aýlyk, çärýeklik, ýyllyk iş meýilnamasy düzülýär we şol esasda işlenilýär.

Bäsleşikler-olimpiadalar öwrenilýän dersini özleşdirişi boýunça okuwçylaryň ýaryşydyr.Ol dersi iň oňat bilýän okuwçylary anyklamak üçin geçirilýär. Ony gurnaýjylar bilim edaralary, Türkmenistanyň Bilim Ministrligi hasaplanylýar. Bäsleşik düzgün boýunça üç tapgyrdan ybarat. 1-nji tapgyr mekdeplerde geçirilýär. Ýeňijiler etrap, şäher boýunça ikinji tapgyra iberilýär. Üçünji tapgyr welaýat derejesinde geçirilýär. Onuň ýeňijileri bolsa jemleýji döwlet tapgyryna iberilýär. Her tapgyrda 1-2-3 ýerler paýlanylýar. Döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri döwlet sylaglaryna mynasyp bolýarlar. Degişli ugur boýunça ýokary okuw mekdeplerine giriş synaglaryny tabşyranda ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Her tapgyryň soraglary mysal meseleleri,ýumuşlary

çylşyrymlaşdyrylýar.Ýokary görkeziji gazananlar ýeňiji hasaplanylýar.

Wiktorinalar hem ülkäni öwrenişiň bir görnüşi. Onuň maksady öz dogduk mekanyň, onuň ilaty, taryhy, hojalygy barada köp zat bilmäge okuwçylary gyzyklandyrmak. Ol sorag-jogap, rebus, krossword, şarada, matal çözmek ýaly janly görnüşde geçirilýär.

Okuw, okuwdan daşary ülkäni öwreniş çärlerinden edilýän talap hemmeler üçin deňdir. Şertler doly, dogry, adalatly, hakyky bolup hiç kim närazy bolmaly däl. Geçirilýän çäreler barada mekdeplere, çagalar edaralaryna öz wagtynda habar iberilýär. Çäräniň geçirijek wagty, görnüşi, ugry, salgysy, emin agzalary öňünden belli edilýär. Bäsleşikler merkezi neşir arkaly "Mugallymlar gazetinde", teleýaýlymlarda bilim ulgamynyň ähli pudaklaryna habarly edilýär. Wagyz -nesihat, düşündiriş mahabatlar berilýär. Guramaçylar, mekdep ýolbaşçylary, taýýarlanýan okuwçylary zerur şertler bilen (gitmek, gaýtmak, ýatmak, naharlanmak, medeni köpçülik çäreleri) üpjün etmelidir.

Jemleýji çäreden daşary, ony guraýjylar bäsleşigiň terbiýeçilik tarapyna üns bermelidir. Döwlet baýdagy galdyrylýar, Döwlet senasy ýerine ýetirilýär, sylaglar, hormat hatlary gowşurylýar. Bu çäre uly dabara bilen tamamlanýar. Bilim işgärleri, baýry bilim işgärleri, döwlet resmi adamlary çykyş edýärler. Üstünlik arzuwlanyp çäre jemlenýär

## §6. Mekdep ülkäni öwreniş mirashanasy.

Okuw-terbiýeçilik işinde ülkäni öwreniş ýörelgeleri mekdeplerde ýerli geografik maglumatlar yzygiderli we ýeterlik derejede toplanan ýagdaýynda amala aşyrylýar. Toplanan maglumatlar köpeldigiçe ilki bada ülkäni öwreniş burçuny, soňra mekdep mirashanasyny döretmek üçin esas

bolup hyzmat edýär. Mekdep ülkäni öwreniş mirashanasyny döretmegiň hysyrdyly zähmeti köpdür. Onuň aňyrsynda mekdep geografiýa we beýleki ugurdaş taryh, biologiýa, bilimleri maglumatlarynyň hem-de erjel okuwçylaryň köpýyllyk döredijilikli zähmetleriniň netijeleri bardyr. Mekdep mirashanasynyň eksponatlaryny ýyllarboýy dowamly ýerli maglumatlary ýygnamak arkaly doldurmak mümkindir. Olary oba (şäher) ýerlerinde gündelik gözegçilikler, ýörişler, syýahatlar, gezelençler arkaly senagat, oba-hojalygy, hyzmat ediş edaralary, önümçiligiň beýleki pudaklaryna baryp ýygnaýarlar. Ýygnalan maglumatlar ilkibada ýörüte niýetlenen burçy döretmekden başlanýar. Okuwçylar öz zähmetleriniň netijesini görüp, oňa guwanyp ülkäni öwrenişe höwesleri artýar. Mekdep ülkäni öwreniş mirashanalary we onuň eksponatlary birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýärler.

1-njiden bilim berjilik orny ýokary, onda toplanan maglumatlar mugallymyň ýolbaşçylygyndaky, okuwçylaryň öz elleri bilen ýygnalýar we sapakda peýdalanylýar. Eksponatlar okuw işlerini guramaga hem-de görkezme esbap hökümünde ulanylýar.

2-njiden terbiýeçilik ähmiýeti uly. Okuwçylaryň işjeňligini, özbaşdak döredüjülik, ylym-barlag, gözleg işlerine gatnaşygyny ýokarlandyrýar.

3-njiden mekdep mirashanasy ýöne bir eksponatlar saklanýan ammar bolman, ýygnalan maglumatlary, derňäp, sergiler, nusgalyklar, gerbariler döredip ylmy-pedagogik işleri alyp barmaga hyzmat edýär. Olar esasynda dürli ýazgylar, çyzgylar, diagrammalar, suratlar, iň esasysy kartalar düzmek, mekdebiň daş-töweregini oňat öwrenmäge şert döreýär.

Mekdep ülkäni öwreniş mirashanasynyň baş wezipesi okuw terbiýeçilik işlerine hyzmat etmelidir. Mekdeplerde geografiýa, taryh, biologiýa, edebiýat dersleri okadylanda esasy çeşme ýerli maglumatlardyr. Mirashana her dersiň öz talaby bolýandygyny bellemek gerek. Her ugur boýunça

mirashananyň eksponatlary mekdep okuw maksatnamalarynyň we meýilanamalarynyň talaplaryndan ugur alnyp çuňňur bilim bermäge gönükdürilmelidir.

Mekdeplerde ülke maglumatlary esasynda mirashanalary döretmegiň esasy usuly olary peýdalanýan mugallymlaryň bu asylly hem-de jogapkärçilikli işe irginsiz zähmeti, gözlegleri, döredüjilikli çemeleşişleri, ysnyşykly hereketleridir. Ýönekeý ülkäni öwreniş burçuny döredip, soňra ony mirashana öwürmek üçin öz işiňe, ülkäňe çäksiz söýgi, eden işiňe buýsanç, okuwçylaryň ene-atalaryň, dürli ugurlarda işleýän adamlaryň utgaşykly hereketini agzybirlikde gazanyljak netijä gönüdürmekligi zerur. Şonda toplanan materiallaryň okuw işinde peýdalanylyşyna, ylmy-barlaglaryň berjek çözgüdine laýyk wezipelere daýanylmagyna üns berilmelidir. Geografiýa, taryh, biologiýa, edebiýat mugallymlary öz ugurlary boýunça edip biljek işlerini aýdyňlaşdyrmaly. Toplanan maglumatlar mekdebe golaý ýeriň, obanyň, etrabyň durmuşynyň ähli ugurlaryny aýdyň görkezýän bolmagy hökmanydyr. Ýaşaýan ýeriňdäki beýleki mirashanalara meňzeşligi bolmagy mümkin, şol bir wagtda tapawutlanýan hem bolmalydyr.

Ol tapawutly aýratynlyklar birinjiden-mekdep mirashanasyna toplanan eksponatlar onuň daş-töweregınden ýygnalan bolup biler, ikinjiden olary mugallym sapak wagty peýdalanýar, görkezme esbap hökmünde okuw sapak işlerinde okuwçylara görkezip biler, üçünjiden okuw-terbiýeçilik işlerinde dürli usullar bilen sapak, sapakdan daşary çäreleri, ýörüşleri, syýahatlary, duşuşyklary, agşamlary, dürli ülkäni öwreniş bäsleşiklerini geçirende, gündelikler ýazylanda, mekdebiň taryhy öwrenilende ulanyp biler. Ýaş ülkäni öwrenijiler höweslendirilende, sowgatlar gowşurlanda, syýahat edilen ugra ýazgy berlende hem mirashana bahasyz hazynadyr.

Mirashanany döretmegiň iň esasy usuly ony ýerleşdirip, döredip biler ýaly ýer saýlamak meselesidir. Mekdep

ýolbaşçylary bilen maslahatlaşyp mirashana döredip boljak boş ýer tapmak zerurdyr. Mekdep usuly birleşmeleriniň ýolbaşçylary şeýle ýeri tapanlaryndan soň ony döretmek işine başlaýar.

Mirashananyň esasy wezipesi mekdebiň daş töweregi, oba, oňa galtaşýan çäk barada takyk göz öňüne getirme bermelidir. Ol öwrediji, terbiýe beriji bolmalydyr.

Dogduk mekanyň hakynda mirashana janly, hakyky durmuşy beýan edip bilýän bolmagy üçin ony döredüjileriň asylly maksatlary aýdyň ýüze çykmalydyr.

Bölünip berlen jaý arassa bolmalydyr. Ýerleşdirilýän eksponatlar owadan bezelen, ýazgylar üns çekiji hem-de gelşikli ýazylmalydyr.

Natural eksponatlar (nusgalar, gerbariler, guş höwürtgeleri we ş m.), kartalar, şekillendirilýän obýektler, dokumentleriň kopiýalary, kitaplar, žurnallar, gazetler, suratlar özlerine degişli bölümlerde ýerleşdirilmelidir. Tebigat, taryh, ilat we onuň hojalyk işi, halk döredüjiligi, ýaşaýyş durmuşy ýörüte bölümlerde bolmalydyr. Mirashananyň pasporty, ondaky eksponatlar aýratyn hasapda ýöredilmelidir. Mirashanadaky toplanan maglumatlaryň sanawyny görkezýän žurnal hereket etmelidir.

Mirashananygň ammarynda tapyndylar, ýadygärliklerden ýygnalan nusgalar, şaý-sepler görnükli ýerde saklanmalydyr.

Köp mekdeplerde döredülen mirashanalaryň tejribelerini öwrenmek usulynyň gymmaty ýokarydyr.

Taýýarlykly mugallyumlar olaryň tejribelerini döredüjilikli öwrenip öz mirashanalarynda işlerini döwrüň talaplaryna görä gurap bilerler. Mirashanada ýerleşdirilýän her bir eksponat owadan, gelşikli bezelmelidir. Onuň adyny, toplanan ýerini, gymmatlygyny, getiren ýa-da tapan adamyň adyny ýörite ýazgyda görkezilmegi gerek. Suratlar, çyzgylar,

diagrammalar daşy owadan edip gaplanan, aýratyn papkada, albomlarda jiltlenen görnüşde bolsa has gowy.

Her eksponat inwentar kitabynda bellik edilen bolmaly, ýagny inwentar belgisi, gelip gowşan wagty, ony getirip tabşyranyň ady hasaba alynmaly. Her eksponatyň öz görkezijisi–kartoçkasy zerur. Mirashana ýagty, arassa, rejeli bolup, eksponatlaryň üsti yzygiderli doldurulmaly. Bu bolsa okuw-terbiýeçilik işine oňat kömek berer. Mirashananyň iş rejesi, oňa gözegçi, ýolbelet mugallym ýa-da göreldeli okuwçy bolsa has oňat.

Mekdebiň müdiriniň terbiýeçilik işi boýunça kömekçisi, mekdep kitaphanasy öz işlerini mirashana bilen utgaşdyryp guramalydyr.

Mekdep mirashaňnasynda şu bölümler bolsa maksada laýyk bolar. Her bölüm öz ugry boýunça möhüm okuw terbiýeçilik işini ýokarlandyryp biler.

1-nji bölüm “öz dogduk mekanymyzy öwrenýäris”.

Onda şeýle maglumatlar bolsa has gowy.

1. Ülkäni öwrenişiň ýyl ýazgysy.
2. Öz ýaşaýan ýeriňi öwrenmek boýunça guralan ýörüşleriň, oňa gatnaşyjylaryň atlarynyň yzygiderli ýazgylary. Syýahat, ýöriş döwrüniň gündeligi.
3. Dürli gürrüňler, marşrut kartalary, syýahatlary görkezijiler.
4. Ülkäni öwreniş gurnagynyň meýilnamalary, hasabatlary. Bu işe işjeň gatnaşyjylar.
5. Agşamlaryň, ülkäni öwreniş maslahatlarynyň ýazgylary.
6. Sylaglananlar, sowgat berlenler. Metbugatda, radio, telewideniede edilen çykyşlar.

2-nji bölüm. Biziň mekdebimiz.

1. Geografik ýerleşişi, döredülen ýyly, ýerleşen ýeri (oba, mikroraýon).

2. Mekdebiň daş-töwereginiň plany-kartasy.

3. Mekdebiň taryhy barada maglumat.
4. Dürli ýyllarda mekdebiň alyp baran işleri.
5. Mekdebiň mugallymlary, işgärleri, okuwçylaryň sany, kimler haçan gutarypdyr. Olaryň sanawy.
6. Has tapawutlanan okuwçylar, olaryň önümçilik işi.
7. Mekdepdäki ýaşlar guramasy, gurnaklar, bäsleşiklere, ýaryşlara gatnaşyşy.
8. Mekdebiuň obada, etrapda alyp barýan okuw-terbiýeçilik, wagyz-nesihat, medeni-köpçülik işleri.
3-nji bölüm. Dodyk obaň tebigaty.
1. Mähriban obamyzyň geografik ýagdaýy-ýerleşişi.
2. Obaň, etrabyň umumy geografik kartasy.
3. Etraba, oba, welaýata degişli kartalar, atlaslar.
4. Çetki nokatlary we onuň geografiki koordinatlary.
5. Obadan etrap merkezine, welaýat merkezine, Aşgabada çenli aralyk.
6.Türkmenistanyň kartasyndaky tutýan oruny. Demirgazykdan-Günorta,
Gündogardan-Günbatara çenli aralyk, ýerli wagty.
7. Araçäkleri, goňşy obalar, etraplar, welaýatlar, goňşy döwletleri.
A. Geologik gurluşy, relýefi.
8. Geohronologik tablisa.
9. Geologik karta. Eralar, döwürler.
10. Çetwertik döwürniň çökündüleri.
11. Geologik döwürleriniň landşafty.
12. Geologik profil.
13. Geologik jynslaryň nusgalyklary.
14. Fiziki we relef kartalary.
15. Geologik-geomorfologik profil.
16. Relefi görkezýän suratlar.
17. Ýerüsti keşbi görkezýän ýazgylar.
B. Gazylma baýlyklar.
18. Peýdaly gazylmalaryň nusgalary.

19. Gazylma baýlyklaryň kartalary.
20. Baýlyklaryň gorlary we hili barada maglumatlar.
21. Olaryň peýdalanylşy.
Ç. Klimaty.
22. Klimat kartasy, absolýut, otnositel, ortaça howa derejesini görkezijiler
we
olaryň çyzgylary.
23. Ygallaryň möçberi (m.m) görnüşleri.
24. Gün şöhlesiniň dowamlylygyny, ýylylygy, bulutlylygy görkezijiler.
25. Aýlyyk, ýyllyk temperaturalary.
26. Ýelleriň ugry, howa, fenologik kalendarlar.
27. Oňat we ýaramaz howanyň alamatlaryny görkezjiler.
28. Ýyl pasyllary, wegetasiýa döwürleri.
D. Suwlary.
29. Gidrologik kartalar.
30. Suw obýekitleri. Derýalar, köller, howdanlar, kanallar, çeşmeler.
31. Suw çeşmeleriniň ýazgylary.
32. Suwlaryň dürli maksatly peýdalanylşy. Suwlary goramak.
E. Topragy.
34. Toprak kartalary. Toprak nusgalyklary.
35. Topragyň görnüşleri Topraga berilýän dökünler.
36. Topragyň peýdalanylşy we goralyşy.
Ä. Ösümlikleri.
37. Ösümlikler kartasy.
38. Nusgalyklar, gerbariýler, tohumlar.
39. Dermanlyk, miweli, bezeg, gurluşyk üçin peýdalanylýan ösümlikler,
suratlary.
40. “Gyzyl kitaba” giren ösümlikler, olaryň goralyşy.

F. Haýwanaty.

41. Zoogeorafiki karta.

42. Guşlaryň we haýwanlaryň käbirleriniň şekilleri.

43. Dürli jandarlarynyň nusgalary, suratlary, ýaşaýyş görnüşleri.

44. Guşlaryň peýdasy.

45.Guş höwürtgeleri, ýabany we öý haýwanlary, olary goramak.

46. "Gyzyl kitaba" girzilen haýwanlar, guşlar, balyklar, süýrenjilerr, mör-
möjekler.

47. Landşaft kartasy.

48. Öz ýaşaýan ýeriňdäki aýratyn goralýan ýerler, goraghanalar, çäkli
goraghanalar, tebigy ýadygärlikler.

49. Tebigaty goraýyş işleri.

50. Mekdebiň bu işe gatnaşyşy.

4-nji bölüm. Öz ýaşaýan ülkäňiziň taryhy.

1. Gadymy döwürler.
2. Arheologik tapyndylar.
3. Ülkäniň ilatlaşyş kartasy
4. Taryhy ýyl ýazgylar.
5. Kapitalizme çenli döwür.
6. Zähmet gurallary, zähmet endikleri.
7. Obalaryň şekilleriniň emele gelen döwri.
8. Dürli döwürlere degişli suratlar.
9. Taryhy-arheologik, medeni ýadygärlikleri.
10. Taryhy ýadygärlikleriň kartalary.
11. Sowet döwrüne çenli maglumatlar, suratlar.
12. Öz ýaşaýan ýeriňde bolup geçen hasratly taryhy wakalar Gökdepe,
Gazawat,
Sarahs, Garrygala we beýleki uruşlar.

13. Beýik Watançylyk urşy. Oňa gatnaşyjylar, ýerli ilatyň söweşýän goşuna kömegi.

14. Hojalyk, medeni, saglyk, sport, ylym, bilim ulgamynda şöhratly yz galdyran obadaşlar.

15. Zähmetde görnükli netijeler görkezip tapawutlanan obadaşlar.

5-nji bölüm. Ülkämiziň ilaty.

1. Şäher we oba ilaty. Dürli ýyllardaky ilatyň sanyny görkezýän diagrammalar.
2. Ilatyň milli, ýaş we jyns düzüminiň diagrammalary.
3. Ilat kartalary. Gürlük kartasy.
4. Ilata degişili suratlar. Tanymal obadaşlarymyz.
5. Hormatly adamlaryň, mugallymlaryň, okuwçylaryň hormat tagtasy.

6-njy bölüm. Ülkäniň hojalygy.

1. Hojalyk pudaklary. Maldarçylyk, ekerançylyk, senetçilik.
2. Olaryň ösüşini görkezýän diagrammalar, suratlar.
3. Ekerançylygy , maldarçylygy görkezýän diagrammalar.
4. Obadaky, etrapdaky,daýhan birleşikleriň, hojalyklaryň, mülkdarlaryň sanawy.
5. Obanyň, etrabyň medeni–durmuş desgalary.
6. Obanyň, etrabyň geçmişi, geljekdäki ösüşi we ileri tutulýan ugurlar.
7. Aragatnaşyk we gatnaw ýollary. Ulaglar we olaryň görnüşleri.
8. Obanyň, etrabyň arhitekturasy, daş keşbi.

7-nji bölüm. Ülkäniň medeniýeti.

1. Mekdepler, çagalar baglary, kitaphanalar, medenýet öýleri, dükanlar,
söwda ojaklary, bazarlar.

## §7. Mekdep geografiýa derslerinde ülkäni öwreniş.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti “Beýik Galkynyş eýýamynda döreýän, guryan, özgerdýän merdana halkymyza, sagdyn ýaşaýyş-durmuş şertlerinde ýaşaýan milletimize ajaýyp hem-de röwşen geljek garaşýar” diýip öwredýär. Bu beýik maksada ýetmek üçin ýaş neslimize döwrebap bilim we terbiýe bermekligiň dürli usullaryny gözlemek meselesi ýüze çykýar. Ony amala aşyrmak üçin häzirki zaman mekdeplerinde öwredilýän derslerde toplanan ülke maglumatlaryny okatmakdaky ülkäni öwreniş ýörelgeleri esasynda sapakda peýdalanmagyň bahasy ýokarydyr. Ülkäni öwreniş ýörelgeleri öwredilýän geografiýa dersleriniň ähli görnüşleri üçin mahsusdyr.

Mekdeplerde ülkäni öwreniş ýörelgelerini öz ýaşaýan obaň, etrabyň, welaýatyň, şäheriň hakynda degişli maglumatlar toplanan wagty peýdalanyp bolar. Ol maglumatlar mugallym we okuwçylar tarapyndan kem-kemden we yzygiderli ýygnalan öz obaň (etrabyň), şäheriň baradaky bilimler arkaly, (syýahat,gezelenç,ýöriş wagty) edilen gözegçilikler mahaly jemlenýär. Beýle maglumatlary gezelenç wagtynda (tebigaty öwreniş,geografiýa dersleri) toplaýarlar. Geografiýadan öz ýaşaýan ýeriň barada sapak geçilende ülke maglumatlary esasy daýanç çeşmesidir.Öň öwrenilen bilimler berkidilýär, üsti doldurylýar. Fiziki geografiýanyň başlangyç kursy (5-nji synp) tutuşlygyna ülke maglumatlaryna esaslanyp öwrenilýär. Okuwçylar okuw gezelençleri wagty gorizontyň taraplaryny, azimut, rumb burçlaryny, kompos bilen kesgitlemegi, belentlik, peslik düşünjelerini, dag jynslaryny we minerallary, mekdebe golaý ýeriň tebigatyny, ýer üsti keşbini, suw

çeşmelerini,adamyň hojalyk işini hem-de beýlekileri öwrenýärler.

Gezelenç ýa-da ýöriş, syýahat wagty mugallym okuwça şeýle soraglar bermegi mümkin:

1.Daş-töweregimizde nämeleri görýärsiňiz?

2.Bize golaý ýerde dag, belentlikler, çöl barmy?

3. Gazylma baýlyklaryň haýsy görnüşleri bar?

4. Suw obýektleri haýsy tarapa akýar?

5. Obanyň çäginde haýsy derýa, köl, howdan, çeşme bar?

6.Obada (etrapda) haýsy döwürde howa gyzýar, sowaýar?

7.Ygal nähili görnüşde ýagýar?

8.Amyderýa, Murgap, Tejen derýalary suwuny nirä guýýar?

9. Atmosferada nähili adaty däl hadysalar bolýar?

Ýerli maglumatlar esasynda 5-nji synpda islendik temany täsirli öwretmek mümkin. Mekdeplerde 5-nji synpda öwrenilenler 6-njy synpda geçilýän ,,Materikleriň we ummanlaryň geografiýasy" dersinde üsti ýetirilýär. Onda dünýäniň dürli bölekleriniň tebigaty bilen deňeşdirilýär. Ol esasynda tebigata guralýan ýazky gezelençleriň ähmiýeti uludyr. Şonda mugallym şeýle soraglary berse ýerlikli bolar:

1.Göçýän guşlar nirelere gidýärler we haçan yzyna dolanýarlar?

2.Biziň çäklerimize sowuk howa akymlary haýsy tarapdan gelýär?

3.Epgekler (ýeller) tomus döwri nireden öwüsýär?

4.Garagum çöli ýaly iri çöller haýsy dünýä böleklerinde giň ýaýran?

5.Beýik daglaryň has beýikleri nirelerde köp?

6.Köpetdagyň, Köýtendagyň beýik depeleri haýsylar?

7.Akjagaýa ýaly deňiz derejesinden pes ýerlerden haýsylary bilýärsiň?

8.Dünýäniň we Türkmenistanyň ygally ýerlerini deňeşdir?

9.Türkmenistanda bahar pasly gelende dünýäniň nirelerinde güýz bolýar?

10.Ýer titremeleriň giň ýaýran sebitleri nire?

Biziň şertlerimizde ülke maglumatlaryny Mähriban Watanymyzyň 7-nji we 8-nji synplarynda öwrenilýän ,,Fiziki we ykdysady geografiýalarynda" islendik tema geçilende esasy daýanç serişdeleri hökmünde peýdalanylýar.

Türkmenistanyň fiziki geografiýasy öwrenilende ülkäni öwreniş ýörelgeleri esasynda howa kalendaryny döretmek,gözegçiligi ýola goýmak, hepdelik, aýlyk, ýyllyk, möçberlerinde klimata, atmosfera hadysalaryna gözegçiligi öwredip, alnan, toplanan maglumatlary sapakda, sapakdan daşary çärelerde, bäsleşiklerde giňden peýdalanmak bolar. "Suw" temalary öwredilende derýalaryň,kölleriň ýerli aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak zerur. Meselem: gyş döwründe demirgazyk sebitlerde suw doňýar. Pasyllar günorta sebitlerden ençeme gün tapawutly bolup suw desgalaryna täsir edýär.

"Ýer üsti keşbi" temalary öwrenilende daglaryň günorta, gündogar, günbatar, günorta-günbatar sebitlerinde uly meýdany tutmaklygynyň sebäpleri, Garagum çölüniň merkezi bölekde ýerleşmegi, ösümlik, haýwanat dünýäsiniň köpdürlüligi, goraghanalaryň häsiýetli aýratynlyklary, gazylma baýlyklaryň ýerleşiş aýratynlyklaryny ülke maglumatlary esasynda oňat özleşdirip bilýärler. Tebigatyň aýratyn goralýan ýerleri, tebigaty, daşky gurşawy goramagyň ileri tutulýan ugurlary hem maksada laýyk öwredilýär. Gezelençler, ýörişler wagty surata almak, nusgalyklar toplamak, gysga dowamly okuw bilimlerini döretmegi ýola goýup sapagyň netijeliligini gazanmak mugallymyň jana-jan borjudyr. Bu işe çekilen okuwçylarda öz ýaşaýan mekanyna,onuň tebigatyna guwanç, söýgüsi artýar. Döretmek, köp bilmek hyjuwy artýar. Gözellik,

ykdysady terbiýesi, Watana, Hormatly Prezidentimize wepalylygy terbiýeleýär.

Toprak, janly tebigat temalary öwrenilende, eklenjimizene topraga buýsanç, ösümlik, haýwanat dünýäsine, töweregimizdäki görýän zatlarymyza söýgi, olary goramaga Watançylyk höwesi artýar.

Fiziki geografiýa özüniň maglumatlaryny ülke tebigatynyň görnüşlerinden alýar.

Mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylar gyşky, ýazky, tomusky, güýzki öz diýaryna syýahatlary, gezelençleri wagty bahasyna ýetip bolmajak maglumatlary ýygnaýarlar. Şonda syýahatyň, ýörişiň, gezelenjiň guramaçylykly netijeli bolmagy üçin oýlanşykly düzülen meýilnamasy we hereketiň anyk ugry bolmalydyr. Oňa gatnaşýanlaryň anyk ýerine ýetirmeli işleri kesgitlenmelidir. 8-nji synpda geçilýän Türkmenistanyň ykdysady durmuş geografiýasynyň ähli temalary ülke maglumatlary esasynda geçilýär. Mugallymyň toplan materiallary 7-nji synpda öwrenilenleriň üstüni dolduryar. Öz ýaşaýan ýerleriniň tebigy şertleri we baýlyklary,etrapda, welaýatda, ýurtda tutýan orny barada köp maglumat berýärler. Obanyň (şäheriň) ilaty, ilatly oturumlar, ilatyň ýaş-jyns, milli düzümi, iş üpjünçiligi, adamyň hojalyk işi, ilatyň hereketi, ilatyň umumy sany baradaky maglumatlary okuwçylar höwes bilen toplap mugallymyň iň ýakyn kömekçileri bolýar.

Mugallym okuwçylara özbaşdak toplamak üçin şeýle tabşyryklar berip biler:

1.Obanyň emele geliş taryhy.

2.Onuň ilaty baradaky maglumatlar.

3.Obada ýaşaýan milletler.

4.Obanyň (şäheriň) arhitekturasy.

5.Ilatyň ýerine ýetirýän hojalyk işi (ekerançy, maldar, senetçi, işçi), kesp-käri,
zähmet endikleri.

6.Maldarçylyk, ekerançylyk, gurluşykda işleýänler.

7.Hyzmat edişde zähmet çekýänler (mekdepde, çagalar bagynda, saglygy
goraýyşda, söwdada, aragatnaşykda, medeniýet öýlerinde).

8.Obanyň (şäheriň) senagaty we pudaklary.

9.Ulaglary we aragatnaşygy.

10.Köçeleriň bezegi.

11.Obanyň şu güni we geljegi. Hormatly adamlary.

12.Obanyň (etrabyň, şäheriň) daşary ykdysady aragatnaşyklary.

Ýygnalan we toplanan çeşmeleri mugallym tertipleşdirip, öwreniljek temalara bölüşdirmelidir. Geografiýa sapaklarynda, geçirilýän dürli çärelerde maglumat toplan okuwçylara minnetdarlyk bildirip, höweslendirmelidir. Okuwçy öz zähmetine berlen baha begenip, eden işiniň ähmiýetine düşünip lezzet almalydyr.

Maglumatlar toplananda ene-atalar, oba ýaşululary, hünärmenler, tebigaty söýüjiler, jemgyýetçilik wekilleri, oba arçynlary, kethudalar, daýhan birleşiginiň ýolbaşçylarynyň kömegine, maslahatlaryna daýanmak gerek.

8-nji synpda öz ýaşaýan ýeriň, etrabyň, welaýatyň barada ýerli metbugatyň maglumatlaryny (gazet, žurnal, çeper edebiýat, tele-radio ýaýlymlar), halk arasyndaky rowaýatlary, täsin habarlary, ýaşulularyň gürrüňlerini, zähmet, döredijilik adamlarynyň tejribelerini ýerlikli we başarnykly peýdalanmak hem ussatlygy talap edýär. Sapak gyzykly, täsirli, bilim-terbiýe berijilik derejesiniň ýokary bolmagynda geçýär.

Ýerli maglumatlary toplamaklygyň dürli usullaryny peýdalanmak gerek. Onuň esasy görnüşleri önümçilik tejiribeligi, gezelençler, ýörişler, syýahatlar, önümçilik işgärleri bilen toparlaýyn, ýekelikde duşuşyk, oba geňeşligine barmak, arçynlardan häkimlerden, olaryň bölümlerinden daýhan birleşikleriniň hasabatlaryndan, arhiwden, ýerli metbugatdan, öwüt-ündew edaralaryndan, medeniýet

öýlerinden, mirashanalaryň eksponatlaryndan almak bolup biler. Şonda mugallym okuwçylara ýörite taýýarlanan önümçilige dahylly soraglary esasynda ýumuşlary bölüp maglumat ýygnamagy öwretmegi we gözegçilik etmegi zerurdyr. Olar jemlenip okuwça sada, ýerli maglumatlara daýanyp temany oňat öwrenmäge şert döreder.

9-njy synparda öwrenilýän „Dünýäniň ykdysady durmuş geografiýasy” dersini gyzykly, ýatda galyjy, özleşdiriliş derejesi, bilim- terbiýeçilik ähimýeti ýokary bolan sapak hem ülke maglumatlarynyň baýlygyna baglydyr. Şonda mugallym anyk maglumatlara esaslanyp, suratlar, önüm nusgalary, saglyk, beden terbiýe, sport, halkara syýasaty, söwda eksport, import sungat, sergiler, döwlet Baştutanymyzyň daşary ýurtlara amala aşyrýan Watan bähbitli iş saparlarynda gazanylan ylalaşyklary içgin öwrenip döwletler,ýurtlar, halklar arasyndaky dostluk-doganlygy asuda, parahat durmuşymyzy, Mähriban Watanymyzyň dünýädäki ornuny ýokary derejede öwredip biler.

9-njy synpyň geografiýasy öwrenilende “Awaza” Milli syýahatçylyk zolagy, “Türkmenistan-hytaý”, “Döwletabat-Hangeran” gaz geçirijileri, gurulýan, uzylygy 900 kilometr bolan “Gazagystan-Türkmenistan-Eýran” demir ýoly, daşary ýurtly hyzmatdaşlar biken gurlan, gurulýan senagat merkezleri, zawodlar, fabrikler, sport medeni toplumlar, okuw jaýlary, mirashanalar, sagaldyş merkezleri, dürli önümçilik desgalary we köp-köp başga amala aşyrylýan işler ygtybarly daýanç çeşmeleri bolmalydyr. Önümçilige syýahat hem taýýarlykly bolmalydyr. Şeýle syýahatlary ýurdumyzda geçirilýän dürli sergilere, tebigaätyň täsin ýerlerinde döredilýän medeni-durmuş desgalaryň mekdebe golaý ýerlerinde gurap bolar.

Türkmenistanyň ykdysady durmuş geografiýasy dersi üçin ýerli maglumatlary şeýle soraglar arkaly ýygnap bolar.

Öz ýaşaýan obaň, etrabyň öwreniliş meýilnamasy

1.obanyň (etrabyň) ady, haçan döräpdir, ozallar we häzir nähili atlandyrlan.

2. Ilaty barada maglumatlar. Sany, jyns-ýaş düzümi, haýsy milletler ýaşaýar.

3. Tebigaty. Ýerleşişi, araçäkleri, topragy, suwlary, ösümligi, haýwanaty.

4. Ilatyň hojalyk işi. Näme bilen meşgullanýar. Zähnet endikleri.

5. Senagaty, oba hojalygy, ulaglary weolaryň görnüşleri.

6. Oba hajalygynda, maldarçylygynda haýsy ekinler, mallar agdyklyk edýär.

7. Obanyň (etrabyň, şäheriň) medeni durmuşy. Tebigy taryhy medeni
ýadygärlikleri.

8. Ösüşinde ileri tutulýan ugurlar.

Mekdep geografiýa derslerinde ülke maglumatlaryny diňe sapak wagty däl-de eýsem ders bäsleşiklerinde hem giňden peýdalanyp bolýar. Ders bäsleşikleri ähli synp okuwçylary bilen aýratynlykda geçirilýär. Bäsleşikleriň guralşy onuň taýýarlygyna baglydyr. Oňa gatnaşyjylara ýazmaça soraglar, sowalnamalar, barlagnamalar, kesmeçler görnüşinde tabşyryklar bermek mümkin.

Bäsleşige gatnaşýanlara hödürlenýän ýumuşlar okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna we okaýan synplaryna gabat gelmelidir. Onuň maksady bilim-terbiýe bermeklige, hünär saýlamaga, zehinleri ýüze çykarmaga, geografiýa ylmyna söýgi döretmek, bilesigelijiligi höweslendirmäge, daşky gurşawa, ýaşaýan ýeriniň tebigatyna aýawly çemeleşmäge bedenterbiýesini, gözellik, ykdysady terbiýelerine gönükdirilen bolmalydyr. Bäsleşigiň geçiriljek ýeri we wagty belli edilen soň oňa gatnaşyjylaryň sanawy takyk edilmelidir. Taýýarlyk işleri tamamlanandan soň

bäsleşigi guraýjylar onuň açylyşynyň dabaraly, şowhunly, ýatda galyjy bolmagyny gazanmalydyr. Her synp üçin bäsleşik bir iki tapgyrda geçirilse ýerlikli bolar. Tapgyrlar kiçi synplarda (mekdep, etrap) bir günde geçirilse, uly synplarda welaýat, döwlet derejesinde birnäçe günlük bolsa has maksada laýyk bolar. Etrap, welaýat derejesindäki bäsleşiklere gatnaşýanlar myhmanhana, ulaglar, hyzmatyň beýleki görnüşleri baradaky alada gurşalan bolmalydyr. Döwlet derejesinde geçirilýän bäsleşikleriň guralşy we geçirilişi aýratyn tapawutlanmalydyr. Ýeňijiler Minnetdarlyk hatlary, Hormat hatlary, diplomlar, döşe dakylýan nyşanlar we ýadygärlik sowgatlary bilen ýokary derejede höweslendirilmelidir. Aýratyn tapawutlanan ýeňijileriň metbugatda, tele-radioýaýlymlarda çykyşlary guralmalydyr. Mekdeplerde geçirilýän ertirliklerde, ata-eneleriň ýygnaklarynda, usuly birleşmeleriň maslahatynda, ýaşlar guramalarynyň dabaraly çärelerinde minnetdarlyk bildirilmelidir.

8-nji synp üçin bäsleşige gatnaşýanlara şeýle sowallara ýazuw üsti bilen jogap bermekligi tabşyrmak bolar:

1).Garaşsyz Watanymyzyň dünýä kartasyndaky tutýan orny.

2).Türkmenistanyň möhüm senagat düwünleri.

3). “Awaza”Milli syýahatçylyk zolagy -Türkmenistanyň merjen hazynasydyr.

4).Täze Galkynyşlar döwründe emele gelen oba etraplary.

5).Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi.

6).Türkmenistanyň täze egirme-dokma toplumlary.

7).Türkmenistanyň ýangyç- energetika toplumy.

8). Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýoly.

9).Aşgabat- täzeden gurulýan şäherdir.

10).Hazar- dostluk deňzidir.

Bäsleşigiň 1-nji tapgyrynyň ýeňijilerini 2-nji tapgyra goýbermeklik oňa gatnaşyjylara mälim edilýär.

2-nji tapgyryň soraglary-barlagnamalary welaýat bilim dolandyryş müdirligi, ýurdumyzyň Bilim Ministrligi tarapyndan tassyklanan bolmagy hökmanydyr.

Bäsleşik başlanandan tamamlanýança ülke maglumatlaryna esaslanan bolmalydyr. Ýumuşlarda ýurdymyzyň gözel ýerleri, daglar, çöller, oazisler dag etegi tebigaty ýaly bir-birinden tapawutly soraglar goýulsa has gyzykly bolar. Janly tebigat, goraghanalar hem bäsleşikde öz beýanyny tapmalydyr. Bäsleşikler tebigatyň täsinliklerini çuňňur öwrenmäge, onuň baýlyklarynyň durmuşda peýdalanylyşyna göz ýetirmäge gyzyklanma döretmelidir. Durmuşa bolan şatlykly we hoşniýetli duýgular, tebigata , adamlara bolan söýgülerini artdyrar. Watanyň tebigaty hakynda has köp bilmäge, adamyň hojalyk işiniň miwelerine hormat, ertirki eşretli günlerine buýsanç, Watana, Hormatly Prezidentimize çäksiz söýgi, wepalylyk duýgularyny ösdürer.

Muny duýan okuwçylar indiki bäsleşikleriň geçiriljek möhletine ykjam taýýarlyk görerler. Oňa höwes bildirýänleriň sany artar. Öz ýaşaýan ýeriňi welaýatyňy öwrenmek geografiýada ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Şonuň üçin orta mekdepleriň okuw meýilnamalarynda “Öz ýaşaýan welaýatyň” diýen tema bar. Mugallym okuw ýyly üçin meýilnama düzende her bir synp üçin aýratyn çemeleşýär. Ülke maglumatlary öwretmegiň esasy ugrukdyryjylary geografiýadan okuw syýahatlary, ýörişleri, gezelençler hasaplanýar. Okuw maksatnamalarynda ülkäni syýahatlar üsti bilen öwrenmeklige ýörite wagt bölünip berilýär. Okuw syýahat sapaklary ýyl möwsümlerine baglylykda güýzki, ýazky, ýerli önümçilik kärhanasyna toplumlaýyn gezelenç diýip bölünýär. Jemi 4 gezek gezelenç etmek meýilleşdirilýär. Okuw gezelençleri guramaçylygy talap edýän çylşyrymly sapak görnüşidir. Mugallymdan aýratyn jogapkärçiligi talap

edýär. Mugallym we okuwçylar oňa uly taýýarlyk görýärler. Mugallymyň taýýarlygy 1-njiden gezelenjiň maksadyny, wezipesini anyklamaklyga, 2-njiden syýahatyň, gezelenjiň geçiriljek ýerini, marşruty kesgitlemegini, 3-njiden düşleniljek ýerleri anyklamagy her düşelgede edilmeli ýumuşlary düzmegi, 4-njiden syýahatda gezelençde ýüze çykyp biljek päsgelçiliklere göz ýetirmegi, 5-njiden syýahat wagty toplanan maglumatlary geografiýa sapaklarynda peýdalanmak mümkinçiligini mekdep geografiýasynyň okuw maksatnamalary bilen utgaşdyryp bilmegini talap edýär.

Güýzki gezelençler 5-njisynp üçin häsiýetlidir. Bu sapagyň maksady derýa hanasyny, tokaýy çöli öwrenmeklige gönügen bolmalydyr. Biziňşertlerimizde esasy obýekt Amyderýa, Garagum çöli bolup biler. Taýýarlyk döwründe syýahatyň-gezelenjiň başlanýan ýeri anyklanylýar. Oňa gatnaşýan okuwçylar toparlara bölünip aýratyn ýumuş tabşyrylýar. Gündelik ýol ýazgylaryny ýöretmek öwredilýär. Hereketiň ugry, gorizontyň taraplary kompasyň kömegi bilen anyklanylýar. Her duralganyň arasy okuwçylaryň ýaşyna görä kesgitlenýär. Iki duralganyň arasyndaky tebigata gözegçilik edilýän (toprak, suw, ösümlik, guşlar, mör-möjekler, haýwanlar, howa ýagdaýy). Mugallym okuwçylarda ýüze çykan soraglara jogap berýär. Nusgalyklar, gerbariler toplamagyň, saklamagyň usullaryny, surat almagy kino düşürmegi öwredýär. Gezelenjiň dowamlylygy okuwçyny ýadatmaly däldir. Sapak jemlenende ýygnana materiallar mekdebe tabşyrylýar. Okuwçylar öýli-öýlerine ugradylýar. Gezelenç boýunça agşamlyk, gurnak, wiktorina guralýar. Sergide toplanan eksponatlar tanyşdyrylýar.

Degişli temalar geçilende güýzkigezelenjiň maglumatlary ýerlikli peýdalanylýar. Okuwçylarda öz zähmetine buýsanç tebigata söýgi döreýär.

5-nji we 6-njysynplarda tebigata ýazky gezelençler hem guralýar. Bu okuw gezelenji hem guramaçylygy we taýýarlygy

talap edýär. Gezelenç üçin çölsaýlanyp alynýar. Ýazky gezelenje janlanýan çöl tebigaty öwrenilýär. Her topar üçin ýörite iş ýumuşlary taýýarlanýar we gözegçilik etmek tabşyrylýar.

1).Tebigatda nähili özgerişlik bar?

2).Howanyň derejesi nähili?

3).Çäge görnüşleriniň ýerleşişi nähili?

4).Çäge süýşmelerine ýel nähili täsir edýär?

5).Janlanan ösümlikler, açylan güller barmy?

6).Oýanan süýrenjiler, göçýän guşlar duşýarmy?

7).Çägeleriň üstünde jandarlaryň aýak yzlary barmy?

8).Nähili ot, gyrymsy, agaç ösümlikleri duşýar?

9)Daşky gurşawa tebigatyň, adamyň täsiri nähili?

10).Şäherimiz haýsy tarapda ýerleşýär?

Ýazky gezelenç okuwlarynyň taýýarlyk işleri tamamlanandan soň tebigata toplumlaýyn ýazgy bermek üçin şeýle meýilnama düzüp bolar.

1).Gözegçilik edilýän ýeriň geografik ýagdaýy (oba, mekdebe, derýa, ekerançylyk meýdanlaryna golaýlygy).

2).Duşýan relýef görnüşleri, baýyr, depe, oý ýerler, jarlar,janly tebigat.

3).Agdyklyk edýän dag jynslary, toprak görnüşleri. Onuň mehaniki düzümi.

4).Ýerasty suwlaryň derejesi, çöller, akarlar, köller.

5).Ösümlik we haýwanat dünýäsi. Aýratyn goralýan görnüşler.

6).Tebigy toplumlar, çöl, tokaý, dag, oazisler.Klimaty.

7).Tebigatyň adamyň hojalyk işindäki orny. Olary netijeli peýdalanmak, gorap saklamak.

Tebigata ýazky gezelenç sapaklary 7-nji synp üçin hem häsiýetlidir. Bu gezelenjiň wezipesi dürli ölçeg gurallary bilenişlemek arkaly orografik profil düzmegiň usullaryny öwretmek, meýdan şertlerinde tebigy toplumlar bilen tanyşdyrmak, nusgalyklar ýygnamagy öwretmek, topografiki

enjamlar we göz ölçegleri arkaly gorizontyň taraplaryny kesgitlemek. Meýdanyň planyny düzmek we karta geçirmegiň endiklerini bermek, öwrenilýän meýdanyň hojalyk ähmiýetine baha bermegi öwretmek we terbiýeleriň dürli görnüşlerini bermeklikden ybarat.

Gezelenç sapagyny geçirmek, gözergçilik etmek, magluymatlary toplamak we ony jemlemek mugallymyň ussatlygyna baglydyr.

8-nji synpda esasan ýerli kärhana oba hojalygy bilen meşgullanýan daýhan birleşigini okuw gezelenji guralýar. Şeýle gezelenji mdeniýet öýlerine, sagaldyş merkezlerine, uylag we aragatnaşyk kärhanasyna hem guramak bolar. Gezelenç okuwy wagty mugallym öwrenilýän ýer barada maglumatlary berýär. Meselem şeýle gezelenji Türkmenabat şäherindäki 2009-njy ýylyň oktýabr aýynda açylan pagta egiriji fabrige guramak bolar.

Desga şäheriň Günorta-günbatar böleginde ýerleşýär. Ony gurmak barada Hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda perman çykardy. Onuň gurluşyny Türkmenistanyň dokma sengaty ministrligi Baş potratçy-“Engin Crupp Konsorsiýum S.A” (Britan Wirgin adalary) bilen bilelikde amala aşyrdy.

Onuň esasy çig maly ýurdymyzda ösdürilip ýetişdirilýän pagta süýümidir. Ýylda 17700 tonna nah ýüpligi öndrülýär. Ony öndürmek üçin 1-nji hilli pagta süýüminiň 19361 tonnasy gerekdir. Onuň esasy enjamlary Italiýada, Şweýsariýada, Ispaniýada, Türkiýede öndürlaendir. Marzoli “SAVIO” (Italiýa), “TRÜTZCHLER” (Germaniýa), Pinter S.A (Ispaniýa), “USTER” (Şweýsariýa) “TEMSAN”, “INOKSAN” (Türkiýe) şereketleriň enjamlary olaryň esasylarydyr.

Fabrigiň dolandyryş binasy 2 gatly 1566,0 m$^2$ meýdanly, 1644,0 m$^2$ meýdanly çig mal ammary, 5112,0 m$^2$ meýdanly taýýar önüm ammary bug gazany, tok bölüji desga bina edildi. Iş orunlaryň 500-si döredilen. Ol Türkmenabat şäheri üçin

goşmaça iş orunlaryny berdi. Fabrikde öndürilýän önümiň ýyllyk möçberi 31,7 mln ABŞ dollaryna barabardyr. Mugallymyň gürrüňinden soň okuwçylar fabrik bilen tanşarlar. Täze Galkynyşlar döwründe bina edilen bu fabrik ýaşlarda hünäre höwes, Watana söýgi, Hormatly Prezidentimize çäksiz wepalylygy döredip, ady uzaklarda meşhurlyk gazanan döwletde ýaşaýandygynyň bagtyna guwanarlar.

9-njy synplarda hem toplumlaýyn okuw gezelenjini ýangyç-energetika toplularyna guralsa ýerine düşer. “Döwletabat- ”, “Körpeje-Gurtguýy”, “Mary DEB”, “Daşoguz DEB-i” Garaşsyzlyk döwriniň miweleridir.

2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda işe girizilen “Türkmenistan-Hytaý” gaz geçirijisi dünýä ýaň salan asyryň uly desgasydyr. Ol gadymy “Ýüpek ýolunyň” gaýtadan dikeldilmeginiň dabaralanmagydyr. Mugallym onuň Lebap welaýatynyň Farap we Hojambaz etraplaryň çäklerindäki “Bagtyýarlyk”şertnamalaýyn ýataklarynda gurulandygyny aýdyp onuň geçýän ugry bilen tanyşdyrýar.

Gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çägindäki uzynlygy 184.5 km, Özbegistanyň çäklerinde 490 km, Gazagystanyň çäklerinde 1300 km, Hytaý Halk Respublikasynyň çäklerinde 4500 km uzynlygynyň jemi 7000 km bardygyny ýatladýar. Gaz geçiriji boýunça ýylda 40 mlrd $m^3$ türkmen gazy 30 ýylyň dowamynda dostlukly döwlete berler. Gaz geçirijiniň açylyş dabarasyna dostlukly döwletleriň 4-siniň hem Prezidentleriniň gatnaşmagy häzirki zaman dünýäsiniň möhüm taryhy wakasydyr. 9-nji synpyň okuw maksatnamalarynda “Bütin dünýä ykdysady gatnaşyklaryň geografiýasy” temasyna aýratyn wagt bölünip berilýär. Şonda mugallym welaýatlardaky dokma toplumlarynyň dünýä bazarlaryna çykarýan önümleri barada 8-nji synpda öwrenenleriniň üstüni dolduryar. Aşgabatda, Gökdepede, Gypjakda, Baharlyda, Kakada, Sakarçägede, Wekilbazarda , Tagtabazarda, Ýölötende, Türkmengalada, Türkmenabatda, Halaçda işe

girizilen toplumlaryň önümlerini iberýän ýurtlary barada giň düşünje berip biler. “Awazada”, Gökderede, Arçabilde, welaýat merkezlerinde, Aşgabatda çagalar üçin niýetlenen sagaldyş merkezleri barada hem gezelençler sapak wagtlary degerli düşünjeler berilmelidir.

Ülkäni öwreniş maglumatlary islendik synpda geografiýadan öwrenilýän düşünjeleri giňeltmäge, Watany, onuň hojal;ygyny söýmäge, guwanmaga dünýäniň dürli kysymly ýurtlarynyň öňdebaryjy tejribelerini özleşdirip bilmek endiklerini almaga, halklar arasyndaky dostluk-doganlygy pugtalandyrmaga, öz ýaşaýan ýeriňiziň tebigatyny öwrenmäge hem-de ýaşlary durmuşa taýýarlamaga gönükdirlen bolmalydyr.

Geçilýän sapaklar okuwçylaryň toplan eksponatlary, gözegçilik geçiren ýerleri, baryp gören önümçilik kärhanalary bilen baglanyşdyrlyp, sorag-jogaplary arkaly berkidilmelidir.

## §8.Öz ýaşaýan welaýatyňy öwrenmek (etrap, welaýat, döwlet )

Geografiýa dersleri okadylanda ülke maglumatlaryny öwrenmegiň uly durmuş ähmiýeti bardyr. Mekdeplerde öwrenilýän geografiýa dersleriniň her biriniň öz aýratynlyklary bolup olary maksada laýyk ülke maglumatlary bilen baýlaşdyrmak, maksada okgunly, döredijilikli işleýän mugallymyň zehin ussatlygyna baglydyr.

Mugallymyň meýilnamasy şulary göz öňünde tutup düzülmelidir.

1.Watanyň bir aýrylmaz bölegi bolan öz obasynyň fiziki, ykdysady geografik ýagdaýyna çuň akyl ýetirip bilmeklerini gazanmak.

2. Öz obasynyň, welaýatynyň tebigaty bilen hojalygyň baglanşygyna göz ýetirmekligine.

3.Synpdan we mekdepden daşary çärelerde güýçýeterli ýörelgelerde maglumatlar toplap bilijilik ukybyna.

4. Daşky gurşawy goramak endikleriniň ösdürilişine.

5.Öz toplaýan maglumatlarynyň okuwçylarda okuw-terbiýeçilik işlerine ýetirip biljek täsiriniň bähbitlerine perzentlik buýsanjy bilen düşünmeklerine.

Welaýat, etrap, oba öwrenilende şeýle meýilnama teklip edilýär.

1. Öwrenilýän ýeriň (oba, şäher, etrap, welaýat) ady. Ýurtda, welaýatda tutýan orny. Döredilen, emele gelen ýyly.
2. Meýdan ululygy, serhetleşýän obalary, etraplary, welaýatlary, goňşy döwletler. Çäk-dolandyryş bölünşigi. Etraplar,şäherler, şäherçeler.
3. Tebigy şertleri, relýefi, peýdaly gazylmalary, klimat, toprak, ösümlik örtügi, haýwanat dünýäsi, goraghanalar.
4. Ilaty, onuň sany, gürligi, milli düzümi, zähmet baýlyklary, şäher we oba ilatly mesgenleri.
5. Hojalygy we onuň pudaklary.
   Senagaty, oba hojalygy, ulaglar, aragatnaşyk, bilim, medeni hyzmat ediş ojaklary, ýollar, tebigy gaz, suw, elektrik üpjünçiligi.
6. Iri şäherleri we şäherçeleri. Olardaky senagat merkezleri.
7. Etraplar, kiçi etraplar, iri obalar.
8. Ekologiýa meseleleriniň çözlüşi.
9. Obanyň, etrabyň, welaýatyň Türkmenstanda tutýan orny.
10. Obanyň etrabyň, welaýatyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary.
   Welaýatyň ösüşiniň esasy ugurlaryny Türkmenistanyň „ Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy“boýunça toplamak maslahat berilýär.(seret jetwel1) Ony Lebap welaýatynyň mysalyna salgylanyp düzüp bolar. Welaýatyň düzümine 14 oba etraby, 4 şäher, 3 etrap hukukly şäher, 1 etrap tabynlygyndaky şäher, 2

şäher etraby, 27 şäherçe, 124 geňeşlik we 484 oba ilatly ýerler girýär. Häzirki wagtda bu welaýatda tutuş ýurdumyz boýunça öndürilýän senagat önümleriniň

**Türkmenıstanyň Prezidentınıň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli maksatnamasyny amala aşyrmaklyga zerur bolan düýpli maýa goýumlaryň MÖÇBERI**

*mlrd.manatda*

1-nji tablisa

| | Jemi (2008-2020 ý ý.) | şol sanda, ýyllar boýunça | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2008 ý. | 2009 ý. | 2010ý. | 2011ý. | 2012ý. | 2013ý. | 2014ý. |
| Türkmenistan şol sanda: | 725013 | 5559,2 | 10485,7 | 8698,6 | 6325,2 | 7428,2 | 5688,5 | 5304,5 |
| Ahal welaýaty | 16371,8 | 1051,3 | 1864,7 | 2386,3 | 1122,2 | 2312,4 | 1172 | 1210.7 |
| Balkan welaýaty | 8773,8 | 1129,1 | 1531,5 | 1069,4 | 719.1 | 775,9 | 597,8 | 513,2 |
| Daşoguz welaýaty | 15834.6 | 1218.1 | 2167,6 | 1562,4 | 1472,5 | 1306 | 1137,8 | 110,8 |
| Lebap welaýaty | 15290.5 | 1120,1 | 2740,6 | 1861,1 | 1187,0 | 1392,4 | 1251.5 | 1263,6 |
| Mary welaýaty | 16230,6 | 1040,6 | 2181,3 | 1819,4 | 1824,4 | 1641,5 | 1529,4 | 1206,2 |

| | | |
|---|---|---|
| | 2015ý. | 2016-2020 ý.ý. |
| Türkmenistan şol sanda: | 5982,1 | 17029,3 |
| Ahal welaýaty | 1357,3 | 3894,9 |
| Balkan welaýaty | 613,7 | 1824,1 |
| Daşoguz welaýaty | 1270.9 | 4588,5 |
| Lebap welaýaty | 1609,2 | 2865,0 |
| Mary welaýaty | 1131 | 3856,8 |

15%-den gowragy öndürilýär.Ýurtda öndürilýän pagta süýüminiň 30%-e golaýy, ýüpek matalaryň 96%-den gowragy öndürilýär.Nah matalaryň, örme önümleriň, haly we haly önümleriniň, jorap önümleriniň öndürilişinde bu welaýat uly orun tutýar.Welaýat boýunça öndürilýän ilatyň ulanýan harytlarynyň 66%-i azyk harytlaryna degişlidir.Ýurdumyz boýunça öndürilýän oba hojalyk önümleriniň 20%-den gowragy Lebapda öndürilýär.Pagtanyň 29,6%-i, gök önümleriň 18,6%-i, kartoşkanyň 25,2%-i, miweleriň we ir-iýmişleriň 20,4%-i, üzümiň 11,9%-i Lebapda öndürilýär.

Welaýatda 216 sany mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary bar. Olarda 36 müňden gowrak çaga terbiýelenýär. Orta mekdepleriň 358 sanysy bolup, olarda okuwçylaryň sany 213 müňe golaý, 13,4 müň mugallym işleýär.

Häzirki wagtda Lebap welaýatynda umumy orunlary 5219 sany bolan jemi 25 hassahana, 6 sany stadion, 210 sany sport jaýlary, 4 sany muzeý we 1 teatr (S.Seýdi adyndaky ) işleýär

we halka hyzmat edýär.Milli maksatnamanyň çäklerinde welaýatda sosial obýektleri we inžener infrastrukturasynyň obýektlerini ösdürmeklige 15.290,5 mlrd manatlyk maýa goýum goýmak meýilleşdirilýär.Serişdeleriň esasy bölegi mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň (3.046,6 mlrd manat) we mekdepleriň (2.671,4 mlrd manat), elektirik geçirijileriň we desgalaryň (3077,2 mlrd manat ),ýaşaýyş jaýlaryň (1.640,5 mlrd manat ),sport mekdepleriniň (928,4 mlrd manat) suw (840,8 mlrd manat ) we lagym (807,9 mlrd manat) geçirijileriň gurluşygyna gönükdiriler. Welaýatda hassahanalaryň, saglyk öýleriniň we merkezleriniň, sport desgalarynyň gurluşygyna we durkunyň täzelenmegine uly möçberlerde maýa goýumlaryny gönükdimek göz öňünde tutulýar.

Şeýle maglumatlary ähli welaýatlar üçin peýdalanmak mümkin.

Ýerli maglumatlary toplamagyň dürli usullary we görnüşleri bolup biler. Ony saýlamak we okuwça teklip etmek mugallyma baglydyr.

1. Edebiýat çeşmelerini öwrenmek..
2. Gözegçilikler arkaly öwrenmek, gezelençler, synpdan daşary çäreler arkaly.
3. Ýerli ülkäni öwreniş muzeýlerine, arhiwlere baryp öwrenmek.
4. Uly ýaşly adamlaryň gürrüňlerini diňlemek arkaly
5. Surata, widio kameralara düşürmek arkaly.

Olardan başgada oba geňeşligi, pasport bölümleri, daýhan birleşikleri etrap maglumatlar gullugy hem gymmatly maglumatlar berip biler.Her bir mekdepde ülke maglumatlaryny saýlamak arkaly geçirilýän fakultatiw sapaklarda peýdalanmak mümkinçilikleri bar.

Fakultatiw okuwlar esasan haýsy hem bolsa bir okuw dersini düýpli öwrenmeklik üçin döredilýär. Ol käbir ýöriteleşdirilen mekdeplerde aýratyn synp toparynda, şeýle mekdepler-synplar

ýok ýerinde bolsa Bilim ministrliginiň karary esasynda döredilýär. Fakultatiwleriň esasy maksady okuwçylaryň isleglerine görä olaryň saýlap alan dersleri boýunça alýan bilimlerini has çuňňur öwrenmäge, ukyplaryny, zehinlerini ösdürmäge, jemgyýete peýdaly, giň dünýägaraýyşly adamlar bolup ýetişmeklerine ýardam berýär.
Fakultatiw okuwy geçýän mugallym oňa mynasyplary saýlap alýar. Okuw düýpli usuly okuw görkezme esbaplary, tehniki serişdeler, problemalaýyn häsiýetli kompýuterler bilen üpjün edilen bolmalydyr. Fakultatiwler meýletinlik ýörelgelerinde guralmalydyr. Onuň ahyrky netijesi okuwçylary bäsleşiklere gatnaşdyrmak, nutuklar, geografik referatlar, düzmeler ýazdyrmak, çekişmelere gatnaşdyrmak, hünär saýlamak, geljekde edinmek isleýän bilim, ylym ugurlaryny entek mekdepdekä kesgitlemek çärelerine gönügen bolmalydyr. Fakultatiwler okuwçylaryň höwesini ösdürýän bolmagy esasy şertdir. Onuň has giň ýaýran iki görnüşi bardyr. Birinji görnüşi dersi has çuňlaşdyryp, goşmaça maglumatlar bermek arkaly, maksatnama materialyny gaýtalaman aýry bölümleri we baplary öwredýar. Ikinji görnüşi belli bir ugur boýunça ýörite guralýan okuwlar. Bu görnüş esasan geografiýa dersleri boýunça has taýýarlykly mugallymlar tarapyndan okuwçylaryň islegleri esasynda döredilýän „Öz welaýatyň“, „Dogduk mekanym“, „Topografiýa“, „Geologiýa“, „Ykdysadyýet“ ýaly okuwlar bolup biler. Bularyň haýsy birini alsaň hem mekdeplerde özüni ödän we durmuşa ornaşan fakultatiwlerdir. Biziň şertlerimizde ülkäni öwreniş boýunça okadylýan fakultatiw okuwlaryň netijesi has ýokarydyr. Onuň ahyrky netijesi bolsa ýaşlary durmuşa taýýarlamaga öz watanyny jandan söýýän, Hormatly Prezidentimize wepaly nesilleri ýetişdirmäge gönükdirilmelidir.

## §9.Ülkäni öwreniş boýunça ýumuşlary taýýarlamagyñ usullary.

Ülkäni öwreniş işleri ýadawsyz zähmeti, irginsiz gözlegi talap edýär. Onuñ esasy bölegini mugallymyñ gözegçiligi we maslahaty esasynda okuwçylar ýerine ýetirip bilerler. Türkmenistanyñ orta mekdepleriniñ V-lX synplary üçin Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan okuw Maksatnamasynda geografiýa dersini öwrenmek üçin jemi 340 sagat wagt berilýär. Maksatnama boýunça okuw ýylynyñ dowamynda her synp üçin deñ, hepdede 2 sagat wagt bölünip, jemi 68 sagat okadylýar. Maksatna-mada öwrenilmäge degişli temalary ýerli ülke maglumatlary bilen baglanyşdyryp we baýlaşdyryp, gyzykly, täsirli düşündirmegiñ dürli usullary bar. Ülkäni öwreniş ýörelgesi ondan çykalga tapmaga, öz üstünde işlemäge, agtarmaga, okadýan dersine höwes döretmäge, okuwçylaryñ gündelik görýän, ýaşaýan ýerlerindäki täsinliklere içgin aralaşmak usullary salgy berilýär. Okatmagyñ ülkäni öwreniş ýörelgeleri ýumuşlar, sowalnamalar, soragnamalar düzmek , okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlamak ýaly usullara daýanýar. Olaryñ her biriniñ ýokary derejeli bilim, terbiýe berijilik ähmiýeti bolmalydyr. Öz ülkäñi öwrenmek ýaşaýan ýeriñe gözegçilik etmek, görmek, synlamak, ýakyn adamlaryñyñ, ýaşulylaryñ gürrüñlerini diñlemek, metbugat, çeper edebiýat çeşmelerini okap özleşdirmek, ýer-ýurt atlarynyñ döreýşini añladýan manylaryna göz ýetirmek, öz mekanyña degişli kartalary derñemek arkaly öwrenmek usullary bar. Ülke baradaky işleri başlangyç synplarda öwrenilýän “Tebigaty öwreniş”derslerinden başlap öwredip ugramaly we eýýäm V synpda çylşyrymlaşdyrmak gerek.

Ýumuşlar tabşyrlanda onuñ okuwçylarynyñ özleşdirip bilijlik derejesine üns bermeli. 5-nji synpdan ýönekeý soraglara jogap tapmaklaryny tabşyrmaly. . Tabşyrylýan

ýumuş ýa-da sorag ýerli şertler bilen bagly bolmalydyr Şeýle soraglar berilse oñat bolar:

1.Şu giñ asmanda Aý göründimi?
2.Täze dogan Aýyñ görnüşi nähili?
3.Şemal haýsy tarapdan öwüsýär?
4.Ygal nähili görnüşde ýagýar?
5.Asmanda bulutlylyk derejesi nähili boldy?
6.Oba suw alyp gelýän aryk (kanal)gözbaşyny nireden alýar?
7.Garagum çöli haýsy tarapymyzda ýerleşýär?
8.Ilkinji bolup haýsy miweli agaçlar gülledi?
9.Haýsy guş görnüşlerini synlamak bolýar?
10.Gök gürläp , ýyldyrym çakmasy boldumy?
11.Kölde ,derýada,ýaplarda suw doñdumy?
12.Etrapda haýsy suw howdanlary bar?
13.Oba ýaplarynda haýsy balyklara duşduñyz?
14.Köpetdag , Köýtendag haýsy tarapdan görünýär?
15.Etrapda haýsy goraghanalar bar?

Okuwçylaryñ ýumuşlara taýýarlyk derejesini höweslendirmek gerekdir.

6-njy synpyñ okuwçylaryna tabşyrylýan ýumuşlar çylşyrymlyrak bolmaly.

1.Amyderýa, Murgap derýalary gözbaşlaryny nireden alýar? (Owganystandaky Hindiguşdan)
2.Tejen derýasynda haýsy suw howdany guruldy? («Dostluk»)
3.Hazar deñzi haýsy döwletleriñ aralygynda ýerleşýär? (5 döwlet)
4.Aral kölüne haýsy derýalar suwuny guýýar? (Amyderýa, Syrderýa)
5.Biziñ Türkmenistan Watanymyz haýsy guşaklykda ýerleşýär? (Aram)
6.Nil derýasy haýsy materikde ýerleşýär? (Afrika)
7.Dünýäniñ iñ sowuk ýerleri nire? (Antarktida, Gündogar Sibir, Oýmýakon)

8.Dünýäniň daş-töweregine syýahat haçan guraldy? (1519-1522 ý.ý.)
9.Türkmenistan ekwatordan haýsy tarapda ýerleşýär? (Demirgazyk)
10.Türkmenistan haýsy uzaklykda ýerleşen döwlet? (Gündogar)
11.Türkmenistan haýsy sebitde ýerleşýär? (Merkezi Aziýa)
12.Dünýä okeanynyň çuň ýeri nirede?(Ýuwaş okeanynyň Marian çöketligi 11022m)
13.Dünýäniň iň beýik depesi haýsy daglarda ýerleşýär? (Gimalaýlarda 8848 m
Jomolungma depesi)
14.Iň kiçi deňziň haýsydygyny bilýärmiň? (Azow)
15.Kenarsyz deňiz barmy? (Sargasso)

7-nji synpda tabşyrylýan ýumuşlary Türkmenistan Watanymyzyň fiziki geografi-ýasy bilen baglanyşdyryp sowalnama görnüşinde taýýarlamak bolar:

1.Türkmen derýasy haýsy welaýatlaryň çäginden akýar? (Lebap, Daşoguz)
2.Garagum derýasynyň ugrunda haýsy welaýatlar bar? (Daşoguzdan beýleki ähli)
3.Akjagaýa çöketligi haýsy welaýatda ýerleşýär? (Daşoguz)
4.Haýsy etraplar subtropik hasaplanýar? (Etrek, Magtymguly, Esenguly)
5.Amyderýa goraghanasy nirede ýerleşýär? (Galkynyş, Farap, Birata etraplarynda)
6.Bathyz goraghanasy haýsy belentlikde ýerleşýär? (Bathyz)
7.Türkmen selmeligi (mährigöýä) haýsy goraghanada köp duşýar? (Sünt- Hasardag)
8.Dinozawrlaryň aýak yzlary haýsy dagda ýerleşýär? (Köýtendag)
9.Söýe burny haýsy etrabyň çäginde ýerleşýär? (Balkan welaýaty.Türkmenbaşy
etraby)

10.Gapgotan gowagy haýsy etrabyň çäginde ýerleşýär? (Köýtendag)
11.Türkmenistasyň çetki nokatlarynyň atlaryny ýazmaly.
12.Mirabilit duzy haýsy kölden çykýar? (Garabogaz)
13.Kasamly jülgesi haýsy etrabyň çäginde ýerleşýär? (Ak bugdaý)
14.Osman, Ýaşlar, Minara tebigy gaz ýataklary haýsy welaýatyň çäginde? (Mary)
15.Uly Balkanlaryň beýik nokady haýsy? (Arslan 1881 m)
16.Unaby tokaýlygy haýsy dagda duşýar? (Köýtendag)
17.«Garaşsyzlygyň on bäş ýyllygy»suw howdany haýsy etrabyň çäginde ýerleşýär?
(Atamyrat)
18.Biziñ etrabamyzda haýsy dermanlyk otlar duşýar?
19.Mollagara şypahanasy haýsy kölüñ kenarynda ýerleşýär? (Kömek)
20.Tejen we Murgap derýalary haýsy döwletiñ çäginden başlanýar? (Owganystan)

Düzülýän soragnamalar pikirlenme endiklerini ösdürmäge gönükdirilmeli:

1.Köpetdag näçe bölege bölünýär?

**a)3;** b)4; ç)5; d)6;

2.Garagum çölüniñ näçe bölünişigi bar?

a)1 b)2 **ç)3** d)4

3.Amyderýanyñ uzynlygynyñ näçe kilometri Türkmenistanyñ çäginden akýar?

a)800 km b)900 km **ç)1000 km** d)1200 km

4.Garagum derýasy näçe nobatda guruldy?

a)2 b)3 **ç)4** d)5

5.Garabogaz kölüniñ meýdany näçe km²?

a)10 müň km² b)11 müň km² **ç)12 müň km²** d)13 müň km²

6.Ýylgynagyz ýaýlasy haýsy welaýatda ýerleşýär?

a)Ahal b)Mary ç)Balkan **d)Lebap**

7.Gulanlar haýsy goraghanadan beýleki ýere göçürildi?
**a)Bathyz** b)Köpetdag ç)Gaplaňgyr d)Hazar
8.Ogurjaly adasy nirede ýerleşýär?
a)Babahoja b)Gökçäge ç)Guwlymaýak **d)Hazar deňzi**
9.Ýedigen ýyldyzy haýsy tarapdan görünýär?
a)Günorta b)Günorta-Günbatar ç)Demirgazyk-Gündogar **d)Demirgazy**k
10.Türkmenistanyň haýsy döwlet bilen serhedi ýok?
**a)Täjigistan** b)Özbegistan ç)Owganystan-Eýran d)Gazagystan
12.Türkmenistanda näçe goraghana bar?
a)12 **b)8** ç)9 d)10
13.Sandykly çöli haýsy derýanyň sag kenarynda ýerleşýär?
a)Murgabyň b)Tejeniň **ç)Amyderýanyň** d)Türkmen derýasynyň

8-nji synpda şeýle soragnamalar düzmek bolar:

1.Aşgabat-Garagum-Daşoguz demirýolunyň uzynlygy näçe km?
a)500 km **b)520 km** ç)540 km d)560 km
2. «Altyn asyr» etraby haçan döredildi?
a)Awgust 1998 ý. **b)Awgust 2000 ý.** ç)Awgust 2002 ý. d)Awgust 2004 ý.
3.Türkmenistanyň metallurgiýa zawody nirede guruldy?
a)Aşgabatda **b)Owadandepede** ç)Gypjakda d) Ýaşlykda
4. «Körpeje-Gurtguýy» gaz geçirijisi haýsy etrapdan başlanýar?
a)Serdar b)Bereket **ç)Esenguly** d)Etrek
5. ,,Ýylysuw“ şypahanasy haýsy etrapda ýerleşýär?
a)Gökdepe **b)Baharly** ç)Ruhabat d)Ak bugdaý
6. «Atamyrat-Kerkiçi» demirýol köprüsiniň uzynlygy näçe metr?
a) 1000 m b)1200 m ç)1350 m **d)1415 m**
7.Türkmenistan-Hytaý gazgeçirijisi haýsy döwletleriň üstünden geçýär?

a)Türkmenistan-Gazagystan-Gyrgyzystan-Hytaý
**b)Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý**
ç)Türkmenistan-Özbegistan-Täjigistan-Hytaý
d)Türkmenistan-Owganystan-Gyrgyzystan-Hytaý
8.Hindiguş suw elektrik bekedi haýsy derýada guruldy?
a)Amyderýada b)Tejende ç)Sumbarda **d)Murgapda**
9.Türkmen karbomid zawody nirede ýerleşýär?
**a)Tejende** b)Seýdide ç)Şatlykda d)Maryda
10. «Buýan» agrosenagat toplumy nirede ýerleşýär?
a)Daşoguz b**)Türkmenabat** ç)Magdanly d)Serdar
11.Haýsy welaýatyň ilatynyň gürlügi ýokary?
a)Mary-Daşoguz b)Lebap-Balkan **ç)Daşoguz-Mary** d)Ahal-Mary
12.Türkmenistanda näçe şäher etraby bar?
a)3 b)5 **ç)7** d)9
13.Türkmenistanda näçe şäher bar?
a)21 b)23 **ç)25** d)27
9-njy synpda sowalnama, soragnamalary goňşy döwletler, sebitler bilen baglanyşdy-ryp taýýarlamagy tabşyrmak gerek.
Lebap welaýatynyň mysalyndaky ýaly tabşyryklary berip bolar:
1.Lebap welaýaty Özbegistanyň haýsy welaýatlary bilen araçäkleşýär? (Horezm, Buhara, Kaşkaderýa, Surhanderýa)
2.Owganystan döwleti haýsy tarapymyzda serhetleşýär? (Günorta, Günorta-Gündogar)
3.Doganlyk Özbegistana haýsy gümrük geçelgelerinden geçip bolar? (Gazojak, Farap, Tallymerjen, Kelif)
4.Amyderýadan Özbegistana haýsy kanallar gözbaş alýar? (Amyderýa-Buhara, Amyderýa-Garşy)

5.Owganystana haýsy gümrük geçelgelerinden geçip bolýar? (Ymamnazar)
6.Welaýatyň çäginden haýsy gazgeçirijiler çekildi? (Türkmenistan-Merkez,
Türkmenistan-Hytaý)
7.Welaýatyň çäginden näçe döwlete ýüplükler, buýan kököniň önümleri ugradylýar?
(27)
8.Türkmenabatdaky suw arassalaýjy desgany haýsy kompaniýa gurdy? («Polimeks»
Türkiýe)
9. On müň adamlyk stadiony haýsy kompaniýa gurdy? («Itera» Russiýa Federasiýasy)
10.Türkmenistanyň Lebap welaýatyna iş sapary bilen haýsy döwletleriň
Prezidentleri gelip gördi? (HHR, Özbegistan,Gazagystan,Ukraina, Belorussiýa)
11.Haýsy bilelikdäki kärhana ABŞ-nyň Türkmenistanyň hünärmenleri tarapyndan
guruldy? («Akja» sabyn toplumy)
12.Türkmenabadyň ýüpek fabriginiň durkuny haýsy döwlet täzelemäge gatnaşdy?
(HHR)
13. „Bagtyýarlyk" şertnamalaýyn gaz ýatagy haýsy döwlet bilen bilelikde
özleşdirilýär? (HHR)
14.Köýtendagdaky kaliý dökünleri zawodyny haýsy döwlet gurýar? (Belorussiýa)
15.Seýdi-Iljik awtomobil köprüsini haýsy döwlet gurýar? (Türkiýe)
16.Atamyrat-Kerkiçi awtomobil köprüsini (1415 m) haýsy döwlet gurýar? (Ukraina)
17.Garaşsyzlyk, Galkynyş etraplary haýsy welaýatda ýerleşýär?
a)Ahal b)Mary ç)Lebap d)Daşoguz

18. «Altyn asyr-Türkmen köli» haýsy çöketlikde ýerleşýär?
a)Garaşor b)Akjagaýa ç)Uzboý d)Sarygamyş
19.Ýod önümçiligi haýsy şäherlerde işleýär?
a)Balkanabat-Seýdi b)Hazar-Gazojak ç)Balkanabat-Mary d)Hazar-Balkanabat.

Ülkäni öwreniş boýunça ýumuşlar oýlanşykly, manyly, bilim-terbiýe berijilikli amala aşyrylmalydyr. Ony mugallymçylyk tejribeligini geçýän talyplaryñ kömegi arkaly hem ýerine ýetirip bolar.

Mekdep ülkäni öwrenişinde täsin ýumuşlar gözlegleri, aladalary talap edýär. Her bir ýumuş oba, etrap, welaýatyñ tebigaty, ilaty, hojalyk pudaklary bilen aýrylmaz baglanşykly bolup öwrenilýän geografiýa dersiniñ özeni bolup öwredijilikli häsiýete eýe bolmalydyr. Toplanan täsin maglumatlar umumylaşdyrylyp, temalara bölünip sapakda, sapakdan daşary çärelerde peýdalanylmalydyr.

Õz işine jany-teni bilen berlen mugallym öz ýaşaýan ýeri barada suratlar, buklet-ler döremeli, olar barada gysga göwrümli okuw kinolaryny almaga höwesjeñler toparyny çekmeli. Okuwçy, talyp ýaşlar wideoşekilleri höwes bilen döredip biler. Täsin tebigat, derýa boýlary, tokaýlar, goraghanalar, köller, gowaklar, läbik wulkanlar, medeni-taryhy, arhitektura ýadigärlikleri adamyñ hojalyk işi, Täze Galkynyşlar zamanasynda dünýä nusgalyk ulgama berilýän desgalar, önümçiligiñ öñde baryjylary, sagaldyş, dynç alyş ýerleri, festiwallar, sport ýaryşlary, okuwçylaryñ bäsleşikleri, suratlar toplumy, okuw kinosy üçin esas bolup biler. Köýtendagdaky, Köpetdagdaky ýerasty gowaklar, läbik wulkanlar, şaglawuklar, dinozawrlaryñ yzlary, goraghanalaryñ mirashanalary, aýratyn goralýan tebigy ýadygärlikler, «Gyzyl kitaba» girizilen ösümlikler we haýwanlar öz Watanyny söýýän oña buýsanýan ýaş nesli biparh goýmaz. Bu barada Hormatly Prezidentimiz «Ylma zehinli ýaşlar gerek, olara başarnygyny doly açmaga we ulanmaga ýardam bermek, döredijilik gözleglerini

höweslendirmek zerurdyr» diýýär. Õzüne ynanylan okuwçy, talyp we onuñ halypasy wideoşekilleri höwesli döretmäge yhlas, hyjuw bilen çemeleşer.

Täze Galkynyşlar we beýik Õzgertmeleri zamanasy türkmenistanlylaryñ ruhy taý-dan galkyndyrylmagyny baş wezipeleriñ biri edip goýýar.

Ruhy Galkynyşyñ esasyny ýaşlara berilýän ekologik bilim we terbiýe tutýar. Halk ýöne ýerden «Ruhy baýyñ nesli hem baý» diýmeýär. Ruhy baýlygyñ ata-babalary-myzdan miras galan görnüşleri milli gymmatlyklarymyzdyr. Ol gymmatlyklar: adam we onuñ saglygy, tebigy, medeni, edebi miras, müñýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan haly önümleri, ösümlik we haýwan görnüşleri hem-de olaryñ tohumlary daşky gurşawa bolan garaýyşlary bolup durýar. Ata-babalarymyz ekleýjimiz bolan hasylly topraga, içimlik suwa, arassa howa, janly tebigata eserdeñlik bilen garapdyrlar, tebigatdan netijeli peýdalanmaga, ony goramaga çalşypdyrlar.

Ençeme parasatly pikirleri,nakyllary,pähim-parasatlary,tebigaty goramak baradaky ýörelgeleri miras galdyrypdyrlar. Ata-babalarymyzyñ miras galdyran baýlyklaryny häzirki zaman mekdeplerinde berilýän ekologik bilim we terbiýe arkaly amala aşyrylýar. Ekologik bilim bu häzirki zaman dünýäsinde adamyñ umumy alnanda sagdyn ýaşamagy üçin zerur bölegi bolan ekologiýanyñ esasy talaplaryny özleşdirmäge we öwrenmäge gönükdirlen okadyş ulgamlar toplumydyr.Mekdep geografiýa,biologiýa derslerinde ýörite ekologiýa, daşky gurşaw bilen bagly temalar bar. Ekologik bilim adalgasy 1970-nji ýylda tebigaty we tebigy baýlyklary goramagyñ halkara bileleşigi (MSOP) tarapyndan girizildi.

Mekdeplerde ekologiýa sapaklary esasan, ülkäni öwreniş,gurnaklar gezelençler wagty öwrenilýär.Tomusky dowamly dynç alyş möwsüminde ýörite gezelençlerde onuñ üsti doldurylýar. Şonda esasy üns adamzat üçin möhüm bolan

ýaşaýyş gurşawyny gorap saklamaga gönükdirilýär. Soňky wagtlar ekologiýa meselelerini ilatyň arasynda wagyz etmeklige aýratyn üns berilýär. Tebigy baýlyklara guwanmak,tygşytly peýdalanmak, ekologik deňagramlylygyň bozulman saklanmagy, tebigatyň zaýalanmagynyň öňüni almak, adamlaryň rahat ýaşamagy, işlemegini, dynç almagyny gazanmak ekologik bilimde ileri tutulýan wezipä öwrüldi. Biziň umumy öýümize bolan tebigata guwanmak, onuň gözelliginden lezzet almak, dynç almak, saglygyň diketmek, täsin ösümlik, haýwanat dünýäsinden ruhy güýç almak, onuň arassa, bozulman saklanmagyny gazanmak, pederlerimizden biziň günlerine bize gelip ýetişi ýaly ony nesillerimize peşgeş bermek ekologik terbiýäniň esasydyr. Garaşsyzlygymyza,baky Bitaraplygymyza buýsanşymyz ýaly mähriban tebigatymyza guwanyp, onuň eşretlerinden peýdalanyp ýaşamak hem bagtdyr.

## §10. Türkmenistanda syýahatçylygyň ösüşi.

Sagdynlygyň we Ruhybelentligiň ýurdy bolan Garaşsyz, baky Bitarap watanmyzda okuw işlerini guramagyň köp görnişleri bardyr. Esasy okuw işiniň sapak görnişinden başgada netijeli formalary ençemedir.Gezelenç, syýahatçylyk, jahankeşdelik hem-de olaryň biridir. Mekdep geografiýa dersleri öwrenilende ülkäni öwreniş, syýahatçylyk gezelençler biri-biri bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Gezelenç syýahatlar hemme synplaryň okuwçylary üçin häsýetlidir we geçilip gelinýär.Gezelençler ýaş, synp aýratynlyklary nazara alynyp guralýar. Bu görnişli sapaklary dersiň bilim terbiýe berjilik ähmiýetiniň ýokarydygny durmuş tejribesi subut etdi. Dürli ýaşly okuwçylar gezelenç döwründe tebigatyň gözellikleri, tebigy hadysalar bilen ýüzbe-ýüz bolup, özleriniň gözegçiligini geçirmäge mümkinçilikler alýar.Daş töwerek, tebigat, ilat, önümçilik pudaklaryna, taryhy medeni arhitektura

ýadygärliklerine baryp görüp bilýärler. Olar jemlenip okuwçylaryň bilim derejesine, aň düşinjesine täsir edýär. Göýetimini giňeldýär. Gezelenç syýahatlar 3 döwre bölinýär

a) taýýarlyk döwri

b) geçirilýän döwri

ç) jemlenilýän döwri- dilip bölmek mümkin.

Gezelenç nirä gurnalan hem bolsa onuň anyk meýilnamasy düzülmeli.Sapak bilim berjilik tebiýeçilik häsýetlerine eýe bolmaly. Mugallym ilki bada gezelenjiň marşrudyny obekiti öwrenmeli (çöl, dag, derýa ,köl, howdan,gowak , wylkan, takyrlar we beýlekiler).

Gezelenç syýahatlar adatça okuwdan soň dynç alyş baýramçylyk günleri guralýar. Gezelenç sapak bilen bagly sapakdan daşary, mekdepden daşary ýagdaýlarda guralýar. Gezelenç okuw materialy bilen bagly syýahat etmek bilen bagly, saglygy berkitmek ýly ýagdaýlar bilen baglanşdyrylýar we geçirilýär. Okuwçylar öň öwrenen zatlarynyň üstini doldurýarlar. Has tejribeli mugallymlar syýahat sapaklarynyň aýlyk, ýyllyk meýilnamalaryny düzýärler. Olary geçirenden soň ara alyp maslahatlaşýarlar, jemleýärler, işjeň gatnaşanlary höweslendirýärler. Gezelençler öz ýaşaýan ýerine golaý bolsa netijesi hem ýokarydyr. Her ýurdyň özüniň döwlet derejesinde ýörite syýahatlary, gezelençleri, halkara jahankeşdeligini guraýan dolandyryş edaralary bar. Onuň düzüminde Milli syýahatçylyk we jahankeşdelimk döwlet komiteti “Türkmen syýahat” müdirligi, Aşgabat şäheri we welaýat syýahat edaralary, milli muzeýler, “Türkmenhaly” müzeýi, ylmy-barlag, golýazmalar institutlary, kitaphanalary, çagalar we ýetginjekler öýleri, Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň merkezi geňeşi, Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşygynyň, häkimlikleriň we olaryň bölimleri, taryhy ülkäni öwreniş medini arhitektura mirashanalary, myhmanhanalar toplumlary we beýlekiler bar. Olar ýerli we halkara ähmiýetli gezelençleri syýahatlary guraýarlar. 2009-njy ýylyň noýabrynda Hormatly

Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýerli syýahat jahankeşdeligiň täze ugry peýda boldy. Gurban baýramynyň öň ýanynda Döwlet baştutanymyzyň ynsanperwer sahabaty bilen başlangyjy esasynda Türkmenistanyň medeni taryhy tebigy arhitektura ýadygärliklerine syýahat guraldy. Onuň ilkinjisine watandaşlarymyzyň 200-e golaýy gatnaşdy. Syýahatçylar ýurdymyzyň welaýatlarynyň ählisine baryp ruhy lezzet aldylar.

Jahankeşdelik, halkara syýahatçylygy ykdysadyýetiň peýda getirýän pudaklarynyň biridir. Türkmenistanada jahankeşdeleriň ünsini özine çekýän ýerler juda köp. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda jahankeşdeler üçin dünýä derejeli myhmanhanalar gurulýar. Daşary ýurt jahankeşdelik edaralary bilen köp ugurly ylalaşyklar gazanyldy. Köýtendagyň Köpetdagyň ajaýyp ýerlerine Garagum çöliniň täsin giňişliklerine Mary, Köneürgenç Nusaý, Maşat-Missirýan, Sarahs ugurlaryna gezelençler guralýar. Hazar kenaryndaky ”Awaza” jahankeşdeleriň söýgili dynç alýan ýerine öwrilýär. Welaýatlardaky syýahat bölümleri hem öz mümkinçiliklerini hödürleýär. Etraplarda hem syýahatçylyk edaralary açylýar ýerli mirashanalar döredilýär.

Mekdep ülkäni öwreniş merkezleri hem öz çäklerinde gezelençleri guraýjylardyr. Onda esasy hemaýatçy oba arçyny, daýhan birleşigiň ýolbaşçysy mekdep müdiri we onuň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasarydyr. Gezelenji guramak teklibi geografiýa, taryh, biologiýa, edebiýat mugallymlarynyň işjeňliginden başlanýar. Gezelençler esasan okuw, dynç alyş, saglygy berkidiş we synpdan daşary çäreler bilen bagly bolmalydyr.

Mekdep syýahatçylygy öz ülkäňi, watanyňy bilmäge ony çuňňur öwrenmäge, ýaşaýan ýeriňe akyl ýetirmäge gönükdirlendir. Ýerli gografiýany (oba etrap, şäher, daýhan birleşik) höwes bilen öwrenip, çyn ýüregi bilen öz dyýaryna watanyna busanç, söýgi, Watana, hormatly Prezidentimize wepalylyk terbiýesini alarlar. Ýerli ülkäni öwrenişe mekdep

syýahatçylygy, dürli gurnaklary (taryh, geografiýa, biologiýa, edebiýat, aýdym-saz, folklor) arkaly hem geçirip bilerler.Şonda mekdepde öwrenilýän fiziki we ykdysady geografiýalar gezelenç wagty ýerli ülkäni öwreniş bilen baglanşykly gider. Ýaňy işe gelen mugallym ilki bada ülkäni öwreniş gezelençlerini guraýan we geçirýän pursatlarynda kynçylyklar we şowsuzlyklar bolmagy mümkin. Onuň saýlanyp alnan ýeriň ýagdaýyna üns berilmezliginden, käbir okuwçylaryň geleňsizliginden döremegi hem sebäp bolup biler şonda ýaş mugallym köp ýyllyk iş tejribesi bolan halypa mugallymlary bilen maslahatlaşyp säwlikleri düzetmelidir. Mekdep gezelençleriniň ahyrky netijesi bilim, terbiýe berjilik bolup hyzmat etmelidir. Toplanan maglumatlar uzak ýyllaryň dowamynda peýdalanmaga kömek bermelidir.

Toplanan ýygnalýan maglumaty, geologik, toprak, biologik, arheologik, nusgalyklary okuwçylaryň özüne ynanylyp tertipleşdirmeli we geografiýany taryhy, biolgiýany okatmak işinde möhüm okuw usuly görkezme esbap, okuw fondy bolup hyzmat etmelidir.

Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanynda Türkmenistan watanymyz dünýä ähmiýetli jahankeşdelik ýurdyna öwrilýär. Bu ýere gezelenje, syýahata gelenlere ýokary derejeli dünýä talabyna laýyk hyzmat edýän myhmanhanalar, ýol beletler ulag hyzmatlaryny edýän, medeni köpçülik çärelerini guraýan, sport, bedenterbiýe bilen meşgullanýan köp ugurly işgärler hem talap edilýär. Ol işgärlere bildirilýän talaplar hem ýokary bolmaly. Syýahat edaralarynda işlejekler asylly, milli däp-dessurlary bilýän, sypaýy, ençeme dilleri suwara bilýan syýahatyň marşrutyny oňat bilýän bolmalydyr. Türkmenistanda syýahat, jahankeşdelik bilen bagly işgärler Milli sport we syýahatçylyk institutynda, daşary ýurtlaryň abyraýly okuw jaýlarynda, ýörite bilim berilýän okuw mekdeplerinde taýýarlanýar. Oňa kabul edilýänler öz hünärine berlen, watanynyň abyraýyna özüniň

mynasyp ornuna düşünýän jahankeşdelere mylakatly, mylaýym gatnaşykly, edep-ekramy ýokary bolan sagdyn raýatlar kabul edilýärler.Ýönekeý işgärlerden ýokary derejeli işgärlere çenli ähli işgärler ýokary jogapkärçiligine düşinip zähmet çekmelidir. 2. Saglyk öýleri, stadionlar, sport mekdepleri we desgalary.

3. Şypahanalar, saglygy dikeldiş ýerleri.

4. Medeniýet ulgamynyň geçmişini, şu gününi we geljegni görkezýän

diagrammalar. Görnükli edebiýat, sungat wekilleri.

5. Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň obalary, etrap merkezlerni,

şäherçeleri, etrapdaky şäherleri 2020-nji ýyla çenli döwürde ösdürmek

## Türkmenistanyň ykrar edilen tebigy we tebigat ýadygärlikleri

**Karta№1**




Tebigy ýadygärlikler

**1- Gapgotan gowagy, 2-Daşýürek gowagy, 3-Dim-dik dowagy, 4-Geofizik gowagy. 5-Aralyk gowagy, 6-Haşymoýuk gowagy, 7-Dinozawrlaryň belent tekizligi. 8-Yabany diýaniň we beýleki haýwanlaryň aýak yzlary, 9-K.owata ýerasty köli, 10- Arçabildäki geologik dik kesim. 11-Gyzytçeşmedäki ýerüsti şekiliniň we gurluşynyň kesigi, 12- Ezzetdagdaky geologik dik kesim. 13- Akderedäki geologik dik kesim, 14- Monjuklydaky geologik dik kesim. 15-Garaýalçadaky grek hozunyň tokaýjygy, 16-Garlykdaky pisse tokaýjygy, 17- Garrygaladaky "Sumbar derýasynyň pälwany" dub agajy.**

Maksatnamasynyň oba, etraba degişli ýerleriniň ýerine ýetirlişi bilen bagly

işler.

6. Oba, etraba, öz ýaşaýan ýeriňe degişli taryhy-arhiw çeşmeleriň ýazgylary,

kitap, gazet-žurnal habarlarynyň sanawy.(seret karta 1)

Teklip edilýän bölümleriň her biri mirashanada aýratyn orun alyp onuň maglumatlary netijeli we döredüjilikil peýdalanylsa mekdep taryh, geografiýa, biologiýa, edebiýat mugallymlarynyň okuw terbiýeçilik işleriniň hiliniň ýokary boljagy şübhesizdir. Berilýän bilimiň hili, gözellik, ahlak, ykdysady, beden terbiýäniň, sport terbiýesiniň derejesi garaşylýan netijäni berer. Watana, Hormatly Prezidentimize, tebigata, Eziz diýara söýgi, wepalylyk garaşylýandan has ýokary bolar. Hormatly Prezidentimiz "Ýurdumyzyň durmuşynda bilim ulgamy esasy ulgamlaryň biridir. Ol ýurdumyzyň ösüşiniň geljegini, jemgyýetimiziň ruhy, durmuş ykdysady we medeni taýdan ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýär" diýip belleýär. Bu sargyt mekdep ülkäni öwreniş mirashanasyny döredüjiler bolan mugallymlar we okuwçylar üçin hem nusgalykdyr. Käbir eksponatlary döwrüň multimediýa tagtasy we interaktiw okuw arkaly döredüjilikli ösdürip bolar. Ol okuwçylaryň höwesli işine uly ýardam eder.

Mekdep mirashanasynyň döredüjileri, mugallymlar, okuwçylar öz obalarynyň, etrabynyň, mähriban diýarynyň täze ösüşlerine uly güýç, täze hyjyw, şahsy goşandy goşup, üstlerine düşýän jogapkärçiligine düşünip ýerli ülke maglumatlaryny höwes bilen ýygnamaklaryny dowam etdirerler.

Beýle netije çykarmaga Hormatly Prezidentimiziň "Ýurdumyzyň bilim we ylym ulgamlaryny dünýä derejesine çykarmak, ýaşlarymyzyň sazlaşykly ösmegi, dünýägaraýşynyň giňelmegi üçin ähli şertleri döretmek meseleleri hemişe biziň üns merkezimizde bolar" diýen sargytlary esas bolýar. Görnüşi ýaly Hormatly Prezidentimiz Täze Galkynyşlar zamanasynda

mekdep mirashanalarynyň işini kämilleşdirmegiň ruhlandyrjysy we howandarydyr.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ýaşulylarynyň 2009-nji ýylyň 6-njy martynda Türkmenabat şäherinde geçirlen maslahatynda sözlän taryhy sözünde mekdep mirashanalaryna aýratyn baha berdi. “Mekdep bilim terbiýeçilik merkezi höküminde oba ýaşlarynyň çeper we ylmy döredüjilige, sporta çekip, zehinlilerini tapyp, goldap hünär ussatlary edip ýetişdirmelidir. Oba intellgensiýasy ýaşlary terbiýelemekde öňdäki orunlary eýelemelidir. Her bir obanyň özi hakda hem-de ýazuw taryhy bolmalydyr, adamlar öz meşhur obadaşlaryny olaryň zähmet we durmuş edermenligini, eziz obasynyň ösmegine goşant goşandygyny bilmelidir. Olaryň atlary obanyň hormatly kitabyna ebedi ýazylmalydyr. Mekdebiň ýanynda obanyň taryhy bilen bagly muzeýi döretmek, oba hakynda we onuň ýaşaýjylary barada maglumatlary ýygnamak, olary synpdan daşary, ülkäni öwreniş sapaklary geçilende giňden peýdalanmak zerurdyr. Obanyň ösüşii onuň ýaşaýjylarynyň, ýaş nesiliň ruhy we beden taýdan ösüşi bilen sazlaşykly utgaşmalydyr” diýen paýhaslary mekdep mirashanalarynyň döredilmeginiň we peýdalanmagyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Bu maksatnamany amala aşyrmak, ertirki röwşen geljegimize ynamly seredýän ýaş nesillerimize bilim, terbiýe ylym berýän mugallymlaryň, terbiýeçileriň mukaddes borjudyr.

## §11. Türkmenistanyň syýahatçylyk, jahankeşdelik ähmiýetli baýlyklary.

Garaşsyz , baky Bitarap Türkmenistan Watanymyz özüniň täsin tebigaty bilen diňe Türkmenistanlylary däl – de eýsem tutuş dünýäniň syýahatçylarynyň, jahankeşdeleriniň , alymlaryň hem ünsüni özüne çekip gelýär.

Tebigy baýlyklarymyz diňe bir gözelligine guwanmagyň şerti bolman özüniň emele gelen taryhy , müň bir derdiň emi bolan toprak , suw , howa, serişdeleri , dermanlyk otlary , saglygy dikeldiş mesgenleri bien hem başga ýerlere meňzemeýär. Bular diňe bir mekdep geografiýa derslerinde öwrenilmän eýsem syýahatçylyk , jahankeşdelik üçin hem ajaýyp gudratlardyr.

Onuň topragy hak eýesine duşanda öz giňişliklerinde bitýän ösümlikleriň ýokary hilli hasyl berýän , türkmen tebigatyň eçilen beýik hazynasydyr. Onuň 491,2 müň km$^2$ meýdanynyň iki million gektardan gowragy suwarymly ekerançylyk ýerleridir. Esasy azyklyk önümlerimiz ak bugdaý , şaly, jöwen , mekgejöwen , gant şugundyry , miweli baglar , üzümler gök we bakja ekinleri, orta we inçe süýmli gowaça , sitrus ekinleri , saýaly baglar bu keramatly topragyň bezegidir. Rysgal döwletimizdir. Himiki düzümine dörä toprak dertlere em palçyklarydyr (Mollagara we beýlekiler).

Ýyl boýy güneşe baý , Köýtendaglaryndan goşaman Hazaryň henarlaryna çenli üst – ýurtdan serhetabadyň arasyndaky giňişlikde ýaýylyp ýatan ülkämiz gün şöhlesiniň dowamlylygy boýunça , ýokary gyzgynlyk görkezijileri boýunça hem , Müsür , ABŞ , Ispaniýa döwletlerindäki ýerlerden pes däl we wegetatsiýa döwrüniň dowamlylygy bilen dürli ekinlerden hasyl almaga mümkinçilikler berýär. Aram we subtropik (Etrek , Magtymguly , Esenguly ) guşaklyklarda ýerleşmegi howa wakalaryny almagy , gün şöhlesine (gyşyna hem ) çoýunmagy halaýanlar üçin ajaýyp melhemler çeşmesidir.Şol esasanda Baýramaly şypahanasy döredildi.

Täze Galkynyşlar zamanasynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy we howandarlygy bilen Baýramaly şypahanasynyň durky täzelendi, täze binalary işe girizldi. 2010-njy ýylyň maý aýynda durky täzelenen ,

döwrebaplaýdyrylan şypahana işe girizildi . Onuň ilkinji müşderleri ýurdumyzyň aýratyn hormatlanýan ynsanlary , Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp tylda işlap zähmet çeken Watan mertebesini beýgeldenlerdir. Howa , klimat bilen bejergi berýän Mollagara , Arçman , Täze Galkynyşlar döwrüniň merjeni hasaplanýan „Awaza“ indi dünýäniň islendik künjeginden höwes edilip , arzylanýan ýerlere öwrüldi.

Mineral baýlyklarymyz hem saglygyň dikeldilmegine hemaýat ediji serişdelerdir . ýot , brom, nebitakyl , ozekerit we beýlekiler ýerleşiş möçberi boýunça haýran galdyryjydyr.

Suw baýlyklary hem köp häsiýetleri boýunça bejergi beriji, dikeldiji hazynadyr. Suw diňe ekerançylyk ýerlerini suwarmak, senagat üçion, ulaglar üçin durmuş maksatlary üçin peýdalanylman, ýuwunmak, içmek , suw wannasyny almak üçin bahasyz serişdedir. Dermanlyk suwlar öz bejeriş - dikeldiş öhmiýeti bilen ýurdumyzyň ähli sebitlerinde giň ýaýrandyr.

„Awaza“ Garşy , Mollagara , Garaçagyl , Parhoý , Arçman , Ýylysuw , Mary, mirap, Farap, Gazojak, Daşoguz, Gaýnarbaba we bneýleki çeşmeler bejeriş häsiýetleri boýunça dünýäde meşhurdyr.

Türkmenistan özüniň dermanlyk otlary bilen geçmişde hem , häzir hem syýahatçylaryň , jahankeşdeleriň , lukmanlaryň ünsüni özüne çeken ýer . Onuň çäklerinde 2 müňden gowrak dermanlyk otlar bar. Syýahatçylar jahankeşdeler üçin Hormatly Prezidentimiziň „ Türkmenistanyň dermanlyk otlary“ diýen tutumly işi mynasyp sowgat , Türkmenistan barada ajaýyp peşgeşi bolar . Bu işde bu ajaýyp mekanyň dermanlyk otlarynyň atlary , olaryň bejerijilik ähmiýeti, dermanlyk häsiýeti dermanlaryň taýýarlanyş usuly , nähili peýdalanylyşy barada gymmatly maglumatlar bar . Türkmenistan dünýäde gymmatly bal ary

önümleri mumyýalaryň hem seýrek merkezleriniň hataryndaky döwletdir.

Garagumyň, Sandyklynyň ürgün arassa çägeleri hem gury agrydan, sowuklamadan, rewmatizimden ejir çekýänleriň peýdalanýan baýlygydyr. Ýörite gözegçilik arkaly çäge, duza gömlüp bejergi wannasyny almak ir döwürlerden bäri döwam edýär.

Türkmenistanyň syýahatçylyk,jahankeşdelik baýlyklary sazlaşykly utgaşyp
( çöl,daglar,belentlikler,dagara jülgeler, derýa boýalrynyň tokaýlary,köller, ýap-ýaşyl öwsüp oturan ekinzarlyklar,howasy,janly dünýäsi) jemlenip Watan diýip atlandyrylýan birr mukamy emele getirýär.Ol mukam biziň umumy öýümizdir.Täsin tebigatly , baý ruhy medeniýetli,myhmansöýer,alçak,göwniaçyk ynsanlary bolan,asylly, başga ýerlerde gaýtalanmaýan däp-dessurly ,ýeke-tägimiz,ýalňyzymyz bolan Türkmenistany miras galdyran ata-babalarymyzyň şöhratly işlerini dowam etdirýän nesillei bolan ýurt syýahatçylyk,jahankeşdelik etmäge, ony içgin tanamak isleýänlere ertekä çalymdaş emma galkynýan,özgerýän, gurulýan ,döredilýän ýurtdur.

Dünýä jahankeşdeleriniň nazary gönüden ajaýyp ýurdumyzyň tebigatyna onuň baýlyklarynyň asyl nusgasyny aýap saklamak borjumyzdyr.Dünýä tebigatynyň genji-hazynylarynyň biri bolan Türkmenistan bilen tanyşmak isleýänlere Köpetdagyň,Köýtendagyň gowaklary ýerasty kölleri başga ýerlerde gabat gelmeýän janly tebigaty , Bathyzyň ,Garabiliň tebigat gözellikleri Sarygamyşyň,gaplaňgyryň ajaýyplyklary läbik wulkanlar ,ajaýyp mineral çeşmeleri,Hormatly Prezidentimiziň paýhasy bilen amala aşyrylaýn Hazaryň kenaryndaky Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyndaky tutumly işler syýahatçylar,jahankeşdeler üçin täsin we gaýtalanmajak açyşlary peşgeş berer.

Mollagara, Arçman,Parhaý, Köwata,Aýdere, Manyş, Gökdere Magtymguly etrabyndaky, Baharlydaky, Köýtendagdaky äpet çykarlar, Dül-dül ätlän, Bathyz, Umbardere, Hür-hür, Nohur şaglawuklary,Seýdiniň ( Garabekewülde_) ,Görogly begiň (S.A.Nyýazow adyndaky etrapda) atlaryny daňan tut,güjüm agaçlary,Mollagara ýaly suwunda adam çümmeýän köller,Ak patlawuk,Gökpatlawuk ýaly läbik wulkanlary bolan tebigy ýadygärlikler Watanymyzyň Garaşsyzlygy, Bitaraplygy bilen,döwlet nyşanlarymyz taryhy şahsyýetlerimiň bilen bagly döredilen medeni ýadygärlikler, Haly muzeýi, Milli muzeýlerimiz, sergi jaýlarymyz, milli kitapýhanalarymyz, paýtagtymyzda, welaýat merkezlerinde işleýän we gurulýan taryhy ülkäni öwreniş muzeýlerimiz Atçylyk toplumlarymyz ,Saglyk ýollary , jahankeşdeleriň arzyly ýerleridir . Täze Galkynyşlar zamanasynda ata Watanymyzyň her bir künjeginiň gözelligi, ene topragymyzyň ähli ajaýyplyklary bu diýara gelen syýahatçylaryň, jahankeşdäniň müdimilik ýadynda galyp , ony ýene bir gezek görüp lezzet almagyny arzuwynda bolmagyny gazanmagymyz gerek . Göreniňe synlanyňa , buýsanýanyňa degýän türkmen topragy dünýäniň iň ajaýyp , ekologik taýdan iň arassa künjekleriniň biridir. (seret karta 2) Mekdep okuwçylarty , talyplar , ýaşlar üçin guralýan syýahatçylyklarda hünärlere ugrukdyrmak , tebigaty goramak , gözellik , watançylyk , ykdysady beden terbiýeleri bilen baglanyşdyrylmalydyr.

**Türkmenistanyň tebigy we medeni ýadygärlikleri.**

**Karta№2**




Syýahatyň ýol belediniň hem olar barada ýeterlik magmumatlary bilmegi , ýüze çykan soraga jogap bermäge taýýar bolmagy zerurdyr.

Täze Galkynyşlar beýik özgertmeler zamanasy Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly „ Medeni taryhy hazynamyza , bneýik alymlarymyzyň , ussat şahyrlarymyzyň gymmatly mirasyna ylmy garaýyş döwlet syýasatymyzyň

ileri tutulýan esasy ugrydyr.“ Şol ileri tutulýan ugruň biri hem jahankeşdelikdir. Garaşsyz , baky Bitarap

| **Tebigy ýadygärlikler** | **Medeni ýadygärlikler** | |
|---|---|---|
| - Dinozawrlaryň yzlary<br>- Kyrkgyz gowaklary<br>- Garlyk köwleri<br>- Gaýnarbaba çeşmesi<br>- Ýeroýulanduz çöketligi<br>- Köwata ýerasty köli<br>- Nohur şaglawugy<br>- Düýäniň we beýleki haýwanlaryň Gäwürlidäki gadymy yzlary<br>9- Läbik wulkanlar<br>10- Boyadag 10-njy müňýyllygyn töweregi | 11– Oglanly Omarata (täze das asyryna degişli ýaşaýyş jaýy. miladydan öftki<br>12- Igdigala (miladydan öňki 11-miladynyň IV a. degşli gala)<br>13- Daýahatyn (XI-XI1 a. kerwensaraýy)<br>14- Ýekedeşik (X-XII a. degişli köw ýadygärligi)<br>15- Jeýtundepe (miladydan öňki 6-njy müňýyllyga degişli irki ekerançylyk obasy) | 16- Guýysaý-2 (miladydan öňki VII-VI a. degişli obalyk)<br>17- Garawuldepe (miladydan öňki VII-II a. degişli ybadathana)<br>18- Döwkesen-Wezir (miladydan öňki IV a.-miladynyfi XV-XV1 a. degisli şäher)<br>19-Gadymy Köneürgenç (miladydan öňki V-miladynyň XIV a. degişli şäher)<br>20-Gadymy Mary (miladydan öňki VII-miladynyň XVI-XVI11 a. degişli şäher)<br>21 - Täze we Köne Ňusaý (roiladydan öňki III-miladynyň XV a. degişli şäher)<br>- Gäwürgala-1 (miladynyň 1-11 - miladynyň IV a. degişli gala-ybadathana)<br>- Altyndepe (miladydan öňki 3-nji müňýyllyga degişli şäher-döwlet)<br>- Misrian (IX-XIV a. şäheri)<br>- Änew (miladydan öňki 5-nji müňýyllyga - miladynyň XIV-XV a. degişli oba we şäher) |

Türkmenistanymyzda syýahatçylara , jahankeşdelere , beýleki gadyrly myhmanlarymyza tomaşa , syýahat etmeklik teklip edilýän tebigy gymmatlyklarymyzyň biri – biriniň gözelliklerini gaýtalamaýan goraghanalardygy aýratyn guwandyrýar. Türkmenistan diýarymyzda goraghanalaryň 8 –si , çäkli goraghanalaryň 17 –si bar. Olar Bathyz , Repetek, Köpetdag, Sünt – Hasardag, Hazar, Amyderýa, Köýtendag, Gaplaňgyr goraghanalarydyr . (seret karta 3) Repetek döwlet biosfera goraghanasy 34,6 müň ga meýdany tutup 1928 –nji ýylda döredildi . Hazar goraghanasy 1932 –nji ýylda döredildi we 262 ga meýdany tutýar . Bathyz gopraghanasy 1941 nji ýylda döredildi 87,7 müň ga meýdany tutýar . Köpetdag goraghanasy 50 müň ga meýdany tutup 1976 –njy ýylda döredildi.Sünt – Hasardag goraghanasy 29,7 müň ga meýdany tutup
1979 – njy ýylda döredildi. Gaplaňgyr 1979 njy ýylda esaslandyryldy meýdany 287 müň ga . Amyderýa goraghanasy 46,5 müň ga meýdany tutup 1982 – nji ýylda , Köýtendag goraghanasy meýdany 27,1 müň ga bolup , 1986 –njy ýylda döredildi. Goraghanalar we çäkli goraghanalar bahasyna ýetip bolmajak taýsyz mnilli tebigy mirasymyz ruhu hazynamyzdyr.Türkmenistan diňe syýahat, jahankeşdeçilik merjenlerine eýe bolman onda dynç almak,saglygy dikeltmek, bejergi almak mümkinçilikleri çäksiz şypahanalar hem bardyr. Mollagara, Arçman ,Ýylysuw, Baýramaly, Farap, Mirap,Gazojak, Daşoguz, Garaçagyl, Parhaý, at-owazasy älem içre dolan „Awaza“ şeýle ýerlerimizdir.Olar Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen durky täzelenýär gurulýar,täzeden

**Türkmenistanyň goraghanalary we çäkli goraghanalary**

**Karta№3**



| Goraghanalar | Çäkli goraghanalar |
|---|---|
| I- Repetek<br>II- Hazar<br>III- Bathyz<br>IV- Köpetdag<br>V- Sünt-Hasardag<br>VI- Gaplaňgyr<br>VII- Amyderýa<br>VIII- Köýten | 1- Çemenibit<br>2– Gyzyljar<br>3- Pulhatyn<br>4- Mäne-Çäçe<br>5- Guryhowdan<br>6- Sünt-Hasardag<br>7- Sarygamyş<br>8- Şasenem<br>9- Kelif<br>10- Hojaburjybelent<br>11- Hojapil<br>12-Garlyk<br>13-Ogurjaly |

gurulýar,häzirki zaman dünýäsiniň talaplaryna, ülňülerine gabat getirilýär. “Awazanyň“ melhem tolkunlary,şypaly deňiz howasy, oňa golaý çäklerde ýerleşen palçykly , läbik wulkanlar Mollagaranyň şerebeli suwy, palçygy, gudratly çägesi, Arçmanyň, Ýylysuwyň ,Parhaýyň, Farabyň, Mirabyň, Gazojagyň, Daşoguzyň mineral suwlary, Baýramalynyň çogly güneş bilen bejerýän howasy dertlilere em etmekde jahanda meşhurdyr.

Welaýat merkezlerindäki, paýtagtymyz Aşgabatdaky keselleri anyklaýyň, maslahat beriş , bejeriş merkezleri , „Ene mähri“ toplumlary, köp ugurly sagaldyş toplumlary dünýäniň islendik künjeginden gelen näsaglara em etmäge ukyplydyr.Paýtagtymyzda işleýän uly göwrümli stadionlar (Olimpiýa, Köpetdag ) buzly köşk, atçylyk sport desgalary, saglyk ýoly, ertekiler dünýäsi, gurulýan olimpiýa şäheri , Maryda ,Türkmenabatda, Balkanabatda , Abadanda, Änewde,

Türkmenbaşyda hereket edýän stadionlar, Daşoguzda gurulýan stadion her welaýatda işe girizilmäge taýýarlanylýan ippodromlar Türkmenistana gelýän jahankeşdeleriň islegli ýerleridir.Özüniň Hormatly Prezidentiniň mährem aladasy bilen gurşalan nesillerimiz beden, ruhy taýdan sagdyn bolup ýetişýärler.Ýurtbaşymyz „Täze Galkynyş eýýamynda gurlan çagalar baglarynda ak mermere beslenen mekdeplerde terbiýelenýän,bilim alýan her bir çaga her bir zatdan,kynçylyk çekmeýär, beden we ruhy taýdan sazlaşykly sagdyn ösýär“ diýip belleýär.Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna syýahata gelýän jahankeşdeler hem aýratyn hormat sylaga ,alada gurşalyp bu täsin ýurdy ýene-de görmegiň arzuwy bilen hoşlaşyp watanyna gidýärler.

## §12. Türkmenistanda esasy syýahatçylyk, jahankeşdelik ýol-ugur görkezijileri.

Garaşsyz,baky Bitarap Watanymyz baý taryhy,geçmiş miraslary bilen uzak ýyllaryň dowamynda jahankeşdeleriň arzuwlan ýerleri bolupdyr.Onuň tebigy şertleri ýylyň bütin dowamynda jahankeşdeleri,syýahatçylary kabul etmäge (käwagtlar dekabr,ýanwar,fewral aýlaryndan başga) ýaramly hasaplanypdyr. Geçmişde Hytaýdan başlanyp Ortaýer deňzine çenli,soňra Ýewropa barýan ,,Ýüpek ýoly” adyny alan ýol diňe täjirleriň,söwdagärleriň ünsüni çekmän, eýsem syýahat etmegi halaýanlaryň,jahankeşdeleriň höwes edýän ugry bilen belli bolupdyr. Bu ýol sähralaryň, çölleriň, daglaryň, derýalaryň,ilatly oturymlaryň üstünden geçipdir. Ortaýer, Hazar deňzi, Ýuwaş,Hindi,Atlantik ummanlary bilen hem baglanyşygy bolupdyr. Jahankeşdeler,täjirler Amul, Mary, Horezm,Parfiýa ýaly ýerleri baglanyşdyryp durupdyr.Täze Galkynyşlar, özgertmeler zamanasynda ol ýol gaýtadan

dikeldildi.Indi onuň ugry düýe kerwenleri bilen däl-de demir ýol, awtomobil,howa,suw ýollary arkaly birleşdirildi.

Türkmenistana gelýänleriň sany,onuň täsinlikleri bilen içgin tanyşmak,dynç almak,gezelenç etmek,saglygyny dikeltmek isleýänleriň möçberi bolsa has artýar. Şol nukdaýnazardan ýurdumyzda esasy syýahatçylyk, jahankeşdelik ýol-ugur görkezijileri hem olaryň ösen isleg-talaplaryna laýyk düzülýär.Ýol görkezijilerde daglar, dagaralary, jülgeler,çöllük ýerler,tebigy,medeni ýadygärlikler, şäherler, gadymy mesgenler teklip edilýär. Olaryň gyzyklanmalary esasynda gezelenç üçin şeýle ýol salgy berijiler saýlanylýar.Türkmenistanyň daglyk,dag etegi sebitleri bolan Köpetdag, Köýtendag, Uly we Kiçi Balkanlar, Bathyz-Garabil belentlikleri boýunça ugur,olarda täsin dag tebigaty, janly dünýä,tebigy ýadygärlikler-pisse, çynar, unaby,türkmen selmelegi ýaly ösümlikleri, haýwanlaryň seýrek görnüşlerini synlamak,Köpetdagdaky Arçabil, Gökdere, Manyş,Germap,Parhaý jülgeleri, ,,Ýedi dogan",Hür-hüri,Nohur şaglawuklary,Köwata ýerasty köli,Köýtendagdaky gadymy çynarlar, gowaklar (Gapgotan, Garlyk, Gülşirin, Aralyk), dinozawrlaryň aýak yzlary, Daraýy dere,Hojaýpil jülgeleri,dünýäde ýeke-täk duşýan ýerasty köldäki körbalyk, unaby jeňňelleri,Ummardere şaglawugy,Magtymguly etrabyndaky Aýdere,Çendir jülgeleri,Bathyzdaky gözellikler (Ýeroýlanduz, pisse tokaýlary, gulanlar), Balkanlardaky üýtgeşik tebigat görenleri haýran galdyrýar.Daglar dag sporty bolan alpinizm bilen meşgullanýanlaryň ünsüni özüne çekse gerek.

Türkmenistanyň Günbatar bölegi hem ähli babatda syýahatçylaryň arzylaýan ýeridir.Hazar deňzi-onuň baýlyklary,guşlary,düwlenleri,mylaýym deňiz suwy we howasy,tolkunlaryň täsin owazy we görnüşleri, ,,Awaza" milli syýahatçylyk seýilgähi, diýarymyzyň ajaýyp kölleri (Babahoja, Mollagara, Garabogaz, Guwlymaýak), läbik wulkanlary,

nebit,tebigy gaz,ýod,duz çykýan ýerleri göreniňe, synlanyňa degýän ýerlerdir.

Hormatly Prezidentimiziň ajaýyp başlangyjy we goldawy bilen ÝUNESKO-nyň,jahandaky tebigy ýadygärlikleriň sanawyna girizilmäge dalaş edýän Garagum çölümiz hem syýahatçylar üçin mynasyp ugurdyr.Ýurdumyzyň umumy meýdanynyň 80%-ine golaýyny tutýan Garagum ýylyň bütin dowamynda gyzykly ýerdir.Garagum aýratyn hem Martyň ortasyndan Maýyň ahyryna çenli aralykda ajaýyp görke gelýar.Täsin tebigy landşaft görnüşleri,ösümlik we haýwanat dünýüsiniň köpdürlüligi, üýtgeşik ýerüsti keşpleri (depeler, tümmejikler, aklaňlar), adamyň hojalyk işini alyp barşy we onuň pudaklary,Garagum we Türkmen derýalary,Altyn asyr-Türkmen köli,tebigy çöketlikler(Akjagaýa) jahankeşdeleri, syýahatçylary,tebigaty söýüjileri hemişe gyzyklandyrýan künjekdir. Garagumyň jümmüşindäki tebigy gaz,nebit,kükürt, duz,oda çydamly toýunlar, gurluşyk materiallary,güneşli howa,sazak,sözen,ýylgyn ösümlikleri we beýleki mallar üçin iýmlik dürli ösümlikler,dermanlyk otlar haýran galdyryjydyr.Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir we gara ýoly,Türkmenbaşy-Aşgabat-Mary-Türkmenabat-Farap halkara awtomobil ýoly,Tükmenabat-Atamyrat-Ymamnazar, Türkmenabat-Gazojak-Daşoguz ýollary hem Garagumyň üstünden geçýär.Olaryň her birini aýratynlykda bir ugur görkeziji hökmünde görkezmek bolar.Bu ýollaryň ugrundaky täsinlikleri synlamak syýahatçylar,jahankeşdeler üçin ýakymly täsir etse gerek (seret jetwel 2). Her biri aýratyn ugur bolup bilýän Mary,Köneürgenç,Nusaý gadymy medeniýetleriň ajaýyp merkezleridir.Olaryň üçüsi hem ÝUNESKO-nyň sanawyna girizildi. Gadymy taryhy medeni ýadigärlikleriň baş merkezleriniň biri Marydyr. Ol adybir welaýatyň merkezi bolmak bilen Täze Galkynyşlar zamanasynda özüniň ikinji ömrüne eýe boldy.Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen bu ýerde Ruhyýet köşgi,Kemine adyndaky teatry,keselleri

anyklaýyş we maslahat beriş merkezi, ,,Ene mähri” hassahanasy, 10 müň adamlyk stadion,welaýat ülkäni öwreniş

**Türkmenistanyň tebigy ýadygärligi resmi hukuk ýagdaýyny alan tebigy desgalar**

**Jetwel** №2

| Ady. gysgaça ýazgysy | Yerleşýän ýeri | Toparlara böliinişi | Türkmenistanyň tebigy ýadygärligi. hukuk ýagdaýy berlen kararyň |
|---|---|---|---|
| 1. Gapgotan gowagy | Köýlendag | Geologik- geomor- | 05.10.1966 ý. № 502 |
| 2.Daşýürek gowagy | Köýlendag | Geologik - geomor- | 05.10.1966 ý№ 502 |
| 3. Dim-dik gowagy | Köýtendag | Geologik- geomor- fologik. karsl | 05.10.1966 ý. № 502 |
| 4.Geofizik gowagy | Köýtendag | Geologik - geomor- | 05.10.1966 ý. № 502 |
| 5. Aralyk gowagy | Köýtendag | Geologik - geomor- fologik. karst | 05.10.1966 ý. № 502 |
| Haşymoýuk gowagy | Köýtendag | Geologik - geomor- fologik. karst | 05.10.1966 ý. №502 |
| 7. Dinozawrlaryň belent tekizligi | Köýtendag | Ýura döwri, geologiki | 03.08.1990ý№ 297 |
| 8. Ýabany düýeleriň we başga haýwanlaryň daşa öwrülen | Günbatar Köpetdag Garagöz | Ýura döwri, geologiki | 03.08.1990 ý. № 297 |
| 9. Köwata ýerasty köli | Baharly | Geologik- suw | 03.08.1990 ý. № 297 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 10. Arçabildäki geologik dik kesim | Merkez i Köpetd ag | Mel döwri | 03.08.1990 ý. №297 |
| 11. Gyzylçeşmedäki ýer üstüniň şekiliniň we gurlusynsň | Günbatar Köpetda g | Paleogen döwri, geomorfologiki | 03.08.1990 ý. №297 |
| 12.Ezzetdagdaky geologik dik kesim | Günbat ar | Miosen döwri. geomorfologiki | 03.08.1990 y. №297 |
| 13.Akdepedäki geologik dik kesim | Merkez i | Paleosen döwri, geomorfologiki | 03.08.1990ý. №297 |
| 14.Monjuklydaky geologik dikkesim | Günbat ar Köpetd | Geologik | 03.08.1990 *ý.Ns291* |
| 15.Garaýalçydaky grek hozly jülge. | Günbat ar | botaniki | 07.07.1987 ý. № 216 |
| L6.Garlykdaky pisse tokaýjygy 2 müň ga | Kaka etraby | botaniki | 07.07.1987 *ý.* №216 |
| 17. Garrygaladaky Sumbar jülgesiniň ,,pälwany" dub agajy | Magtym - guly | botaniki | 03.05.1999 *ý. Ns* 3/3281 |

mirashanasy,çagalar baglary,mekdepler,Döwlet energetika institutynyň täze jaýy,Mary howa menzili ulanmaga berildi.Mary welaýat kitaphanasynyň binasynyň gurluşygyna girişildi.Soltan Sanjaryň ýadygärlikler toplumynyň durky täzelenildi.Welaýat Baş metjidi ulanylmaga berildi.Geçmişde Gündogaryň uly şäherleriniň biri bolan Mary Mouru,Marguş,Margiana,Merw ýaly ençeme atlar bilen belli bolupdyr.Onuň meýdany 1500-1800 gektara ýetipdir diýen maglumatlar bar.Gadymyýetiň ösen ylmy,medeni merkezi hasaplanypdyr.Mary köp alymlaryň işlän,ýaşan ýerleri hasaplanýar.Merw kitaphanalarynda belli arap geografy Ýakuty işläp,özüniň ,,Mujaly al-buldan" (Ýurduň sözlügi) diýen kitabyny taýýarlapdyr. Jahankeşdeler Maryda ,,Mary DEB" ,

,,Mary şeker" önümçilik birleşikleri,haly kärhanasy,senagat merkezleri,Baýramaly şypahanasy,Soltan Sanjaryň ýadygärlikleri,Hoja Ýusup Hemedanynyň metjidi bilen tanyşyp,Garagum etrabyndaky ,,Marguş ýurduna", Goňurdepä syýahat edip bilerler.Welaýat merkezinde taryhy ülkäni öwreniş muzeýi,şäher gök bazary,dürli ýadygärlikler, myhmanhanalar,seýilgähler,saglyk merkezleri jahankeşdeleriň ünsüni çekjek ýerlerdir.Mary Türkmenistanyň günorta böleginde ýerleşýär.

Köneürgenç hem ajaýyp gadymy şäherleriň biridir.Bu ýere uçar,otly, awtomobil bilen gelip bolýar.Gadymy Horezm döwletiniň uly şäheri bolup geçmişde Jürjan,Gurgan,Gürgenç ýaly atlandyrylypdyr.Köneürgençde atlary dünýä dolan Al-Horezmi,Al-Biruny,Ibn Sina ýaly alymlar işläpdir.Şäherde Nejmeddin Kubranyň,Soltan Alynyň,Törebeg hanymyň,Tekeşiň we beýlekileriň mawzoleýleri, minaralar(Gutlug Temiriň minarasy beýikligi 70 m-e golaý),metjitler, ülkäni öwreniş mirashanasy,bazarlar syýahatçylaryň ünsüni özüne çeker.Häzir Hanýap kanaly şäheri ikä bölýär.Bu ýerde haly,külal,dürli senet önümçilikleri,un toplumy, gaýtadan işleýän senagat merkezleri bar.1984-nji ýylda şähere demirýol çekildi. Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň howandarlygynda Köneürgenç ýurdumyzda çalt ösýän şäherleriň birine öwrülýär.Halkara derejeli myhmnhanalar, medeni merkezler gurulýar.2008-nji ýylyň dekabrynda Hormatly Prezidentimiz Nejmeddin Kubranyň aramgähiniň ýanynda metjit gurmak baradaky permany çykardy.Metjidi türkmen-türk gurluşykçylary bilelikde gurýarlar.

Paýtagtymyzyň günbatar böleginde ÝUNESKO-nyň sanawyna giren Nusaý galasy ýerleşýär.Aşgabatdan 15 kilometr uzaklykdaky bu şäher geçmişde gadymy Parfiýa döwletiniň merkezi bolupdyr.Gadymy Nusaý özüniň täsin ýerde ýerleşmegi,b.e. öňki döwürlerden galan

tapyndylary,jaýlary,desgalary,soňky ýyllardaky edilen açyşlaryň netijesindäki arheologiki tapyndylary bilen haýran galdyrýar.Nusaýa golaý ýerde ,,Saglyk" ýolunyň,atçylyk toplumynyň bolmagy hem jahankeşdeleriň ünsüni çekýär.

Diňe Mary,Köneürgenç,Nusaý teklip edilýän syýahatçylyk ugry bolman,ýerli we dünýä ähmiýeti bolan ugurlary welaýatlaryň her birinden teklip etmek bolar.

Ahal welaýaty boýunça Baharly etrabyndaky Şähryslam, Änew,Abywert, Sarahs,Mäne baba,Daňdanakan ýadygärlikleri geçmişimiziň miraslarydyr. Şähryslam täsin jaýlary,suw geçirijileri,gadymy kerwensaraýlary bilen, Änew Seýit Jemaleddiniň metjidi bilen,Abywerd bazarlary,metjitleri,Mäne baba mawzoleýi bilen,Sarahs Abu-l-Fazlyň mawzoleýi,Daňdanakan 1040-njy ýylda Gaznawylar bilen Sljuklaryň arasynda bolan harby hereketleri bilen belli ýerlerdir.

Ýurdumyzyň günorta böleginde ýerleşen Mary Ýekedeşik (Ýekegowak), Ymambaba,Gammarbaba ýadygärlikler toplumy,Bathyz tokaýlyklary,Hindiguş suw elektrik bekedi(1910 ý.),Baýramaly şypahanasy,Ýolötendäki pagtaçylyk ylmy-tejribe merkezi,Murgap derýasynyň ugrundaky täsinlikleri,Daşköpri,Ýolöten, Oguzhan suw howdanlary,Baýramalynyň golaýyndaky gadymy galalaryň galyndylary,Serhetabadyň golaýyndaky ýurduň günorta nokady,Bathyz goraghanasynyň desgalary bilen tanyşyp bilerler.

Balkan welaýatynda Etrekdäki subtropiki ekinleriň hojalygy,Magtymguly etrabyndaky Aýdere,Sumbar,Çendir jülgeleri,Gerkez obasyndaky Magtymgulynyň mirashanasy, Şiblijan mawzoleýi,Türkmenistanyň ösümlikler dünýäsi instituty, Parhaý deresi,Goçmazar şaglawugy,Sünt-Hasardag goraghanasy we serpentariý, hurma tokaýlyklary, Garaçagyl, Mollagara şypahanalary, Hazar döwlet goraghanasy, Garabogazköl,Guwlyduz kölleri,täsin läbik wulkanlar,

Dehistan,Paraw ýadygärlikleri,gurulýan „Demirgazyk-Günorta” demirýol geçelgesiniň ugry, Garagum derýasy,Ýasga köli dürli täsinliklere baýdyr.

Lebap welaýatynyň çäklerinde Amyderýa, Repetek, Köýtendag goraghanalary, Garlyk gowaklary,Dinozawrlar platosy, Ummardere şaglawugy, Köýten obasynyň golaýyndaky unaby tokaýlary,ýerasty köldäki kör balyk,800 ýaşly çynarlar, gurulýan kaliý dökünler zawody, Astanababa,Idrisbaba,Daýahatyn ýadygärlikleri, Iljik, Düldülätlän gysylary, Amyderýanyň ugry, köprüler, Türkmenabat şäherindäki Ruhyýet köşgi, „Seýdi” adyndaky teatr, „Ene mähri”toplumy,10 müň orunlyk stadion,gurulýan taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi,çagalar baglary,mekdepler, egirme-dokma toplumlary, „Buýan” ylmy önümçilik birleşigi jahankeşdelere teklip edilýär.

Daşoguz welaýatynyň çäklerinde Gaplaňgyr goraghanasy,Sarygamyş köli, Aşyk aýdyň, Diýarbekir, Zamahşar, Ysmamyt ata,Ybraýym Edhem ýadygärlikleri, Köneürgençdäki „360 pir” ýadygärlikler toplumy,Türkmen derýasynyň ugry, Boldumsazdaky açyk asmanyň astyndaky muzeý,Kätli obasyndaky Görogly begiň atyny daňan güjümi,Gurbansoltan eje etrabyndaky M.Garlyýewiň, S.Bekiýewiň öý muzeýleri,Daşoguz şäherindäki haly fabrigi we bazarlary, „Andalyp” adyndaky teatr,keselleri anyklaýyş we maslahat beriş, „Ene mähri” merkezleri, Ruhyýet köşgi,aýlaw,10 müň orunlyk sport tpolumy,Türkmen oba hojalyk instituty, Daşoguz DEB-i,dokma toplumlary syýahatçylara ýatdan çykmajak duýgylary wada berýär.

Syýahatçylara,jahankeşdelere ýerlerde Watanyň Garaşsyzlygy,ar-namysy üçin janlaryny pida edenleriň,asylly zähmeti bilen yz galdyran ildeşlerimiziň,medeniýet, sungat, çeper döredijiligi bilen tanalýan adamlara dikel;dilen ýadygärliklere, ekerançylygyň ata-babalarymyz tarapyndan

miras galdyrylan görnüşleriniň ýetişdirilýän ýerleri bilen tanyşmagy hem maslahat bermek bolar.

Syýahatçylaryň,jahankeşdeleriň esasy üns berjek ýeri paýtagtymyz Aşgabat bolmalydyr.Paýtagtyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten sepgitleri barada beriljek gürrüňler özüne çekijiligi bilen tapawutlanmalydyr. Teatrlar,muzeýler, seýilgähler, medeni-durmuş desgalary,çüwdürimler, mekdepler, dünýä derejesindäki gurlan ýokary okuw jaýlary dürli görnüşdäki sport desgalary, „Ertekiler dünýäsi" seýilgähi,çagalaryň dynç alýan ýerleri(Gökdere,Arçabil, „Saglyk ýoly"), tebigat muzeýleri, Botanika bagy, Garaşsyzlyk, Bitaraplyk binalarymyz, Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen flagştok, kitaphanalar,ylmy-barlag edaralary, bazarlar, Aşgabat howa we demirýol menzilleri, Türkmenistanyň baş Milli muzeýleri, Sergiler köşgi, myhmanhanalar, şäheriň töweregindäki täsin künjekler, Garagum derýasy, Sport, Gurtly suw howdanlary,möhüm senagat düwünleri,zähmet adamlary bilen duşuşyklar,atçylyk toplumy,Halkara derejeli ýaryşlar guralýan stadionlar jahankeşdeleriň bu mähriban Diýara ýene-de gelmek höwesini artdyrýar. Türkmenistanyň myhmansöýer ilaty,tebigatynyň täsinlikleri we beýleki geň-enaýy ýerleri syýahatçylary hemişe kabul etmäge çagyrýar.

## §13. Beýik Galkynyşlar we Özgertmeler zamanasynda jahankeşdelik we syýahatçylyk işleriniň guralyşy.

Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasy Türkmenistanyň milli syýahatçylyk pudagynyň hem düýpli özgerýän ,galkynýan, ösýän eýýamyna öwrüldi. Türkmenistan Watanymyz dünýä syýahatçylaryny özüne çekýän ýurtlaryň hataryna goşuldy.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzy ykdysady , syýasy, medeni taýdan ösdürmek ugrunda her biri

aýratyn möhümligi bilen tapawutlanýan, giň gerimli işler alnyp barylýar.Halkara ähmiýetine eýe bolan syýahatçylyk we jahankeşdelik hem olaryň biridir.Häzirki zaman dünýäsinde döwletleriň köpüsinde syýahatçylyk , jahankeşdelik girdeji getirýän , adamlary iş bilen üpjün etmäge ukyply pudaklaryň biridir. Bu pudak tutuş dünýä boýunça 150 million adamyny dürli görnüşli iş bilen üpjün edýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň tebigatynyň peýdalanyş mümkinçiliklerini ýurtda syýahatçylyk , jahankeşdelik pudagyny ösdürmekde görýär. Bu mümkinçilikler esasan täsin we gudratly , tenekar howaly baý ösümlik , haýwanat , guşlar dünýäli , tebigy ýadygärlikli bir-birini gaýtalamaýan , ähli welaýatlarda giň ýaýran tebigy baýlyklarymyza daýanýar. Olar Türkmenistanda häzir düýpli özgerýän oba , şäherlerimize tanyşlyk , medeni –taryhy arhitektura ýadygärliklerine baryp görüp tanyşmak , tebigy sagaldyş merkezlerine , Amyderýa, Murgap, Tejen, Sumbar, Garagum, Türkmen derýalarynyň kenarlaryna we olaryň ugrundaky täsin tokaý-jeňňellere syýahat , dünýäniň tebigy hazynasynyň biri bolan Garagum çölüne syýahat , Hazaryň deňiz kenary , ,,Altyn asyr-Türkmen köli” kenaryna deňiz syýahatçylygy ýaly görnüşlerde bolan syýahatçylytk mümkinçiliklerimiziň belli bahasy ýokdur.Dünýä jahankeşdeleriniň dürli hili gyzyklanma bildirýän , syýahat etmegini halaýan ýerleriniň ähli görnüşleri Türkmenistanda ýeterlik bardyr.Tebigatyň täsin görnüşleri : ýerasty gowaklar , şaglawuklar, ýerasty köller we olarda ýaşaýan jandarlar , gadymy janly-jandarlaryň yzlary (dinozawrlar,düýeler,piller) , taryhy-medeni gymmatlyklar (Mary, Nusaý, Köneürgenç, Maşat-Misserian, Sarahs, Abiwerd we beýlekiler), tebigy gözelikler, çöli gelip görmedik we çöl düşünjesi bolmadyk adamlar üçin görmek islegi , ýyly deňiz suwy, saglyk üçin melhem dermanlyk ösümlikler bilen tanyşmak , goraghanalara baryp görmek ýaly amala aşyryljak mümkinçiligi olaryň iň

esasylarydyr.Olaryň islendigini saýlamak mümkinçiligi bolsa bu ýere gelen jahankeşdäniň özüne baglydyr.

Mollagara , Arçman, Ýylysuw, Baýramaly, Mirap, Farap, Gazojak, Daşoguz şypahanalary hem tebigatyň jomartlyk bilen eçilen täsin melhemhanalarydyr. Olar bir- birini gaýtalamaýan , syýahatçylaryň arzuw edýän ýerleridir. Hormatly Prezidentimiziň aýratyn tagallalary bilen olar döwrebaplaşdyryldy, dünýä ülňülerine laýyk getirildi, durky täzelendi.Bejergi bermek mümkinçilikleri ýokarlandyryldy, häziriki zaman lukmançylyk enjamlary bilen abzallaşdyryldy. Azyk , myhmanhanalar, gelip -gitmek üçin ulag ulgamy , aragatnaşygyň hilleri ýokarlandyryldy we dünýäniň ösen jahankeşdeliginiň talaplaryna ýetirildi.Daşky gurşawy goramak , ekologiýa meseleleri düýpli özgerdildi.

Türkmenistanyň syýahatçylyk , jahankeşdelik babatda iň esasy tebigy sebitleriniň biri Hazar deňziniň türkmen kenarydyr.

Mälim bolşy ýaly Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny döretmek hakyndaky karara gol çekdi.”Awaza”syýahatçylyk üçin täze mümkinçilikleriň açylýan ýeridir.Dynç almak, syýahat etmek, deňiz sporty bilen meşgullanmak , telekeçiligi ösdürmek isleýänler üçin amatly ýerleriň biridir. Karara laýyklykda zolagy döretmek üçin ýörite ýer bölünip berildi.Hormatly Prezidentimiz “Awaza’mlli syýahatçylyk zolagyny döretmek , onuň gurluşygyna başlamak bilen Türkmenistanda halkara syýahatçylygyň ösdürilmegine aýratyn badalga berdi.Bu ýerde ilkinji peýda bolan desgalar göreniň ünsüni çekýär.Bina edilmeli desgalar yzly-yzyna ulanylmaga berilýär.10-a golaý myhmanhana , ýokary amatlyklary bolan dynç alyş –sagaldyş merkezleri , sport desgalary , dürli görnüşli toplumlar , çüwdürimler eýýäm myhmanlary garşy alyp başlady.Ilkinji desgalaryň açylyş dabaralaryna gatnaşan

Hormatly Prezidentimiz täze toplumlary döretmek barada kararlara gol çekdi.

Kararlara laýyklykda emeli derýa, teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz suw çüwdürimleri, amfiteatrlar, çagalar üçin attraksion oýun meýdançalary awtoduralgalar, gök dynç alyş seýilgähleri maşgalalar üçin niýetlilenen dynç alyş öýleri , ýokary derejeli myhmanhanalar, deňiz suw sporty toplumlary , emeli lyžaly sport toplumy, söwda, sowgat almak üçin dükanlar, dürli tehniki desgalar, ýollar, ýanýodalar, yşyklandyryjylar, medeni-dynç alyş merkezleri döredilmeli.

,,Awaza” eýýäm hormatly myhmanlary kabul edsip başlady.Olaryň arasynda Russiýa Federasiýasynyň , Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Türkiýäniň, Täjigistanyň Prezidentleri,Özbegistandan,Türkiýeden,Azerbaýjandan, Täjigistandan, Russiýadan,Gazagystandan,Ukrainadan gelen meşhur artisitler, kompaniýalaryň ýolbaşçylary, Russiýa Federasiýasy-Gazagystan-Türkmenistan (sentýabr-2009) “Ýüpek ýoly” awtorallisine gatnaşyjylar, Halkara folklor, çagalaryň döredijilik toparlary we beýlekiler bar.

Türkmenbaşy, Serdar, ,,Çarlak”, ,,Watançy”, ,,Nebitçi” we beýleki myhmanhanalar ”Awazanyň” simwolyna öwrüldiler.Alnyp barylýan beýik gurluşyklar maýa goýum goýmak isleýän kompaniýalaryň bada-bat ünsüni özüne çekdi.Häzir “Awazada”20-den gowrak döwletiň kompaniýalary dürli gurluşyklary alyp barýar.Nesip bolsa ýakyn döwürde “Awazada”iş alyp barmak isleýänleriň sany köpeler ,olar kärhanalary , myhmanhanalary , garbanyşhanalary, restoranlary deňiz içine dynç syýahatlary , dynç alyş , hyzmat ediş ýaly köptaraply hyzmatlary hödürlärler.Bu ýerde işlemek isleýänleriň hasabyna täze iş orunlary döredilip ykdysady peýda berer.Watanymyzyň döwlet býujetine gelýän serişdeler köpeler.Iňňän girdejili syýahatçylygyň , jahankeşdeligiň milli pudagy dörär.

Hazaryň türkmen kenarynda alnyp barylýan işler Hormatly Prezidentimiziň”Döwlet adam üçindir” diýen adam hakyndaky aladasynyň bir bölegidir.Bu alada diňe Türkmenistanlylar üçin däl-de eýsem tutuş dünýäden gelýän jahankeşdeler üçin uly ähmiýete eýedir.Adamlar bu ýerde saglygyny dikelderler,medeniýetli dynç alarlar, sagdyn ýaşaýyş-durmuş şertlerinden,sport çärelerinden,gezelençlerden lezzet alarlar.

“Awaza” häzirden dünýä syýahatçylyk,jahankeşdelik pudagynyň merjen hazynasyna öwrülýär.

Halkara syýahatçylygy we jahankeşdeligi bilen Türkmenistanyň “Sport we turizm” döwlet komiteti , Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşygynyň merkezi, Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň merkezi geňeşi, medeniýet ministrligi, Olimpiýa komiteti, “Türkmensyýahat”, onuň ýerlerdäki bölümleri iş alyp barýarlar.Syýahat etmek, ozal görmedik ýerleriň bilen tanyşmak,olary görmek tebigatyň gözelliklerinden ganmak, adamzadyň döreden gymmatlyklaryny asyl nusgasynda synlamak her bir adama ýokary ruhy lezzet berýär,rahatlyk paýlaýar,dünýägaraýşyňy ösdürip ýaşamaga hyjuw döredip,kalbyňy giňeldýär,ruhy kuwwatyňy beýgeldýär,artdyrýar.

Geçmişde hem adamlar azyndan ýylda bir gezek öň barmadyk ,görmedik ýerlerine gelip görmegi (syýahat,zyýarat) wagyz edipdirler.Adam üçin dynç alşyň beýleki köp sanly görnüşleri bilen bir hatarda öz ömründe bir gezek täsin bazarlara,keramatly ýerlere,owadan şäherlere başga ýurtlara syýahat edipdirler.

Häzirki zaman dünýäsinde syýahatçylyga,jahankeşdelige bütin dünýäde bolşy ýaly Türkmenistanda hem üns güýçlendi. Syýahatyň, ahankeşdeligiň,dynç alyşyň medeniýati,ähmiýeti artýar. Esasy mesele syýahatçylygy gurnamak, medeniýetini ýokarlandyrmak, hyzmatyň hilini gowulandyrmak bolup

duryar.Hormatly Prezidentimiz bu döwletli işde adam hakyndaky aladany öňe sürýär.Ol syýahatçylyga diňe bir girdeji berýän iş hökmünde garaman iň bir ynsanperwer çäre hökmünde hem öňe sürýär.Oňa Hormatly Prezidentimiziň 2009-njy ýylda ýurdumyzyň ýaşulylary üçin (zyýarat etmek)Daşoguz-Balkan-Lebap-Mary-Ahal ugurlary boýunça uçarda,otluda,awtobusda guran syýahat ugruny mysal getirmek bolar.Türkmenistan Watanymyzyň jahankeşdelik syýahatçylyk pudagynyň mümkinçilikleriniň geljegi aýdyň we ýokarydyr.

## §14. "Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk" dersinde terbiýeçilik işleriniň dürli görnüşleri.

"Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk "dersi öz mazmuny boýunça terbiýeçilik mekdebidir.Ülkäni öwrenmek arkaly öz dogduk mekanyňy , etrabyňy , welaýatyňy, tutuş ýurdy ,dünýäni özleşdirmek , düşünip öwrenmek mümkin. Başgaça aýdylanda bir damja suwda tutuş ýer togalagyny göz öňüne getirip bolýar. Mugallym ülke maglumatlary arkaly okuwçylarda watançylyk duýgusyny , ruhy galkynyşy terbiýelemäge aýratyn üns bermelidir. Watançylyk , Watana söýgi, Hormatly Prezidentimize wepalylyk terbiýesi bütin okuw terbiýeçilik işiniň esasy özeni bolup hyzmat etmelidir. Kiçi ýaşly çagalar , okuwçylar, talyplar edil uly adamlar ýaly täze milli ruhy galkynyşyň duýgularyna ýugrulan ynsanlar bolup ýetişmelidir. Mähriban Watanymyzyň hiç bir döwletiňkä meňzemeýän öz boluşly ösüş ýoly ýaşlaryň aňynda , ýüreginde mynasyp orun almalydyr. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Täze Galkynyşlar zamanasyna özüniň Hormatly Prezidentiniň ýolbaşçylygy bilen asuda , agzybir, jebis ýurt hökmünde dünýä nusgalyk ugur bilen ynamly gadam basdy.Şeýle döwlet rysgal- bereketiň ojagy , jebisligiň , güýç kuwwatlylygyň özara bähbitli döwletlerara hyzmatdaşlygyň

mekanydyr.Ýurdymyzda amala aşyrylýan beýik işler , döwletimiziň, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryndaky gazananlary Hormatly Prezidentimiziň ady bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.Watana , Hormatly Prezidentimize wepalylyk terbiýesi okuw terbiýeçilik işleriniň içinden eriş- argaç bolup geçmelidir , ony ýaşlarymyzyň aňyna guýmak işi bolsa mugallymlaryň jana – jan wezipesi , borjudyr.

Ülkäni öwrenişde berilýän ykdysady terbiýe hem döwrümiziň ösýän talaplaryny ödemelidir.Ykdysady ösüşlerimize aýgytly täsir ýetirýän tebigy baýlyklarymyz,öz zähmetleri bilen döredilýän maddy ,medeni gymmatlyklar,senagat,oba hojalyk ,ulaglar toplumlaryndaky desgalar ,olara harç edilýän maýa goýumlary ,okuwçylarda ,talyplarda buýsanç ,söýgi döretmelidir.Tebigatyň eçilen baýlyklaryny tygşytly ,netijeli peýdalanmak, aýawlylyk,tygşytlylyk terbiýesi mekdep partasyndan başlanýar.Okuwçy öz öýüniň,obasynyň, etrabynyň welaýatynyň,ýurdunyň ösüşini öz gözi bilen görýär,bilim-terbiýesini alýar.Okuwçy ,talyp we beýleki ýaşlar öz Watanynyň ykdysady ösüşlerinden habarly bolmalydyr.Ilata mugt ulanylmaga berilýän(1993-nji ýyldan bäri) tebigy gaz,elektrik energiýasy, içimlik suw, nahar duzunyň gymmatyna düşünip ,olaryň peýdalanylşyna aýawly çemeleşmek endiklerini öwrenmelidir.

Akyl terbiýesi,zähmet terbiýesi utgaşykly öwredilmelidir.

Okuwçy talyp giň düşünjeli ,akylly-başly,düşbi ugurtapyjy,päk göwünli bolup, zähmetde taplanmagy döwrüň talabydyr.Bu terbiýeler ynsan entek ýaş wagty olaryň kalbyna goýulyp başlanýar.Zähmet terbiýesinde meşhur şahsyýetleriň durmuş tejribesi barada gürrüňlerden başlanýar. Türkmenistanyň Gahrymanlary M.Sopyýew, S.Rozmetow, M.Kulyýewa ýaly ýaşulylarymyzyň zähmet durmuş ýollary görelde mekdebi bolmalydyr.

Esasy terbiýeleriň biri gözellik terbiýesidir.Munda okuwçylar, talyplar öz ýurdunyň tebigat dünýäsi dürli, biri-birine gaýtalanmaýan gözelliklere baýdyr.Tebigat gözellikleri medeni we ruhy gözellikler,(haly,sungat eserleri,taryhy-arhitektura,medeni ýadygärlikler, amaly-haşam,çeper edebiýat,halk döredijiligi , beýleki ruhy baýlyklar bilen ygtaşyp) , adamyň yhlasly zähmeti netijesinde döredilen binalar bilen goşulyp ruhybelent nesilleri kemala getirýär.Gözellik terbiýesi adama ruhy lezzet berýär,onuň daşky we içki gözelligini baglanyşdyrýar.Gözellek terbiýesiniň berlişindäki esasy serişdeler tebigy ýadygärlikler,söz sungatynyň önümleri-kitaplar,aýdym-saz,halk döredijiligi-folklor,milli oýunlar,saz gurallary,jana tenekar topragy,suwy,howasy, topragy,janly tebigat dünýäsi hasaplanýar.Nesillerimize berilýän gözellik terbiýesini ýokary hilli ýola goýmakda ähli okuw-terbiýeçilik edaralary bilen bir hatarda “Ülkäni öwreniş” ýörelgelerine eýerip joşgunly zähmet çekýän mugallymlara döwlet derejesinde uly orun berilýär.Hormatly Prezidentimiz bu meselede Gökderede, ”Awazada”,paýtagtymyz Aşgabatda, welaýatlarda tebigatyň iň gözel ýerlerini çagalara berip şahsy görelde görkezýär.

Beden terbiýesi hem bu terbiýe bilen utgaşyp berk bedenli ,sagdyn, kuwwatly,gaýratly,dürli ýagdaýlara çydamly adamlary ýetişdirmäge gönükdürilýär.Beden terbiýesi adam bedeniniň sagdyn ösmegine,şähdaçyk, şadyýan bolmagyna,tertip-düzgünli, dost-doganlygy pugtalandyrmaga, jebislige, Watany goramaga gönükdirilendir.Sport ýaryşlary,”Saglyk”ýollaryna guralýan ýörişler, Halkara sport bäsleşiklerine gatnaşmak,özüňi her hili ýagdaýlarda synap görmek adamyň mümkinçiliklerini ösdürýär.

Hormatly Prezidentimiz”Döwlet adam üçindir” diýen maksatnamany öňe sürdi.Türkmenistanyň ähli ýerleri ägirt uly gurluşyk meýdanyna öwrüldi.Gurulýan senagat ,oba hojalyk, ulag-aragatnaşyk desgalary,ýaşaýyş jaýlary,çagalar baglary,

mekdepler,okuw jaýlary,şypahanalar, sagaldyş öýleri medeni-durmuş desgalary,söwda nokatlary, stadionlar, aýlawlar, myhmanhanalar,suw desgalary, ýollar, köprüler, täze döreýän etraplar adama niýetlenendir.Iş haklarynyň , talyp haklarynyň , pensiýalaryň, kömek pullarynyň, yzygiderli ýokarlandyrylyp durulmagy adam hakyndaky aladadyr.Tebigy gazyň , elektrik energiýasynyň, içimlik agyz suwynyň, nahar duzynyň , mugt ulanmak möhletiniň 2030-njy ýyla çenli uzaldylmagy , zähmet rugsatlarynyň köpeldilmegi , Türkmenistanyň her bir raýatynyň toýuna kömek berilmegi , Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň her birine edilýän alada bolsa Watana , Hormatly Prezidentimize kanuny buýsanç , söýgi döredýär.Hormatly Prezidentimiziň daşyna berk jebisleşip ,oňa wepalylygymyzy işimiz bilen berkidip Watany, halky söýüp , Täze Galkynyşlar Zamanamyza guwanyp ýaşamak , işlemek mukaddes hem beýik mertebedir.Ony ýaşlaryň kalbyna “Ülkäni öwrewniş we syýahatçylyk ”dersini öwretmek arkaly ýetirmek bolsa mugallym üçin hem bagtdyr hem borçdur.

# EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat TDNG. 2007ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat TDNG. 2007ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Aşgabat TDNG. 2007ý.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat TDNG. 2007ý.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat TDNG. 2007ý.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat TDNG. 2008ý.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat TDNG. 2008ý.
8. „ Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň,
9. etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş- ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy“ Aşgabat. 2008ý.
10. Türkmenistanyň Baş kanuny. Aşgabat 2008 ý.
11. „Bilim hakynda“ Türkmenistanyň Kanuny.Türkmenistan gazeti.20.08.2009
12. Строев. К.Ф. Краеведение, Москва. 1984
13. Охапкин Ф.П. Гюрин. В. Н. Практикум по краеведению. Москва. 1970
14. Энциклопедческий словарь юного географа – краеведа. Москва. 1981

15. Дик Н.Е. Валишин Ю.И. Географическая экспозиция школьного музея. Москва. 1979
16. Методика обучения географии в средней школе. Под. редак. А.Е. Бибик и др. Москва. 1975
17. Gurbanow Ö, Arnageldiýew A. Ülkäniň tebigatyny öwrenmek. Aşgabat 1996 ý.
18. Atanyýazow S. Ýeriň dili. Aşgabat 1971
19. Atanyýazow S. Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi. Aşgabat, 1980
20. Atanyýazow S. Söz mülküne syýahat. Aşgabat, 1982
21. Türkmen S.E. I-X Tomlar. Aşgabat 1974-1988ý
22. Weýsow K. Türkmenistanyň fiziki geografiýasy. Aşgabat 1991
23. Türkmenistanyň „ Gyzyl kitaby“ I-II Tomlar. Aşgabat 1999.
24. Baýramow N. Mähriban tebigat. Aşgabat 1985
25. Babaýew A. Ýaş turistler üçin Türkmenistan boýunça gysgaça ýol salgy beriji. Aşgabat 1971
26. Hojanyýazow S. Türkmenistan „Beýik ýüpek ýolunyň“ ugrunda. Aşgabat 1990
27. Чернихова Е. Я. Учебные экскурсии по географии. Москва. 1980
28. Klýuşkin Ýe.A. Ýyl boýy güneşli gülli ülke. Aşgabat 1980
29. Durdyýew S. „Türkmenistanyň aýratyn goralýan ýerleri“ Aşgabat 2004

## Mazmuny

Giriş..........................................................................................7
§1. Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynyň Bilim ulgamynda ülkäni öwrenişiň we syýahatçylygyň orny..........................................................................................13
§2.Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk dersiniň ösüş taryhy..........................................................................20
§3. Mekdep ülkäni öwrenişinde dogduk mekany öwrenmegiň meýilleşdirilişi................................................27
§4..Öz ýaşaýan ýeriňiň ilatyny we hojalygyny öwrenmek......33
§5. Öz ýaşaýan ýeriňi öwrenmegiň görnüşleri.......................40
§6. Mekdep ülkäni öwreniş mirashanasy...............................48
§7. Mekdep geografiýa derslerinde ülkäni öwreniş............57
§8.Öz ýaşaýan welaýatyňy öwrenmek (etrap, welaýat, döwlet)……………………………………………………70
§9. Ǘlkäni öwreniş boýunça ýumuşlary taýýarlamagyñ usullary……………………………………………………76
§10. Türkmenistanda syýahatçylygyň ösüşi...........................85
§11. Türkmenistanyň syýahatçylyk, jahankeşdelik ähmiýetli baýlyklary............................................................92
§12. Türkmenistanda esasy syýahatçylyk,jahankeşdelik ýol-ugur görkezijileri.........................................................102
§13. Beýik Galkynyşlar we Özgertmeler zamanasynda jahankeşdelik we syýahatçylyk işleriniň guralyşy..............110
§ 14. “Ülkäni öwreniş we syýahatçylyk” dersinde terbiýeçilik işleriniň dürli görnüşleri.....................................................115
Edebiýatlar..........................................................................119
Mazmuny……………………………………………………121